GURTNYÝÂZ HANMYRADOW
OGULNABAT ÇARYÝEWA

# TÝRKMENISTANYŇ TARYHYNYŇ ÇEŞMEŞYNASLYGY

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat - 2010**

G.Hanmyradow, O.Caryýewa. **Türkmenistanyñ taryhynyñ çeşmeşynaslygy.** Ýokary okuw mekdepleriniñ taryh hünäriniñ talyplary üçin synag okuw kitaby. 154 sahypa. Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty J. Annaorazowyň ylmy redaksiýasy bilen.

Syn ýazanlar:
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniñ arheologiýa we etnologiýa kafedrasynyñ dosenti B. Esenow.

**© G.Hanmyradow, O. Caryýewa.**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky mugallymçylyk instituty**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

# Giriş

**Çeşmeşynaslygyň dersi.** Taryhy çeşmeleriň döreýşiniň we soňky döwürde oňa girizilen özgerişleriň taryhyny, onuň dolulygyny, takyklygyny, ygtybarlylygyny bilmezden adamzat jemgyýetiniň taryhyny dogry beýan edip bolmaz.

Taryhy çeşmelerden ygtybarly taryhy maglumatlary almaklyk örän çylşyrymly we köptaraplaýyn işdir. Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin ylmy akyl ýetirmäniň birnäçe usullary we usulyýeti ulanylýar.

Ylmyň ösüşiniň her bir täze başlangyjynda öňküden tapawutly, has kämil usulyýet we usullar peýdalanylýar.

Çeşmeşynaslygyň usulyýeti-bu barlagçynyň çeşmä akyl ýetirmek üçin ulanýan ylmy kadalarydyr, serişdeleridir, başarnyklarydyr. Ýagny, usullar akyl ýetirme mahalynda barlagçynyň özüni alyp baryş ugurlarydyr.

Çeşmeşynaslygyň usulýeti diýen aňlatma has giň meseleleri öz içine alýar. Usulyýet bu haýsy-da bolsa bir ylmy meseläni çözmek üçin ulanylýan usullaryñ jemidir. Kähalatda usulyýet we metodologiýa diýen aňlatmalary sinonimler hökmünde hem ulanýarlar. Hakykat ýüzünde metologiýa aňlatmasy usulyýetden has giň many berýändir. Ol akyl ýetirmäniň ugurlarynyň düzümini, logiki gurluşyny, sazlaşygyny, usullaryny we serişdelerini özünde jemleýär.

Usulyýet usullary ulanmakda toplanan tejribäni umumylaşdyryp, olaryň jeminiň netijiligini artdyrmagyň ýollaryny görkezýär. Usulyýetiň nazaryýeti ol ýa-da beýleki usullar ulanylýan wagtynda toplanan tejribe esasynda barha baýlaşýar, çuňlaşýar. Başga söz bilen aýdylanda çeşmeşynaslygyň usulyýeti-bu taryhy çeşmelere akyl ýetirmek nazarýetidir. Usulyýet derňelýän taryhy çeşmäniň aslyna, köküne akyl ýetirýär.

Çeşmeşynaslygyň usulýeti dünýä akyl ýetirmäniň usulýeti, filosofiýa, logika, psihologiýa bilen düýpli

baglanşykda bolýar. Şol ylymlaryň gazananlaryna daýanyp çeşmeşynaslygyň usulýeti taryhy çeşmelerden geçmişde bolup geçen taryhy hadysalar barada maglumatlary almagyň, olary seljermegiň we olara akyl ýetirmegiň ýörelgelerini we serişdelerini işläp düzýär we olary yzygiderli kämilleşdirýär.

Taryhy çeşmeşynaslygyň usulýetiniň wezipeleri:

1.Çeşmeşynaslygyň dersini we çäklerini, onuň beýleki taryhy, ynsanperwerlik we tebigy bilimler, täze tehnika we tehnologiýalar bilen gatnaşyklaryny, şol gatnaşykda çeşmeşynaslygyň ornuny kesgitleýär;

2. Taryhy hadysalary öwrenmekde çeşmeşynaslygyň ornuny takyklamak;

3. Geçen taryhy hadysalary, wakalary biziň aňyýetimizde täzeden dikeltmek münkinçilikleriniň çäklerini açmak;

4. Taryhy çeşmeşynaslykda ulanylýan adalgalaryň sanawyny we mazmunyny kesgitlemek;

5. Taryhy fakt diýen düşünjäni kesgitlemek we taryhy hadysany täzeden dikeltmekde onuň ornuny görkezmek;

6. Taryhy çeşmeleri öwrenýän amaly taryhy dersleri takyklamak, olaryň ulanylmaly ýerlerini kesgitlemek;

7. Taryhy çeşmeşynaslygyň taryhy usulýet we umumy filosofik hem-de nazarýet bilimleri bilen gatnaşygyny kesgitlemek.

Taryhy çeşmeşynaslygyñ usulýeti ýokarda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen taryhça çeşmeleriň üstünde işlän mahalynda aşakdaky takyk meseleleri çözmäge ýardam berýär:

1. Taryhy çeşmeleri gözläp tapmak we olary toplamak. Oňa (gr.hemrisko-tapýaryn) ewristika diýilýär;

2. Taryhy çeşmäniň tekstini okamak, ilkibaşda ýazylan we soň goşulan tekstleri saýgarmak;

3.Çeşmäniň gelip çykyşyny (awtoryny,wagtyny, ýerini, onuň düzülmeginiň maksadyny, nähili ýagdaýlarda düzülendigini) anyklamak;

4.Çeşmeşynaslyk derňewini geçirmekligi, ýagny maglumatlaryň dolulygyny, ygtybarlylygyny, takyklygyny, awtoryň syýasy we aňyýet garaýyşlaryny takyklamak. Oňa germenewtika (gr. hermenemtike – teswirleme) diýilýär;

5.Çeşmeşynaslyk sintezini (gr.sinthesis-birleşdirme, bileleşdirme, düzme ) geçirmek, ýagny taryhy çeşmelerde saklanyp galan taryhy faktlaryň özara gatnaşygyny anyklamaga, olary deňeşdirmek esasynda jemlemek, ýetmeýän böleklerini anyklamak.

Taryhy çeşmeleri öwrenmegiň usulýeti we usullary köp sanly goşmaça amaly taryhy we çeşmeşynaslyk ylymlaryň gazananlaryna daýanýar. Şolardan birnäçesiniñ atlaryny getirmek bolýar. Poleografiýa (ýazgynyň grafiki aýratynlyklaryny), diplomatika (resminamanyň formulýarlaryny öwrenýär), tekstologiýa (wagtyny, ýerini, awtoryny, ygtybarlylygyny), arheografiýa (resminamalary beýan etmek, teswirlemek, çapa taýýarlamak), informatika (informasiýany gözlemegiň usullaryny açmak), epigrafika ((gr. epigraphe-ýazgy) daşa, gaýa, palçykdan edilen zatlara ýazylan ýazgylary öwrenmek), filigranowedeniýe (fr. filigrane– изучение водяных знаков бумаге ), kriptografiýa –“gizlin ýazgy”, (gr. kriptos-gizlin, ýapyk), sfragistika(gr. sphrags – peçat-möhür), geraldika (lat. heralds –gerbleri öwrenmek), numizmatika (lat-numisma – moneta –pul, şaýy), bonistika (fr. bonistique – bony – бумажные денежные знаки, боны ) we beýlekiler çeşmeşynasyň giňden ulanýan amaly taryhy ylymlarydyr.

**Çeşmeşynaslygyň usulýetiniň öwrenilşiniň taryhy we ugurlary.** Taryhy çeşmeleriň usullarynyň we usulyýetiniň şineleri iň gadymy, aýratyn-da grek rim taryhçylarynyň işlerinde döräp başlaýar. Olar taryhy çeşmeleriň ygtybarlylygyna, faktlary toslamalardan tapawutlandyrmaga, rowaýatlardan taryhy hakykatyň dänejiklerini gözlemäge synanyşypdyrlar. Mysal üçin, Orta Aziýada hiç wagt bolmadyk

taryhyň atasy Gerodot häzirki Türkmenistanda ýaşaýan taýpalar barada eşiden hekaýatlaryny, şol sanda hamala bu ýerde batgalyk we daglyk ýerlerde geçi aýakly ýa-da ýeke gözli adamlar ýaşaýarmyş diýen toslamalary getirip, şol bir wagtda oňa özüniň ynanmaýandygyny belläýär.

Orta asyrlarda dini garaýyşlaryň jemgyýetçilik durmuşynda, şol sanda taryh ylmynda-da uly orun tutandygy sebäpli bu döwürde grek-rim taryhçylarynyň ýeten derjesinden ep-esli pese gaýdyşlyk ýüze çykýar. Bu döwürde taryhy çeşmelere tankydy göz bilen çemeleşmän, olara mukaddes zat hökmünde seredip, köre-körlük bilen ynanmaklyk, rowaýatlary taryh hökmünde kabul etmeklik endige öwrülýär.

Galkynyş döwründe ýewropada taryhy hat-da dini çeşmelere-de tankydy göz bilen çemeleşmek täzeden ornaşyp başlaýar.

XVIII-XIX asyrlaryň dowamynda taryhy çeşmeşynaslygyň usullaryny we usulýetini öwrenmekde ägirt uly öňe gidişlik ýüze çykdy. Emma dini garaýyşlardan ugur alýan bu döwrüň çeşmeşynaslarynyň birnäçesi taryh ylmynda-da edil tebigy ylymlarda bolşy ýaly taryhy faktlary ýüze çykarmak esasynda taryhy hadysalary edil bolşy ýaly beýan etmek bolar diýen pikirden ugur alýardylar. Olar jemgyýetde bolýan wakalaryň tebigatdakydan has köp gatnaşykda bolýandygyny, tebigaty öwreniş ylymlaryndaky ýaly taryhy hadysalary täzeden dikeldip bolmaýandygyny, taryhy çeşmäni ýazan adamyň özüniň şahsy ýa-da syýasy bähbidiniň bolmagynyň, onuň öz tekstini belli bir taryhy şertlerde döredip, şol şertleriň bolsa tekstiň mazmunyna güýçli subýektiw täsir ýetirip biljekdigini ünsden düşürýärdiler. Netijede olaryň garşydaşlary ýokarda aýdylan pikirleri öňe sürüp, hiç wagtda hakyky taryhy ýazmak mümkin däl, taryh bu toslama we rowaýatdyr diýen pikiri öňe sürdüler.

Emma eýýam XIX asyryň başynda birnäçe ýewropaly awtorlar taryhy çeşmelerde sözlere, olary gramatik we taryhy

nukdaýnazardan düşündirilişe hem-de onda ýazylan zatlaryň näçeräk derejede hakykata gabat gelýändigine tankydy taýdan çemeleşmegiň gerekdigi barada pikirleri öňe sürüpdirler.

XIX–XX asyrlaryň sepgidinde fransuz alymlary Ş.Langlua we Ş.Senýebos, soňra beýleki alymlar hem çeşmeşynaslygyň häzirki zamanda-da ulanylýan täze usullaryny we usulýetlerini işläp düzdiler.

Olar taryhy çeşmeleriň daşky-ýüzleý öwrenilişi we çuňňur-içki öwrenilişi diýen düşünjeleri girizdiler. Soňky ýyllarda teksti ýazan awtoryň ýaşan döwründe adamlaryň daşky hadysalara düşüniş psihologiýasyny göz öňüne tutmak gerekdigi barada ýörelgeler işlenilip düzüldi.

Häzirki döwürde ylym we tehnika örän uly ädimler bilen öňe gitdi. Şonuň üçin fizikanyň, himiýanyň, kompýuter tehnologiýasynyň kömegi bilen taryhy çeşmäniň näçeräk derejede taryhy hakykata gabat gelýändigini takyklamak mümkin, diýmek amaly taryhy çeşmeşynaslyk daşky täsirlere bagly däldir diýen pikirleri täzeden öňe sürýän adamlar hem bar. Emma hakykat ýüzünde taryhy hadysa bolşy ýaly görnüşde täzeden dikledilip bilinmez, emma biz taryhy hakykaty has takygrak anyklamak ýolundadyrys.

Türkmenistanyñ ýokary okuw mekdepleriniñ taryh hünäriniñ talyplary üçin niýetlenilen “Türkmenistanyñ taryhynyñ çeşmeşynaslygy” atly okuw kitaby türkmen dilinde ilkinji gezek ýazyldy. 48 sagatlyk umumy okuw sapagyna niýetlenilen okuw dersiniñ nazary meselerini seljermek we beýan etmek üçin bu ugurdan neşir edilen düýpli işlerden, şeýle hem Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ il-ýurt bähbitli eserlerinden, amala aşyrýan özgertmeleriniñ many-mazmunyndan, netijesinden, kabul eden Kararlaryndan ugur alyndy. Kitapda ýokary okuw mekdeplerinde “Türkmenistanyñ taryhynyñ çeşmeşynaslygy” dersi okadylanda talyplaryñ taryhy wakalary giñişleýin öwrenmeklerine, taryhy wakalar hakynda gürrüñ berýän

çeşmeler, olaryñ görnüşleri, aýratynlyklary, olardan peýdalanmagyñ ýollary we beýlekiler hakynda gürrüñ edildi.

Okuw kitaby Türkmenistanyñ taryhy barada maglumat berýän çeşmeleriñ esasynda ýazyldy. Kitapda taryhy çeşmeleriñ görnüşleri, iñ gadymy, gadymy döwür, orta asyrlar, we XVII asyrdan häzirki günlerimize çenli maglumat berýän çeşmeler öz beýanyny tapýar.

Okuw kitaby Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň dosenti Gurtnyýaz Hanmyradow bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniñ Türkmenistanyñ taryhy kafedrasynyň uly mugallymy Ogulnabat Çaryýewa tarapyndan ýerine ýetirildi. Bu okuw kitaby Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniñ Türkmenistanyñ taryhy kafedrasynda ara alnyp maslahatlaşylandan soň uniwersitetiň Alymlar geňeşi tarapyndan çap etmäge hödürlenildi.

# I BAP. ÇEŞMEŞYNASLYK YLMYNYÑ USULYÝET WE NAZARYÝET ESASLARY

## § 1. Türkmenistanyñ taryhy boýunça çeşmeleriñ görnüşleri.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy barada maglumat berýän geçmişiň her bir ýadygärligi taryhy çeşme hasap edilýär. Golýazmalar, neşir edilen kitaplar, gurulan ymaratlar, gündelik ulanylýan enjamlar, gadymy däp-dessurlar, adamlaryň sözleýiş dilinde saklanyp galan gadymy sözler şularyn hemmesi-de geçmişiñ taryhy galyndylarydyr.

Ol taryhy çeşmeler belli bir taryhy şertlerde döredilendir. Şolary döreden adamlar hem öz şahsy bähbitlerini arapdyrlar. Şonuň üçin taryhy çeşmelere tankydy göz bilen seretmek hökmany zerurlykdyr. Sebäbi taryhy çeşmelere tankydy nukdaý nazardan çemeleşmeseň ýa-da olary bir taraplaýyn ulansaň hakyky taryhy ýazmak mümkin däldir.

Ylymda taryhy çeşmeleri iki topara: ýagny taryhy galyndylara we taryhy däplere bölýärler. Taryhy galyndylar-bu adamlaryň hut öz ýaşan döwürlerinden galan göni şaýatnamalardyr (resminamalar, pullar, binagärlik ýadygärlikleri, durmuşda ulanylan zatlar we ş.m). Taryhy däplere haýsy-da bolsa bir taryhy wakanyñ döwürdeşleri ýa-da olaryň nesilleri tarapyndan ýazmaça beýan edilen çeşmeler girýär.

Taryhy däplerde adamlar wakanyň öz aňynda nähili täsir galdyranyny ýazýarlar. Diýmek, ol dogry ýa-da nädogry bolup biler. Şonuň üçin alymlar taryhy galyndylary taryhy däplerden has ygtybarly çeşme diýip hasap edýärler. Emma taryhçy çeşmeleriň iki toparyndan hem peýdalanmalydyr.

Eýýäm taryh ylmynyñ gözbaşynda taryhçylar köp sanly çeşmeler bilen bilen iş salşypdyrlar. Soñky döwürde olaryñ görnüşleri we mukdary her ýylda barha köpelip başlaýar. Şolaryñ ähmiýetlilerini we ygtybarlylygyny seljermek üçin taryhçylar olary birnäçe toparlara bölmäge mejbur bolupdyrlar. Ilkibaşda bu toparlara bölünmeler örän ýöntem bolupdyr. Diñe XIX asyrda ýewropaly alymlar I.G.Draýzen, E.Berngeým we başgalar çeşmeleri ylmy esasda toparlara bölüp başlapdyrlar. Olar çeşmeleri esasy iki topara-medeniýetiñ galyndylaryna (tapyndylar) we taryhy (däp) hekaýata bölýärler. Eger-de tapyndylar bolup geçen hadysa bilen gönüden-göni baglanyşykly faktlary özünde jemleýän bolsa, taryhy hekaýat şol bolan hadysanyñ dilde beýan edilmegidir. Olaryñ pikiri boýunça galyndylar (tapyndylar) taryhy wakany dogry suratlandyrýar, taryhy hekaýat bolsa ol ýa-da başga derejede hakykaty ýoýýar. Sebäbi taryhy hekaýat haýsy-da bolsa bir şahsyýetiñ subýektiw garaýşyny beýan edýär.

Häzirki wagtda taryhy çeşmeleri indiki esasy görnüşlere bölýärler: 1)Maddy (goş-golam we ş.m.), 2)Etnografik, 3)Lingwistik, 4)Agzeki (dilden ýa-da folklor), 5)Ÿazuw çeşmeleri 6) Arhiw resminamalary.

Bu görnüşleriñ içinde-de taryhy çeşmeleriñ gelip çykyşy, görnüşi, mazmuny we başga aýratynlyklary esasynda has kiçi toparlara bölmek mümkindir.

**Maddy çeşmeler**. Olaryň içinde iň esasysy arheologik ýadygärliklerdir. Öň belläp geçişimiz ýaly adamzadyň taryhy 2,5-3-mln ýyl dowam edýän bolsa, iň gadymy ýazuw diňe b.e.öň. III müňýyllyklarda döräpdir. Diýmek adamzadyň taryhynyň iň köp dowam eden iň gadymy bölegine biz diñe arheologik barlaglaryň netijesinde baha berip bilýaris. Köp halklaryň şol sanda türkmenleriň taryhy baradaky ýazuw çeşmelerinin köpüsi dürli sebäplere gorä saklanyp galmandyr. Şonuň üçin hat-da orta asyrlar barada-da biz köplenç diňe arheologik tapyndylar esasynda netije çykaryp bilýäris.

Alymlar Türkmenistany açyk meýdandaky arheologik muzeý diýp atlandyrýarlar. Türkmenistanda iñ gadymy, gadymy we orta asyrlara degişli dünýä belli arheologik ýadygärlikler bardyr. Olardan iň bellileri-Jeýtun, Änew, Altyndepe, Könürgenç, Merw, Sarahs, Maşady-Misserian bellemäge mynasypdyr.

**Etnografik çeşmeler**-bular halklaryň gadymy döwürde bolan däp-dessurlary, hojalyklary, egin-eşikleri, öý goşlary barada düşünje döredýärler. Mysal üçin, maldarçylyk, ekerançylyk, balykçylyk bilen baglanşykly däpler, esbaplar, galyň almak, gan almak, hundarlyk we ş.m. zatlar köp halklarda, şol sanda türkmenlerde-de bolan zatlar. Etnografik materiallary taryhy işlerde ulanmak üçin etnografiýadan başyň çykmalydyr.

**Lingwistik çeşmeler**-toponomika lingwistik çeşmelerden iñ ygtybarlylarynyñ biridir. Obalaryň, derýalaryň, depeleriň atlarynyň haýsy-da bolsa bir taryhy wakalar bilen baglanşykly bolmagy mümkindir. Emma ony anyklamak üçin lingwistikadan gowy başyň çykmaly.Ýogsam köplenç rowayat ýa-da tötänleýin meňzeş düşunjeler esasynda uzaga gidýän netijeler çykarylýan wagtlary hem gabat gelýä.

**Agzeki çeşmelere**–rowaýatlar, eposlar, kyssalar, aýdymlar, tymsallar, nakyllar we ş.m. degişlidirler. Olar türkmen halkynda-da giňden ýaýrandyr. Bu iň gadymy zamanda döräp, bolan wakalar barada şaýatnamalary nesilden-nesile habar bermek usulydyr. Elbetde ýatdan aýdylanda birnäçe wakalaryň ýoýulmagy mümkin. Emma sowatsyz adamlaryň mehaniki ýatkeşligi kitap okaýan adamlaryňka seredeniňde has ýokary bolýar. Şonuň üçin kyssaçy bagşylar ägirt köp tekstleri ýatdan gürrüň berip bilýärler. "Oguznama", "Gorkut ata", "Nejep oglan", "Görogly" olaryň içinde iň meşhurlarydyr. Biz Myraly, Keýmir kör, Kemine, Isgender Žülkarneýn, Nedir şa we ş.m. taryhy şahsyýetler barada köp sanly türkmen rowaýatlaryny bilýäris.

**Ýazuw çeşmeleriniň** golýazma ýa-da neşir edilen görnüşde bolmagy mümkin. Olar taryhy barlaglaryň binýady bolmalydyrlar. Ýazuw çeşmeleriň ýoklugyny beýleki çeşmeleriň kömegi bilen doldurmak gaty kyndyr. Ýazuw çeşmeler asyl nusgasy we ondan alynan kopiýa görnüşinde bolup biler. Asyl nusgalar örän az mukdarda saklanyp galandyr. Türkmenistanyn taryhy barada asyl nusgalar örän ujypsydyr we olar diňe soňky asyrlara degişlidir.

Ýazuw çeşmeleri esasy iki topara bölünýär: olar edebi we taryhy häsýetlidir. Edebi ýazuw çeşmelerine ýyl ýazgylary, memuarlar, elegiýalar we ş.m. degişli bolsa, taryhy häsiýetdäkilere kanuny ýazgylar, hatlar, hukuk resminamalary we ş.m. degişlidir. Ymaratlardaky, predmetlerdäki ýazgylar hem epigrafiki ýazgylardyr. Taryhy wakalar öwrenilende çeşmeleriň ähli görnüşlerinden hem peýdalanmak zerurdyr.

**Arhiw resminamalary.** Ýazuw çeşmeleriniň arasynda has gowy we tutuşlygyna saklanýany arhiw resminamalarydyr. Arhiwde döwlet, partiýa, jemgiýetçilik, dini döredijilik guramalryň, dürli şahsyýetleriň ýazuw resminamalary saklanýar. Türkmenistanyň taryhy baradaky arhiw resminamalarynyň iň gadymylary (XVI-XVII a.a. degişlileri )

Russiýanyň, Eýranyň, Özbegistanyň (Hywa, Buhara), Gruziýanyň, Ermenistanyň arhiwlerinde saklanýar.

Türkmenistany Russiýa basyp alandan soň XIX asyryň ahyryndan başlap Turkmenistanyň özünde-de arhiw resminamalary toplanyp başlaýar. Sowet döwründe Türkmenistanda respubilkan, welaýat, edara, partiýa arhiw ulgamlary döreýär.

Arhiwlerde döwlet we partiýa jemgiýetçilik guramalaryň kanun çykaryjy, maksatnamalaýyn resminamalary, Prezidentiň Permanlary, onuň apparatynyň, resminamalary, Mežlisiň, merkezi we ýerli döwlet organlarynyň resminamalary, statistika saklanylýar.

Ondan başga-da soňky döwürde arhiwlerde kino, audio, widio, ses, surat resminamalary hem toplanylýar. Olaryň hemmesi öz döwrüniň şaýatnamalarydyr.

Arhiw resminamalarynyň içinde belli bir taryhy wakalaryň şaýatlarynyň ýatlamalary aýratyn orun tutýar. Bu bolsa taryhy wakalara döwürdeşleriň garaýyşlaryny görkezýär.

Häzirki zamanda döwürleýin metbugatyň materiallary örän baý we gymmatly taryhy çeşmeleriň biri bolup hyzmat edýärler. Türkmenistanda döwürleýin metbugat XIX asyryň ahyrynda döreýär. Ilkinji türkmen dilindäki gazýet 1915-nji ýylda çykyp başlaýar. Sowet döwründe gazýet-žurnallar örän köp tiražda türkmen, rus, özbek, gazak, buluç dillerinde çykarylypdy. Garaşsyz Türkmenistanda gazýet-jurnallar türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilýär. Olardan Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşy barada giňişleýin maglumatlary almak bolar.

Häzirki zaman wakalary barada taryhy derňewler geçirlende ýokarda agzalan çeşmelerden başga radio we teleýaýlym arkaly berilýän habarlary hem ulanmak mümkindir.

Her bir ylmy barlag işinde üç basgançak bardyr: meseläniň goýluşy, faktiki materiallary toplamak, öwrenilýän dersiň nazarýetini, ýagny netijeleriň toplumyny döretmek.

Türkmenistanyň taryhyny öwrenen mahalymyzda hem edil şu ugur bilen gidýäris. Biz ilki bilen öňde duran meseläni anyklaýarys. Soňra şoňa degişli faktlary toplaýarys. Iň soňunda-da şol faktlary düşündirýäris, olary umumylaşdyrýarys, olardan netijeler çykarýarys. Beýleki ylymlarda bolşy ýaly Türkmenistanyň taryhynda-da faktlar alymyň "dem alýan howasydyr", öwrenilýän zadyň gurulmagy üçin binýadydyr.

Ýöne beýleki ylmy ugurlardan tapawutlylykda taryhçy wakalara gönüden-göni gözegçilik edip bilenok. Ol öň bolup geçen wakalara baha bermeli bolýar. Şonuň üçin ol ýokarda agzalan taryhy çeşmelerden peýdalanýar. Taryhy çeşmeleri peýdalananda alym bir zady hemişe ýatda saklamalydyr. Taryhy çeşme taryhy wakanyň mazmunyny hiç wagt doly suratlandyryp bilmez. Sebäbi waka örän giň bolup, ony doly suratlandyrmak mümkin däl. Ondan başga-da taryhy çeşmeler ähli wakalary däl-de, diňe käbir, ýagny döwürdeşleriň möhüm diýip hasap eden wakalaryny suratlandyrýar.

Emma döwürdeşleriň möhüm däl diýip hasap eden wakasynyň wagtyň geçmegi bilen jemgiýetçilik durmuşynda has möhüm waka öwrülmegi mümkin. Şonuň üçin taryhçy üzlem - saplam faktlardan wakanyň esasy keşbini döretmelidir. Şol iş bilen taryh ylymynyň goşmaça pudagy bolan çeşmeşnaslyk meşgul bolýar.

Çeşmeşynaslyk taryhçydan örän köp bilimleriniň bolmagyny talap edýar. Çeşmeşnas her taryhy çeşmäniň kim tarapyndan, haçan, nirede, nähili ýagdaýda, şertlerde döredilendigini anyklamalydyr. Ol dürli taryhy çeşmeleriň özara baglanyşygyny, aýratynlyklaryny hem anyklamalydyr. Çeşmeşynas ýazuw çeşmesiniň paleografiýasyny, ýagny daşky alamatlaryny (ýazylan materialy, hatyň belgileri, syýasy, bezegleri we ş.m.) öwrenmek netijesinde köp zatlary düşündirip biler. Çeşmeleri öwrenýän adamlar dürli ýurtlarda dürli döwürde ýyl hasabynyň (kalendar) alnyp barlyşyndan baş

çykarmalydyr. Ol ýa-da beýleki döwürde ulanylan agram, uzynlyk, wagt ölçeglerini hem bilmek gerek.

Çeşmeşnas resminamalarda ulanylan möhürleri, tugralary, resmi resminamalar ýazylanda ulanylýan düzümini, utgasyny (stili) öwrenmek esasynda gerekli netijeleri çykaryp biler.

Diýmek Türkmenistanyn taryhyny öwrenmekde dürli taryhy çeşmelerden ýerlikli ulanmaklyk örän möhüm işleriň biridir.

## § 2. Türkmenistanyñ taryhy boýunça çeşmelerden peýdalanmagyñ usullary.

Ýokarda agzalan çeşmeleriñ görnüşleriniñ her birini öwrenmegiñ öz ýörite usullary, ýollary bardyr. Mysal üçin, zatlary arheologiýa ylmy öz usullary bilen, etnografik maglumatlary etnologik usullar esasynda öwrenilýär, audiowideoresminamalary öwrenmegiñ hem öz usullary bar.

Bu dersde esasan kagyz ýüzünde ýazylan taryhy çeşmeleri peýdalanmagyñ usullaryny özleşdirmäge üns berler.

Hekaýawy ýa-da ýazuw çeşmeleri-bu mazmuny grafiki belgileriñ kömegi bilen berilýän geçmişiñ ýadygärlikleridir. Olar adatça epigrafik (daş) ýazgy, graffiti (it.grabbito-çyrşamak, çyzmak, dyrnaçaklamak), golýazma ýa-da neşir edilen görnüşde saklanyp galypdyrlar.

Öñ belläp geçişimiz ýaly epigrafik ýazgylaryñ hataryna daşa, metala, süñke, palçykdan we çüýşeden edilen zatlara ýazylan ýazgylar, gaýalara oýulyp ýa-da reñk bilen ýazylan ýazgylar girýär. Mysal üçin, Türkmenistanda bolan wakalary beýan edýän iñ gadymy taryhy çeşme ol Bisütin gaýasyna ýazylan maglumatdyr. Olarda hökümetiñ buýruklary, üstünlikler barada maglumatlar ýazylypdyr. Şu ýerde daşa ýazylan taryhymyz türkmen üçin keramat hasaplanýan öwlüýälerde şöhratly ata-babalarymyzyň guburlaryna dikilen mukaddes daşlaryň ýüzüne ýazylyp galdyrylandygyny hem

ýatlamak gerek. Oguz-orhon ýazuwynyň türki dilli milletleriň diline degişli bolaýmagynyň mümkinligi hakyndaky çaklamalary öňe süren rus alymy N.M.Ýadrinsew bolupdyr. 1889-njy ýylda Russiýanyň Geografiýa jemgyýetiniň Gündogar-Sibir bölümi tarapyndan N.M.Ýadrinsewiň baştutanlygynda oguz-orhon ýazuwyny öwrenmek maksady bilen ýörite ylmy ekspedisiýa guralýar. N.M.Ýadrinsew Tola we Orhon derýalarynyň boýlarynda şu ýazuwa degişli ençeme ýadygärlikleri, şol sanda soňra dünýä belli ýadygärliklere öwrülen Költeginiň we Bilge hanyň hatyrasyna daşyň ýüzüne ýazylan ýazuw ýadygärliklerini açypdyr. N.M.Ýadrinsew tarapyndan ýüze çykarylan bu ýazgylar ýerleşen ýerleriniň ady boýunça soňra «Orhon-Ýeniseý ýazuwy» diýen ada eýe bolupdyr.

Netijede ençeme ýyllaryň dowamynda Ýeneseý, Orhon, Selenga, Tola derýalarynyň boýlarynda ýüze çykarylan oguz-orhon ýazuwyna degişli ýadygärlikler dilçilerç soňra bolsa taryhçylar tarapyndan uly gyzyklynma bilen öwrenilip başlanýar. Oguz-orhon ýazuwyny öwrenmäge belli türkşynas W.W. Radlow we zehinli dilçi we taryhçyç daniýaly alym W. Tomsen girişipdirler. 1893-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Daniýanyň Patyşalyk Ylymlar akademiýasynyň ýygnagynda W. Tomsen oguz-orhon ýazuwynyň elipbiýi we ony okamagyň usullary dogrusynda çykyş edýär. W. Tomsen bilen bir wagtda oguz-orhon ýazuwyny okamaklyga W.W. Radlow hem girişipdir. Ol W. Tomseniň elipbiýini peýdalanmak bilen Költegine degişli ýazgyny okapdyr we 1894-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Russiýa YA-nyň ýygnagynda bu barada çykyş edipdir. Şeýlelikde, bizin ata-babalarymyzyň gadymy geçmişi barada uly taryhy açyşlar edilipdir. Emma uzak ýyllaryň dowamynda biziň halkymyza degişli şol gymmatly mirasyň türkmenleriňkidigi ykrar edilmän galypdyr.

Göktürkmenleriň döwletiniň taryhy boýunça möhüm çeşmelere öwrülen bu ýazuw ýadygärlikleriň iň ähmiýetlileri

Költeginiň, Bilge hanyň, Gutlug hanyň, Tonýukugyň we başgalaryň hatyrasyna dikeldilen daşlaryň ýüzüne ýazylan ýazgylardyr. Bu ýazgylarda türkmen halkynyň şöhratly geçmişiniň uly bir döwri beýan edilýär. Aýratyn bellemeli zatlaryň biri-de bu ýazgylardaky wakalary, seneleri we adam atlaryny şol döwrüň we giçki döwürleriň jikme-jik hytaý taryhy maglumatlary doly tassyk edýär. Bu bolsa oguz-orhon ýazgylarynyň ähmiýetini has hem artdyrýar. Bu ýazgylaryň şeýle çeşmeşynaslyk ähmiýetiniň bolmagy olary Göktürkmenleriň döwletiniň taryhyna degişli birinji derejeli maglumatlaryň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär.

Epigrafik ýazgylaryñ köpüsi entek ýazuw ýañy dörän wagtynda ýazylypdyr. Emma soñky döwürlerde hem, mysal üçin Türkmenistanda orta asyrlarda gurlan ymaratlaryñ birnäçesinde-de epigrafik ýazgylar bolup, olar bize örän möhüm maglumatlar berýär. Şol ýazgylary öwrenmek üçin ýazgylary añlamak, elipbiýini, ýazylyş usulyny, añlatmalaryñ manysyny öwrenmek boýunça örän çylşyrymly işleri ýerine ýetirmeli bolýar. Bu işi epigrafika ýerine ýetirýär. Epigrafika boýunça hünärmenleriñ eden işiniñ netijesinde taryhçy dine taýýar teksti okaýar.

Epigrafika graffiti hem örän golaýdyr. Graffiti küýzelere, dini enjamlara we ş.m. edilýär. Türkmenistanda Nusaýyñ territoriýasyndan tapylan küýze döwüklerinde ýazylan ýazgylar hem graffitä golaýdyr. Graffiti senetçileriñ, şäherlileriñ, dindarlaryñ arasynda sowatlylygyñ ýeten derejesi barada birnäçe maglumatlary berýär.

Bize gelip ýeten gadymy ýazuw çeşmeleriñ köpüsi golýazmalar, ýagny papirusa, pergamente ýa-da kagyza elde ýazylan tekstler görnüşnde gelip ýetipdir. Şeýle golýazmalar Türkmenistanda-da köp saklanyp galypdyr. Häzir olary öwrenmek bilen esasan Türkmenistanyñ golýazmalar instituty meşgul bolýar. Elbetde, arhiw edaralarynda-da golýazmalar öwrenilýär.

Türkmenistanda ilkinji çap edilen kitaplar XIX asyrda ýaýrap başlaýar. Ilkinji çaphanalar bolsa XX asyryñ başynda döreýär. Türkmen dilinde çap etmeklik köpçülikleýin esasan 1917-nji ýyldan soñ başlanýar. Şol bir wagtda hatda häzirki wagta çenli gündelik iş dolandyrylyşynda golýazma görnüşinde tekstler belli bir dereje saklanyp galypdyr.

Tipografik usul bilen çap edilen tekstler hem taryhy çeşmelerdir. Emma tipografik usul bilen çap edilen tekste awtordan başga redaktoryñ, korrektoryñ, çaphana işçisiniñ-de belli bir derejede öz täsirini ýetirýändigini, ýalñyşlar goýberen bolmaklarynyñ hem mümkindigini göz öñünde tutmaly. Şonuñ üçin çap edilen teksti onuñ golýazma görnüşi bilen deñeşdirmeklik maglumata girizilen özgertmeleriñ häsiýetine düşünmäge mümkinçilik döredýär.

Ähli golýazmalar asyl nusga we göçürilen nusga (kopiýa) bölünýärler. Asyl nusga diýip teksti çap edilýän awtora degişliligi onuñ daşky görnüşinden, mazmunyndan anyk bolan golýazma aýdylýar. Elbetde, golýazmalary ýazan orta asyr alymlarynyñ köpüsi hiç bir salgylanmasyz özlerinden öñki awtorlaryñ tekstlerini öz eserlerine girizipdirler. Şol girizilen tekstleriñ hakykata gabat gelýändigi, onuñ awtory, ýazylan wagty, ýeri, ýagdaýy anyklanan wagtynda bu tekstleri-de asyl nusga diýip aýdyp bolar.

Taryhçy üçin asyl nusganyñ örän uly ähmiýeti bardyr. Emma biz Türkmenistanyñ taryhy barada gadymy döwürde ýazan awtorlaryñ tekstlerini kölenç halatda dine soñky awtorlaryñ işleriniñ üsti bilen bilýaris. Häzirki wagtda Türkmenistanda saklanýan golýazmalaryñ aglabasy XVIII-XIX asyrlara degişlidir. Türkmenistanyñ taryhynyñ ondan öñki taryhyna degişli resminamalar goñşy döwletleriñ-Eýran, Hywa, Buhara, Russiýa Federasiýasy, Türkiýe ýaly ýurtlaryñ arhiwlerinde belli bir dereje saklanyp galypdyr.

Türkmenistan Russiýa tarapyndan basylyp alnandan soñ, XIX-XX asyrlaryñ sepgidinde resminamalaryñ asyl nusgalary

arhiwlerde toplanyp başlaýar. Sowet döwründe arhiwleriñ, kitaphanalaryñ, muzeýleriñ giñ ulgamy döredilip, olarda türkmen halkynyñ taryhyna degişli köp sanly taryhy çeşmeler toplanyp başlanýar. Garaşsyzlyk hem-de Beýik Galkynyşlar we özgertmeler eýýamynda bu iş has ýokary derejä ösüp ýetdi.

Asyl nusganyñ ýok wagtynda taryhçylar kopiýadan peýdalanýarlar. Kopiýa asyl nusga näçe derejede golaý bolsa, şonça-da onuñ gymmaty ýokary bolýar. Emma köplenç halatda göçürýän adam köp sanly ýalñyşlyklar goýberýär. Kähalatda asyl nusganyñ zaýalanan wagtynda kopiýanyñ kömegi bilen ol täzeden dikeldilýär.

Eger-de golýazma çak edilýän adam tarapyndan ýazylman, haýsy-da bolsa başga bir adam tarapynda öz şahsy bähbitleri aralyp ýazylan bolsa, şeýle golýazmalara galp golýazma diýilýär. Şeýle golýazmalary onuñ ýazylmagynyñ maksadyny bilmek üçin peýdalanyp bolar. Ondan başga-da galp golýazmalarda awtorlar öz ýazan zadynyñ asyl nusgadygyna şübhe bolmaz ýaly öz döwrüniñ resminamalarynda bolmaly aýratynlyklary doly görkezmäge çalşypdyr. Şu nukdaýnazardan hem galp golýazmalar taryhçy üçin peýdalydyr.

Ýyl geçdigiçe taryhy çeşmeleriñ görnüşleri we mukdary barha köpelýär. Şeýle ýagdaýda olardan baş çykarmak, özüñe gerekli, ygtybarly taryhy faktlary tapmak barha çylşyrymlaşýar. Özüñe gerek ýazuw çeşmelerini tapmak, olary öwrenmegiñ degerli ylmy usullaryny işläp düzmek üçin olary has kiçiräk dürli toparlara, görnüşlere, kysymlara bölýärler.

Häzirki wagtda ýazuw çeşmeler aşakdaky toparlara we görnüşlere bölünýär.

1) Kartografik: a) taryhy kartalar, meýilnamalar; b) syýasy kartalar, meýilnamalar; ç) ykdysady kartalar, meýilnamalar;

2) Statistik: a) ykdysady; b) ilatyñ statistikasy; ç) syýasy we medeni statistika;

3) Akt (delelnama): a) syýasy; b) durmuş-ykdysady; ç) hukuk;

4) Edara (kanselýariýa) çeşmeleri: a) gramota (hat, nama); b) reýestrler (lat. regestrum-sanaw, spisok, opis) kitaplar, permanlar; b) işjeñ özara hat alyşmak;

5) şahsy: a) hatlar; b) gündelikler; ç) ýatlamalar;

6) çeper: a) oçerkler, ýazgylar; b) lirika; ç) romanlar, hekaýalar, powestler;

7) Taryhy: a) taryhy powestler; b) hronograflar (rowaýatlar esasynda taryhy ýazmak); ç) senenamalar;

8) Ylmy: a) taryhy işler; b) filosofiki-sosiologik işler; ç) geografiki ýazgylar.

Şol bir wagtda bu bölünişiñ şertli häsiýetdigini biz bilmelidiris. Sebäbi durmuşda bolşy ýaly ýazuw çşmelerinde-de meñzeşlikler köp duşýar. Taryhy çeşmeleri ýokardaky ýaly bölmekde birnäçe ýörelgelerden ugur alynýar. Onda çeşmäniñ içki düzümi, gelip çykyşy, mazmuny, görnüşi, maksady, dialektiki umumylygy göz öñünde tutulýar. Gysgaça aýdanymyzda ýazuw çeşmelerini toparlara bölenimizde biz aýratynam olaryñ içki görnüş, düzüm alamatlaryna aýratyn üns bermelidiris.

Ýene bir bellenilmeli zat-taryhy çeşme taryhçynyñ eline gelýänçä her bir ýazuw çeşmesi jemgyýetde haýsydyr bir wezipäni ýerine ýetirendir. Şonuñ üçin ýazuw çeşmeleriniñ her haýsysyny aýtarynlykda öwrenen wagtyñda onuñ başga köp sanly çeşmeler bilen düýpli baglanyşykda bolandygyny ýatdan çykarmaly däldiris.

Häzirki wagtda ýazuw çeşmeleriñ örän köp dürli görnüşleri bar. Biz olaryñ esasy görnüşleriniñ aýratynlyklaryna seredýäris.

1. Aktlar (delilnamalar), namalar we beýleki resmi resminamalar

Bu topara haýsy-da bolsa bir görnüşde döwletleriň arasynda ýa-da döwlet bilen edaralaryň, şahsyýetleriň baglaşan

ykdysady ýa-da syýasy gepleşikleri we ylalaşyklary girýär. Giň manyda oňa ýokary häkimiýet, merkezi edaralar tarapyndan düzülen ähli resmi maglumatlar: namalar, görkezmeler, ýazgylar, beýanlar, beýleki kanun tarapyndan göz öňüne tutulan işewür kagyzlar (käbir adamlaryň emläk we beýleki hukuklary, ýeňillikleri, berkidilýän sud kararlary we ş.m.) girýär.

Olaryň käbiri habardar ediji, başgalary kepillendiriji häsiýetde bolup, olaryň ýerine ýetirilmezligi hukuk taýdan yzarlanýar. Aktlar kanunlardan tapawutydyr. Kanuny döwlet organlary döredýärler. Aktlarda bolsa döwlet organlary hereketde bolan kanunlaryň esasynda meseläni çözýär.

Aktlaryň aşakdaky görnüşleri bolup biler:

1. Emläge eýeçiligiñ üýtgemegi bilen baglanyşykly
2. Işçi güýçlerini (daýhanlary, işçileri) ulanmak bilen baglanyşykly
3. Zorluk çärelerini ulanmak bilen baglanyşykly
4. Söwda we senetçilik bilen meşgul bolýan ilatyñ ýagdaýy bilen baglanşykly
5. Döwlet organlarynyñ işini sazlaşdyrmak bilen baglanyşykly
6. Welaýatlaryñ, etraplaryñ, etrapçalaryñ aragatnaşygy bilen baglanyşykly.
7. Kazyýet organlarynyñ işi bilen baglanyşykly
8. Daşary ýurtlar bilen aragatnaşygy ýola goýmak bilen baglanyşykly
9. Dini edaralaryñ, metjitleriñ işi bilen baglanyşykly

Kanunlar – bu ýokary döwlet organy tarapyndan çykarylýan we şol döwletiñ çäklerinde gutarnykly häsiýetde hukuk güýjünde bolan ýuridik resminamalardyr. Kanunlar adamlar üçin hökmany bolan esasy kadalary takyklaýarlar. Olar ýurtda häzirki wagtda bar bolan syýasy güýçleriñ mynasybetine laýyklykda döredilýärler. Adat türkmençilik kadalary, konstitusiýa we ýokary, ýerli, sud organlarynyñ işlemeginiñ

esasy ýörelgelerini, raýatlaryñ hukuklary we borçlary kanunlarda anyklanýar.

Edaralaryñ, kärhanalaryñ gündelik iş dolandyryş kagyzlary, şahsy adamlaryñ özara alyşýan hatlary hem örän gymmatly ýazuw çeşmeleridir. Olaryñ görnüşleri taryhyñ dürli döwürlerinde üýtgäp dur we täze görnüşleri ýüze çykýar. Oña instruksiýalar, buýruklar, sirkulýarlar, hasabat, dokladnoý hatlary, sprawkalar, hasaba almak boýunça dürli resminamalar, çykyşlar, raportlar, arza-şikaýatlar we başgalar girýärler.

Narratiw (lat. naratio-hekaýat) resminamalarda taryhy hakykat wakalaryñ şaýady bolan haýsy-da bolsa bir şahsyýetiñ gözi bilen görenleri esasynda beýan edilýär. Olara letopisler, hronograflar, taryhy powestler, wakalar bolup geçen badyna ýazylýan taryhy eserler, syýasy eserler, tymsallar, ýatlamalar, gündelikler, terjimehallar, jedelleşmeler, ýaryşlar, keramatly adamlaryñ ömür beýanlary, geografiki ýazgylar, statistika – ykdysady işler, syýahatçylaryñ ýol ýazgylary, daşary ýurtlylaryñ aýdanlary, çeper (şol sanda satiriki) eserler we ş.m girýärler.

Yokarda agzalan eserler taryhy çeşmeler esasynda ýazylan eserlerden tapawutlanýarlar. Emma olaryñ köpüsinde bize gelip ýetmedik resminamalar ulanylypdyr.

Ýokarda agzalan resminamalaryñ hemmesi hem öwrenilende umumy bir derñew usuly ulanylýar. Emma olaryñ her haýsysynyñ içki tankydy taýdan öwrenilýän wagtynda ulanylýan aýratyn usullary bar.

## §3. Türkmen halk döredijiligi ýurdumyzyň taryhy boýunça çeşme hökmünde.

Halk döredijiligi adamzadyň ilkinji döwürlerinde, ýagny sözüň dörän döwründe ýa-da giçki poleolit döwründe döräpdir diýip çak edilýär. Halk döredijiligi ilki bada adamyň zähmet prosesi bilen baglanşykly döräp, adamlaryň hyzmatdaşlygyny sazlaşdyrmak üçin ritm hökmünde

ulanylypdyr we şahyrana horeografik-tans sungaty görüşinde ýüze çykypdyr.

Kem-kemden ol diňe zähmet prosesini däl, eysem adamlaryň bilimlerini, dini, rowaýy we taryhy garaýyşlarny-da öz içine alyp başlaýar. Jemgyýetçilik durmuşy barha köp taraplaýyn we çylşyrymlaşyp başlan mahalynda halk döredijiliginiň täze görnüşleri döräp başlaýar.

Ýazuw döränden soňam uzak wagtlap ol diňe ýokary gatlagyň wekillerine elýeterliligine galýar. Şonuň üçin agzeki sungat halk köpçüligine mahsus bolup galýar. Durmuşda bolup geçýän özgerişler şol agzeki sungatda suratlandyrylypdyr. Iň gadymy döwürde adamlarda tiräniň döreýşi barada rowaýatlar döreýär. Soňky döwürlerde, ýagny ilkinji döwletleriň döräp başlamgy bilen bolsa eposlar döreýär.

**Eposlar.** Türkmen halkynyň ata-babalarynyň döreden eposlaryndan iň gadymysy ``Oguznamadyr``. Ol türki kowumlaryň asly nesilbaşysy bolan Oguzhan, onuň ogullary, ýegenleri we beýleki legendar şahsyýetler hakynda söhbet açýan rowaýatlar toplumydyr. Ol ertekiler, rowaýatlar toplumy görnüşinde we Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan lugat at – türk” (“Türki sözleriň ýygyndysy”) eserinde XI asyrda “Oguznamanyň” käbir bölekleri ilkinji gezek ýazga geçirilipdir. ``Oguznamanyň`` ilkinji dolurak nusgasy XII asyryň näbelli awtory tarapyndan ýazylyp galdyrylypdyr. XIII-XIV asyrlarda Reşideddiniň ýazan “Oguznamasynda” has doly maglumat toplanypdyr. Abulgazy hanyň XVII asyrda ýazan “Şejere terakimesi” (“Türkmenleriň nesil daragty”) hem “Oguznamanyň” esasy mazmunyny beýan edýär. Beýleki gündogar halklarynda-da ýaýran “Alpamyş”, “Manas”, “Görogly”, “Ýusul-Ahmet” we başga birnäçe eposlaryň mazmunlary kem-käs “Oguznama” bilen baglanyşyklydyr. Oguznamanyň käbir bölekleri XV-XVI asyrlarda gutarnykly berkidilipdir diýip çak edilýär. ``Oguznamada`` oguz taýpalarynyň yslam dinini kabul etmegi bilen baglanyşykly

wakalar we oguzlaryň harby ýörişleri, harby, hojalyk ýagdaýlary barada gymmatly maglumatlar getirilýär. Rowaýata görä Oguz ýaşka yslam dinini kabul edýär. Bu bolsa soňra Oguz bilen onuň kakasy Gara hanyň arasynda gan döküşikli çaknyşygyň bolmagyna getirýär. Göreşiň barşynda Oguz han özüne birnäçe taýpalary boýun egdirýär we kakasyny söweşde ýeňýär, birnäçe welaýatlary eýeleýär we Wolga baryp ýetýär. Diýmek, “Oguznamada” oguzlaryň we beýleki türki taýpalaryň Gündogar Ýewropanyň çäklerine çenli ýaýraýşy ýarym rowaýat görnüşinde beýan edilýär. “Oguznama” 1916-njy ýylda türk dilinde, 1990-njy ýylda bolsa türkmen dilinde çap edilýär. “Oguznamanyň” özenini on iki boýdan ybarat “Gorkut atanyň kitaby” tutýar. Alymlaryň çak etmegine görä “Gorkut atanyň kitaby” IX-XV asyrlarda döredilip, XV asyrda-da üsti doldurylypdyr. Bu kitap oguzlaryň edermenligi, däp-dessurlary, sosial-ykdysady, maşgala ýagdaýlary barada maglumat berýär. Kitabyň esasy gahrymany özüniň akyldarlygy, gahrymançylygy bilen meşhur bolan Gorkut atadyr. Ol uly iliň howandary, ýaşulysy, geňeşdary, toý-dabaranyň kethudasy. Duşman bilen ylalaşyk gazanmaly bolsa-da Gorkut ata iberilýär. Eposdaky esasy ideýa gahrymançylygy ündemekdir. Hekaýalaryň köpsünde türkmenleriň keseki ýurtly basybalyjylaryň ýörişlerine garşy aýgytly söweşleri barada gürrüň berilýär.

Şol bir wagtda türkmenleriň gadymy wagtda ýaşan taryhy sredasy barada giňişleýin maglumaty biz ol kitapdan alyp bilýäris. Kitapda şan-şöhrat gazanjak bolup, güýjüne baýrynýanlar hemişe ýeňlişe sezewar bolýarlar. Eposda çaga at dakmak, öýlenmek, toý tutmak we gaýry däp-dessurlar beýan edilýär.

Bu kitap ilkinji gezek 1922-nji ýylda W.W. Bartold tarapyndan rus diline terjime edilýär. 1943-1945-nji ýyllarda “Sowet edebiýaty” žurnalynda eposyň birnäçe bölekleri türkmençe çap edilýär we 1950-nji ýylda çapa taýýarlanýar. 1951-nji ýylda-da çapdan çykarylmaly eken. Emma ony

taýýarlan alymlar milletçilikde aýyplanyp tussag edilýär we kitap gadagan edilýär.

Bu kitap 1962-nji ýylda rus dilinde, 1990-njy ýylda türkmen dilinde çap edilýär.

Türkmen halkynyň gahrymançylyk ruhuna ýugrulan “Görogly” halk arasynda iň ýörgünlileriň biridir. Onuň dürli nusgalary bolup, jemi 40 boýa çenli bardyr. Şondan diňe 13 boýy çap edilendir. Bu eposda garamaýak halkyň erkinlige, adalatlylyga, bagtly durmuşa ymtylyşlary öz beýanyny tapýar. Eposyň aýratyn baplary XII asyrda döräp, ol XVII asyrda bolup geçen wakalary hem bir gahryman bilen baglanyşdyrylýar.

Türkmen halkynyň taryhy birnäçe dessanlarda-da öz beýanyny tapýar. Olardan “Abu-Muslimnamada” Merwde VIII asyrda omeýatlara garşy hakykatda-da bolup geçen gozgalaňyň serkerdesi Abu-Muslim barada fantastiki görnüşde söhbet açylýar. Bu dessanda gahrymançylyk daşary ýurtly basybalyjylara garşy göreş äheňlerine ýugrulandyr. “Şasenem-Garyp”, “Saýatly-Hemra”, “Huýrulykga-Hemra”, “Asly-Kerem”, “Nejep oglan”, “Gül-Bilbil” we başga-da birnäçe dessanlarda hem türkmen halkynyň taryhynda, ykbalynda bolup geçen wakalar ol ýa-da beýleki görnüşde gytaklaýyn öz beýanyny tapýar.

**Rowaýatlar.** Türkmen halky geografiki atlar, taryhy wakalar bilen baglanyşykly köp sanly rowaýatlary döredipdir. Şol rowaýatlar türkmen alymy S. Atanyýazowyň “Türkmenleriň şejeresi”, “Türkmenistanyň toponomok sözlügi” diýen işlerinde we halk döredijiligini öwreniji Ümür Esenowyň makalalarynda öz beýanyny tapýar. Myraly, Aleksandr Makedonskiý, Nedir şa, Keýmir kör, Magtymguly, Kemine bilen baglanyşykly rowaýatlarda halkyň olara garaýşy oz beýanyny tapýar.

**Beýleki görnüşdäki halk döredijiligi.** Türkmen halky şorta sözler, ýomaklar, ýaňyltmaçlar, tymsallar, nakyllar, ertekiler, matallar, läleler, hüwdüler, monjugatdylar, toý

aýdymlary (ýar-ýar), sanawaçlar, agylar, yrymlar ýaly dürli kiçi görnüşli köp sanly edebi eserleri hem döredipdir. Olar türkmen halkynyň gündelik durmuşy, taryhy, dünýägaraýşy, arzuw-islegleri, däp-dessurlary barada giňişleýin maglumat toplamaga mümkinçilik döredýärler. Gadymy we orta asyrlarda bolup geçen taryhy wakalar barada olar kähalatda ýeke-täk taryhy çeşme bolup hem hyzmat edýärler.

## §4. Türkmenistanyň taryhynyň iñ gadymy döwrüniň taryhy çeşmelerde we ylmy işlerde beýan edilişi.

**Türkmenistanyň taryhy boýunça iň gadymy çeşmeler.** Türkmenistan barada iň gadymy ýazgy b.e.öňki VI asyra degişlidir. Şol döwürde döredilen Bisütin dag gaýasyndaky ýazgyda b.e.öňki 522-nji ýylda Margianada turan halk gozgalaňynyň ahemeni patyşasy Dariý I tarapyndan rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylandygy bellenilýär.

Türkmenistan barada maglumaty berýän beýleki bir gadymy ýazuw ýadygärligi Awestadyr. Bu taryhy ýadygärlik b.e.öňki III-II müňýyllyklarda halk döredijiligi görnüşinde döräp başlaýar. B.e.öň VII-VI asyrlarda ol düzülip doly düzülip gutarandyr diýip çak edilýär. Emma tä b.e III-VII asyrlarda Sasanylar tarapyndan ebedileşdirilýänçä oňa özgertmeler girizmek dowam eden bolmaga çemeli. Otparazçylygyñ mukaddes kitaby bolan “Awestada” Orta Aziýa we Eýran halklarynyň döreden köp sanly rowaýatlary, hekaýatlary, poetiki eserleri ýygnanypdyr. Onda Aziýanyň dürli ülkelerini nurana pir Ahura-Mazdanyň döredendigi we onuň haýyr işleriniň garşysyna zannyýaman pir Ahrimanyň göreşýändigi, dünýäde bolup geçýän ähli şerlikleriň şondan gelip çykýandygy beýan edilýär. Dini we fantastik tekstleriň aňyrsynda Türkmenistanyň dürli sebitleriniň (Margiana, Parfiýana, Sogdiana, Baktriýa, Horezm) geografik ýagdaýy we ykdysadyýeti, medeniýeti barada maglumatlary almak mümkin.

**Grek-rim taryhy çeşmeleri.** Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşan iň gadymy taýpalr barada ylmy hakykada belli bir derejede golaý maglumatlary biz gadymy grek alymlarynyň işlerinde görýäris. Şol döwürde Ahemeniler Gresiýa bilen jebis syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklara girişipdi. Grek alymlary Ahemeni döwletiniň birnäçe ýerlerine baryp görüpdirler ýa-da baryp gören adamlardan maglumatlar alyp bilipdirler. Olaryň birnäçesi özlerinden öň ýazylan, emma bize gelip ýetmedik birnäçe ylmy işlerden hem peýdalanypdyrlar. Grek alymlary öz gören zatlaryny ýoýman beýan edipdirler, başgalardan eşiden maglumatlaryna bolsa başardyklaryndan tankydy göz bilen seredipdirler. Türkmenistan barada ýazan iň gadymy awtor taryh ylmynyň atasy hasaplanylýan Gerodotdyr (takmynan b.e.öň. 490-425 ýyllar). Ýaş wagtynda ol Alynky Aziýa ýurtlaryna, Gara deňziniň boýuna syýahat edip köp maglumat toplapdyr. Soňra ol “Grek-pars uruşlarynyň taryhyny” ýazýar. Bu iş “Taryh” ady bilen bellidir. 9 tomdan ybarat bu kitabyň I tomunda Ahemeni patyşasy Kiriň Orta Aziýa massagetleriň garşysyna ýörişi beýan edilýär. Şol bir wagtda ol häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşan taýpalardan çarwa we oturymly taýpalaryň atlaryny agzaýar, olaryň hojalygy, däp-dessurlary, egin-eşigi, medeniýeti barada maglumatlar berýär.

Geradotyň döwürdeşleri we ondan soňky awtorlardan Ewripidiň (b.e.öň V asyr), Eforyň (405-330 ýý.), Ksenofontyň (430-354 ýý.), Ktesiniň (430-354 ýý) eserlerini deňeşdirmek netijesinde b.e.öňki VI-IV asyrlarda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde, medeniýetinde, däp-dessurlarynda bolup geçen özgerişleri yzarlap bolýar.

Bu awtorlar Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşan ari, girkan, parn, isseden, sak, dah, derbuk, ksantiý, pissur, tapur we ş.m taýpalary agzaýarlar. Olaryň eserleriniň esasynda ýerli taýpalaryň b.e.öň VI-V asyrlarda synpsyz jemgyýetde ýaşandyklary görünýär. Mysal üçin: grek awtorlary şol

döwürde agzalan taýpalarda umumy emlägi bolan toparlaýyn nika gatnaşyklarynyň galyndylaryny belleýärler. Olaryň aýtmagyna görä ýerli taýpalarda adamy aldamak, göriplik diýen düşünjeler ýok, talaňçylyk bütinleý ýok. Söwda gatnaşyklary giňden ýaýran.

Soňky döwre degişli işlerde bolsa Türkmenistanyň territoriýasynda senetçiligiň (küýzegärlik, demirçilik, ýarag, bezeg), goňşy ýurtlar bilen söwdanyň ösendigi, bentleriň, gatlalaryň, kanallaryň gurulandygy, Parfiýada, Mardianada, Horezmde şäherleriň bardygy, suwdan peýdalanýanlary üçin ilatyň salgyt töleýändigi bellenilýär. Bu bolsa Ahemiler döwründe ilatyň durmuş–ykdysady ösüşiniň güýçlenendigini aňladýar. Çarwa taýpalaryň durmuşy baradaky materiallar örän az. Bu awtorlaryň köpüsi öz gören zatlary barada däl-de eşiden zatlary barada ýazypdyrlar. Şonuň üçin olarda rowaýatlar, toslama zatlar hem duş gelýär. Olardan massagetleriň patyşa aýaly Tumaris, watançy çopan Şirak, pälwan Rüstem, Zarina we Stragiangiýa barada rowaýatlar bolan taryhy wakalary beýan edýärler. Bu awtorlaryň işlerinde “Zariranyň ýadygärligine”, “Assiriýa agajy (palma) we geçi” diýen poemalaryň bolandygy ýatlanýar.

B.e.öňki IV asyrda Aleksandr Makedonskiniň ýörişi mahalynda köp sanly grek alymlary Orta Aziýany öz gözleri bilen görüp şol barada ýazgylar galdyrypdyrlar. Olardan Aristobuly, Ptolomeý Lagy, Kallisfeni, Onesikriti, Anaksimeni, Haresi agzamak bolar. Gynansakda olaryň işleriniň köpüsi soň ýitip gidipdir. Ýöne şol awtorlaryň getiren maglumatlaryny bize gelip ýeten işlerinde soňky –awtorlar Arrian, Kwint Kursiý Ruf (I asyr), Diodor, Plutarh, Strabon, Pompeý Trog öz işlerinde giňden ulanypdyrlar. “Aleksandryň ýörişi”, “Alanlar barada”, “Parfiýalylar barada” diýen işleri ýazan Arrianyň berýän maglumatlary beýleki taryhy çeşmelerde-de doly tassyklanýar. Spitameniň gozgalaňy barada onuň şaýatnamasy örän gyzyklydyr.

Bu awtorlaryň berýän habarlaryna görä Türkmenistanyň ilaty bu wagtda sosial bölünişikde uly ýol geçipdir, ýokary gatlak bölünip aýrylyp, onuň häkimýeti berkeýär. Horezmiň, saklaryň ahemenilerden bölünip aýrylmaga ymtylandygy hem bellenilýär.

Plutarh, Pompeý Trog, Diodor, Strabon, Pliniý, Tasit we býleki grek-rim awtorlary b.e.öňki IV asyrdan b.e III asyryna çenli aralykda Türkmenistanda bolup geçen syýasy wakalar barada giňişleýin gürrüň berýärler. Bu döwür Türkmenistanyň taryhyna-da ellistik döwür ady bilen girdi. Şu döwürde Türkmenistanyň ilatyna grek medeniýetiniň täsiri örän güýçli bolýar. Şu döwürde parfiýalaryň öz taryhy edebiýaty hem bolandygy barada köp sanly maglumatlar duşýar. Emma soňky syýasy çaknyşyklar döwründe ol edebiýat doly ýok edilipdir we bize gelip ýetmändir.

Dünýä belli akyldar pelsepeçi Plutarhyň "Ömür beýany" atly iki kitapdan ybarat eseri hem öňden mälimdir. Bu eserde meşhur serkerde Karassyň Parfiýa ýörişi hakynda söhbet acylyp, parfiýaly türkmen gerçekleriniň ýygyn dartyp gelen rim goşunyny kül-peýkun edişi, Krassyň türkmen topragynda masgaraçylykly ýeňlişe sezewar bolşy aýdyň suratlandyrylýar.

B.e. III asyrynda Parfiýa döwleti ýykylyp Sasanylar döwletiniň ýokary galmagy, Rim imperiýasyna warwarlaryň çozup girip başlamagy bilen grek-rim awtorlarynyň Türkmenistan barada ýazmaga mümkinçilikleri düýpli peselipdir.

**Hytaý taryhy hronikalary (senenamalary).** Şonuň üçin Türkmenistanyň taryhynyň Parfiýa we Sasanylar döwleti döwri barada resmi hytaý taryhnamasy bize örän gyzykly maglumatlary berýär. B.e.öň III asyrda Hytaýda taryhy eserleri döretmegiň özboluşly görnüşi döreýär. Hytaý imperatorlarynyň köşgünde taryh boýunça ýörite edara bolupdyr. Onda hyzmat edýän alymlar ýurduň içki we daşky wakalary barada materiallary toplamak, täze imperator tagta çykansoň bolsa

öňki imperator barada dinastiýa senenamasyny ýazypdyrlar. Şol senenamalarda hökmany suratda “Günbatar ülkeler barada”, şol sanda Parfiýa (Ansi) barada-da aýratyn bölüm bolupdyr. B.e I asyrynda Sy-ma-sýanyň ýazan “Taryhy ýazgylarynda” gadymy döwürlerden I asyra çenli maglumatlar getirilipdir. Han, Sun, Si, Lýan, Çen dinastiýalary baradaky taryhlardan I-IV asyrlara degişli eserlerde Orta Aziýa bilen ysnyşykly gatnaşyklaryň bolandygyny görmek bolýar.

Şol maglumatlaryň esasynda rus gündogarşynasy Iakinf Biçurin (1777-1853 ýý) “Gadymy wagtlarda Orta Aziýada ýaşan halklar barada maglumatlar” toplumyny çap edýär. (Sankt-Peterburg, 1891). Bu eserden b.e.öňki II asyrdan b.e. X asyrynyň başyna çenli aralykda Türkmenistanda bolup geçen wakalar baradaky maglumatlary tapmak bolýar. Şol sanda ýueýji, eftaly, türki we beýleki halklaryň göçhä-göçlükleri barada örän gyzykly maglumatlar toplanypdyr. Şol maglumatlarda Oguz han, oguzlar barada hem düýpli maglumatlar bar. Hytaý çeşmelerinde halklaryň arasynda göçhä-göçlük döwründe ýüze çykan söwda, medeni, syýasy gatnaşyklar, olaryň özara täsiri, halklaryň, şol sanda türkmen halkynyň döremeginiň we kemala gelmeginiň irki döwri barada gyzykly maglumatlar, şaýatnamalar bar. Türkmen halkynyň taryhynyň täzeden ýazylýan döwründe ol maglumatlar düýpli täze netijelere gelmäge mümkinçilik berýärler.

## II BAP. ORTA ASYR TÜRKMEN DÖWLETLERİNİÑ TARYHY ÝAZUW ÇEŞMELERINDE

### §1. Türkmenistanyñ taryhynyñ VII-IX asyrlaryna degişli taryhy çeşmeler.

Arap, pars ýazuw çeşmelerinde türkmen halky we onuñ ýaşan ýerleri barada gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. Sebitde musulmançylyk kabul edilenden soñ, sebitdäki musulman jemgyýetleriniñ we dini ýazgylaryñ dürli ugurlary

boýunca alymlaryñ galdyran işleri türkmenleriñ ýaşaýyş durmuşyna düsünmäge kömek edyar. Omeýatlaryñ, Apbasylaryñ, Köneürgençlileriñ, Seljuklaryñ, Osmanlylaryñ döwürlerinde sebtiñ halklary, şol sanda türkmenler barada arap pars dillerinde köp zatlar ýazylypdyr.

Türkmenistanyň taryhynyň VII-IX asyrlaryna degişli döwri barada esasan Arap halyflygynyň çäklerinde ýaşan awtorlaryň işleri saklanyp galypdyr. Olaryň arasynda esasy orny araplar eýeleýärler. Araplar taryha we geografiýa uly üns beripdirler. Olardan başga-da Türkmenistan barada birnäçe pars alymlaryň eserleri saklanyp galypdyr.

Arap-pars we ähli Gündogar, şol sanda orta asyr türkmen awtorlarynyň işleriniň birnäçe aýratynlyklary bar. Arap dilinde çekimli sesleri aňladýan harplar örän az ulanylýar. Olary okaýan adam sözüň manysyna laýyklykda özi düşünip ulanmaly bolýar. Häzirkizamanda ýazylan teksti okanda şeýtmek mümkin bolsa, ýüzlerçe ýyl mundan öň bolup geçen wakalar barada köp düşnüksizlikler ýüze çykýar. Ondan başga-da arap awtorlarynyň işlerini göçürip, täzeden ýazan adamlar olary ýoýupdyrlar. Araplarda düşnüksiz daşary ýurt atlary ýazylanda şeýle ýalňyşlyklar has-da köp bolýar. Şonuň üçin arap awtorlarynyň ýazan işlerine düşünmekde kynçylyklar döreýär.

Göwrümli işleriň köpüsiniň mazmuny soňky awtorlaryň işlerinde gysgaldylan görnüşde saklanyp galypdyr. Olaryň iň gyzykly ýerleriniň taşlanan bolmagy-da mümkin.

Taryhy eserler esasan patyşanyň harby ýörişleriň döwründe ýazylan ýol ýazgylaryna çalym edýär. Olar esasan şazadalaryň özara göreşini, söweş hereketlerini, köşkde bolan wakalary beýan edýärler. Ýurtda bolup geçen sosial wakalara örän az ýer berilýär.

Arap-pars ýazgylarynda geografik habarlar has ýokary derejededir. Olarda şäherleriň, obalaryň görki, olaryň arasyndaky ýollaryň uzynlygy, söwda ýollary, senetçiligiň

görnüşleri, daşary ýurtlara çykarylýan we ol ýerlerden getirilýän harytlar barada giňişleýin maglumatlar tapmak bolýar.

Syýahatçylar öz ýol ýazgylarynda öz gören zatlary barada örän giňişleýin maglumatlary beýan edýärler.

Arap geografik eserleri arap basybalyşlary bilen baglanşyklykda ýazylypdyrlar. Şonuň üçin olarda basylyp alnan ýerlerde häkimýeti gurmak, salgytlary ýygnamak meselelerine aýratyn üns berilýär. Şonuň üçin olarda welaýatlaryň, ilatly punktlaryň sanawy, şolarda ýaşaýan ilatyň sany, öndürilýän önümleriň görnüşleri, olardan alynmaly salgytlar barada örän takyk maglumatlar berilýär. Ondan başga-da arap halyflygynyň paýtagty bolan Bagdatdan basylyp alnan ülkeleriň arasyndaky ýollaryň ýagdaýy, onda bolan kerwensaraýlaryň arasyndaky uzynlyk we ş.m. aýratyn üns berlipdir. Diýmek, olar häzirkizaman taryhçylaryna-da örän ygtybarly taryhy çeşmeler bolup hyzmat edýärler. Görşümiz ýaly arap-pars alymlarynyň işleriniň içinde umumylaşdyrylan taryhy eserler-de, aýratyn döwletlere bagyşlanan monografiýalarda, geografik eserlerde, memuarlar-da, ýol ýazgylary-da bar.

Ab-Ali Ahmed ibn Omar ibn Ruste (IX a. I ýarymy) Ispyhanda ýaşapdyr. Onuň diňe “ Gymmatbaha dürler düzüminiň kitaby”(Kitap al-alak an-nefisa) kitaby soñky döwürlere gelip ýetipdir. Ol giňişleýin ensiklopediýa bolup, bize gelip ýeteni 7-nji tomydyr. Onda astronomik giriş bolup, asman jisimleri we hadysalary barada, älemde ýeriň orny barada gürrüňden başlanýar. Soňra musulman ýurtlarynyň suratlandyrmasy berilýär. Iň soňunda bolsa beýleki halklar barada gürrüň açylýar. Bizi onuň türki halklar barada ýazanlary gyzyklandyrýar.

Abu-Bekr Ahmed ibn Muhammed ibn Ishak al-Hamadany, lakamy Ibn al-Fakyh. Doglan we aradan çykan ýyllary anyk däl. X asyrda ýaşan. Onuň iň uly geografik işi

“Ýurtlaryň kitaby”(Kitab al-Buldan) ýa-da “Ýurtlar barada gürrüňler kitaby” (kitap ahbar al-Buldan) bolup, ol bize örän gysgaldylan görnüşde gelip ýetipdir. Ilkinji gezek bu kitabyň bir bölegi 1889-njy ýylda çap edilýär. 1923-nji ýylda Eýranda onuň Eýran, Horasan, Orta Aziýa, Türkiýe barada ýazylan ilkinji bölegi tapylýar. Ol özünden öň ýaşap geçen al-Jahiziň (869 ý. aradan çykan) güýçli täsiri astynda bolupdyr.

Ibn-al-Fakyh öz işini ylmy, şol bir wagtda çeper edebiýata golaý edip, ony gyzyklanyp okamaklaryny isläpdir. Ol al-Madaininiň, al- Jahiziň, Ibn Hordadbegiň al-Belazuriniň, Ibn-Kuteýbanyň maglumatlaryndan peýdalanypdyr. Ol Orta Aziýanyň türki halklary, olaryň ýerleşişi, däpleri, Merw, Balh, oguzlar barada örän gyzykly maglumatlary getiripdir. Ibn-Hordadbegden ol türki ýurtlara ýollarynyň görkezijilerini, türki halklaryň sanawyny alypdyr. Birnäçe maglumatlary ondan öňki başga awtorlarda ýok. Soňky awtorlar olary giňden ulanypdyrlar. Al-Makadisi al Fakihiň beýan ediş usulyny tankytlapdyr.

Abul-Faraj Kudama ibn Jafar. Ol al-Katub al-Bagdadi (Bagdat mürzesi) lakamyny alypdyr. Ilki hristian bolup, soň musulman dinini kabul edipdir. Al-Muktefi halyf döwründe (X a.) ýaşapdyr we onuň weziriniň gullugynda bolupdyr. Döwleti edara etmek boýunça “Ýer salgydynyň kitaby”(Kitab al-Haraj) eseri we iki sany poeziýanyň we prozanyň teoriýasyna degişli işleri ýazypdyr. Salgyt baradaky kitabynda geografiýa degişli bölegi bar. Ol resmi maglumatlardan peýdalanypdyr. Ol administratiw maglumat beriji hökmünde ýazylypdyr. Ol kitabynda halyfatyň welaýatlaryny, esasy şäherlerini, derýalaryny sanaýar. Poçta marşrutlaryny görkezýär. Salgytlar ulgamyna aýratyn üns beripdir. Haýsy welaýatdan näçe salgyt gelýändigini görkezipdir. Şeýlelikde ol IX-X asyrlarda halyfatyň ykdysadyýeti barada iň ygtybarly taryhy çeşmedir. Taryhy maglumatlarynyñ köpüsi VIII-IX asyrlara degişli we ibn Hordadbehden hem-de al-Belazuriden alnypdyr.

**Araplaryň Orta Aziýany basyp almagynyň we türkmenleriň yslam dinini kabul etmeginiň taryhy çeşmelerde beýan edilişi.** Ibn-Hordadbegiň (IX-a. pars) “Ýollaryň we welaýatlaryň kitaby” atly işinde Türkmenistanda ýerleşen şäherleriň, welaýatlaryň atlary getirilýär, olary barýan ýollara baha berilýär, şolardan alynýan salgytlaryň möçberi bellenilýär.

IX asyra degişli başga bir awtor Al-Ýakubydyr. Onuň “Ýurtlaryň kitaby” eserinde Orta Aziýada ýerleşen şäherleriň arasynyň uzaklygy görkezilýär, şäherler barada gysgaça maglumatlar berilýär. Olarda ýaşaýan ilatyň edýän işleri, däp-dessurlary barada maglumatlara hem duşmak bolýar.

Ibn–Jafar (X asyryñ I ýarymy) özüniň “Ýer salgytlar kitabynda” Türkmenistanyň ykdysadyýeti barada maglumatlar berýär. X asyrda al – Balhy Orta Aziýanyň kartasyny we oňa gysgaça düşündirişler ýazyp galdyrypdyr. Onuň işi soňky arap alymlary al-Istahriniň “Ýurtlaryň ýollarynyň kitabynda” we al-Makdisiniň işerinde-de peýdalanylypdyr. IX-X asyrlarda ýaşan al-Masudi, ibn-Miskaweýh, ibn–Ruste Orta Aziýada bar bolan derýalar, Kaspi deňzi, olaryň boýunda ýaşan ilat barada giňişleýin maglumatlarlar getirýärler.

Abul-Abbas Ahmet ibn Ýahýa ibn Jabyr al-Belazuri (…-892) Eýranly arap taryhçysy. Ol halyfyň köşgünde gulluk edip onuň ogluny terbiýeläpdir. Bize onuň iki kitaby gelip ýetipdir. “Eýelenen ýurtlaryň kitaby” (Kitab futuh al-buldan), we “Asylzadalaryň şejere kitaby”. Kitaplaryñ birinjisinde araplaryň ýörişleri beýan edilipdir. Ol wakalary geografik, galyberse-de taryhy ýörelge esasynda beýan edipdir. Her welaýata aýratyn bap berlipdir. Soňky baplarda Horasanyň we Mawerannahryň eýelenmegi barada ýazylypdyr. Köplenç ol öz peýdalanan çeşmelerini agzamaýar. Şoňa seretmezden onuň maglumatlary örän ygtybarly. Taryhçy hökmünde ol wakalaryň ähmiýetine baha beripdir. Beýleki awtorlardan tapawutlylykda ol

wakalaryň daşky görnüşini beýan edmek bilen çäklenmeýär, medeni durmuşy-da beýan edýär.

Agzalan işlerini ýazanynda ol taryhy çeşmeler hökmünde al- Belazurynyñ (826-njy ýylda aradan çykan), Abu Ubeýda Maamar ibn Musannanyň we öz mugallymy al-Madainiň işlerinden peýdalanypdyr. Al-Belazuriniň kitaby bize gysgaldylan görnüşde gelip ýetipdir. Onuň has dolurak nusgasyndan XIII asyrda Ýakut peýdalanypdyr.

Türkmenistanyñ häzirki ýerlerinde araplaryñ basybalyjylykly ýörişleri zamanasyny aýdyñlaşdyryjy möhüm çeşmeleriñ biri-de IX-X asyr taryhçysy Tabarynyñ “Taryhy ar-rusul wel-muluk” (“Pygamberleriñ we şalaryñ taryhy”) atly eseridir. Awtor araplaryñ Hazaryñ kenaryndaky ýerleri eýelemekdäki käbir synanyşyklary barada habar berýär.

Arap taryhçysy we geografy Ÿakut Hamawynyñ “Kitab al-buldan” (“Ÿurtlar kitaby”) atly eseri-de ýokarda ady agzalan sebitiñ taryhyny öwrenmekde wajyp işleriñ biridir.

X asyryň başynda Ibn-Fadlan arap dilinde “Slawýanlaryň patyşasyna al-Muktadiriň ilçisi Ibn- Fadlanyň kitabyny ” ýazýar. Hakykat ýüzünde Ibn –Fadlan slawýanlaryň patyşasynyň ýanyna däl-de, häzirki Tatarystanyň territoriýasynda dörän Bulgar hanlygyna ilçi hökmünde iberilýär. Onuň esasy maksady şol hanlykda ýaňy kabul edilen yslam dinini berkitmekden ybarat bolupdyr. Ibn –Fadlan Orta Aziýanyň üsti bilen geçip gidenligi sebäpli Türkmenistan barada-da örän gymmatly maglumatlary ýazyp galdyrypdyr.

Araplaryň Türkmenistny basyp alşynyň taryhyny öwrenmekde arap dilinde ýazan pars alymy Tabariniň (839-923) “Pygamberleriň we şalaryň taryhy ” atly kitabynyň ullakan ähmiýeti bardyr. Hakykat ýüzünde bu kitap şol döwrüň bütindünýä taryhy bolupdyr. Yslam dini döränden soňky wakalary Tabari has-da jikme-jik ýazypdyr. Bu işi ýazmak üçin Tabari köpsanly ygtybarly çeşmelerden, Gynansakda bu kitap gysgaldylan görnüşde bize gelip ýetipdir.

Şu meselä degişli al-Belazuriniň (IX-a) “Ýurtlary eýelemek kitaby” hem örän gymmatlydyr. Bu kitabyň soňky baplarynda Orta Aziýanyň her bir welaýatynyň eýelenşi barada aýratynlykda ýazylypdyr.

Nerşahiniň (X-a) “Buharanyň taryhy ” kitabynda Türkmenistanda VIII-asyrda bolup geçen Mukannanyň gozgalaňy barada giňişleýin gürrüň berilýär.

Gardizi (XI-a) Horasanyň ýagny, Günorta Türkmenistanyň 1041-nji ýyla çenli taryhyny öwrenmekde gymmatly taryhy maglumatlary galdyrypdyr.

XI asyrda pars dilinde ýazylan Beýhakynyň “Taryh” atly eseri 30 jiltden ybarat bolup, onda bolup geçen wakalar, türkmen-arap gatnaşyklary örän çintgelip ownuk wakalara çenli beýan edilipdir.

XX asyryň I ýarymynda Samarkandyň golaýynda arheologlar Sogdiananyň (Gündogar Türkmenistan) taryhyna degişli sogdy dilinde ýazylan 80-ne golaý ýazgylary tapýarlar. Olar Sogdiananyň VIII asyrdaky ykdysady ýagdaýy barada gyzykly maglumatlary bize ýetirýärler.

Arap basybalyşalry döwründe Orta Aziýa barada Ýewropa awtorlarynyň işleri ýok diýen ýaly. Bu bir tarapdan yslam we hristian dinleriniň arasynda gapma-garşylygynyň güýçlenmegi, ikinji tarapdan VI-X asyrlarda Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde medeniýetiň düýpli pese düşmegi bilen düşündirilýär. Şonuň üçin şol döwürde Wizantiýanyň imperatory Konstantin Bagrýanorodnyýnyň (912-959) “Imperiýalary dolandyrmak barada” diýen işiniň 13-25-nji we 38-nji baplarynda türki halklarynyň gelip çykyşy, olaryň Wizantiýa bilen gatnaşyklary barada ýazan maglumatlary biziň üçin örän gymmatlydyr.

Şol döwre degişli ýerli awtorlaryň işleri barada aýdanymyzda Türkmenistany araplar basyp alandan soň ilkibada bu ýerde ylma, medeniýete uly zarba urlupdyr. Emma IX-XII asyrlarda Orta Aziýada şol sanda, Türkmenistanda täze

“musulman galkynyş” döwri ýüze çykýar. N.Gullaýewiň “Taryhdan galan nusgalar” diýen işinde şol döwürde Türkmen toparagy bilen baglanyşykly görnükli medeniýet işgärleriniň, alymlaryň, şahyrlaryň 20-ä golaýynyň ady tutulýar. Olardan Abu Abdyrahman Abdylla beni Mübärek al- Merwezi (736-798) ylymlylygy, jomartlygy, batyrlygy bilen ile özüni tanadypdyr.Emma, gynansakda onuň ýazan işleriniň hat-da atlary-da saklanyyp galmandyr.

Abu-Abdulla Muhammet ibn Musa al-Horezmi (780-747(863,880)ýý) Köneürgençde dogulyp ylmyň dürli pudaklaryna, şol sanda taryh ylmyna uly goşant goşan adam bolan. Onuň astronomiýa, algebra goşan goşandy ägirt uludyr.

Gündogarda Ibn-Kutewba ady bilen meşhur bolan asly Maryly Abu Muhammet Abdylla beni Müslim al-Merwezi (828-889) ensiklopedik häsiýetli “Üýn al- ahbar” (“Habarlar çeşmesi”) diýen işi ýazypdyr. Ol arap filologiýasynyň Bagdat mekdebini esaslandyryjysy hökmünde taryha girýär.

Diýmek şol wagtyň ýerli alymlary diňe Türkmenistanyň däl, eýsem bütin Gündogar halklarynyň medeniýetine öz goşantlaryny goşupdyrlar. Ýöne türkmen halkynyň ykbalyna düşen pajygaly wakalar sebäpli olaryň eserleriniň köpüsi barada biz diňe soňky döwrüň awtorlarynyň salgylanmalary esasynda bilýäris.

## § 2. Türkmen-seljuk imperiýasynyň döreýşi we ösüşi taryhy çeşmelerde

Biziň eýýamymyzyň ata-babalarymyz kuwwatly döwletleri döredip, dünýäniñ çar künjeklerine köpçülikleýin ýaýrap başlaýar. Türkmenleriñ öz ýurdunda döreden döwletleri Gaznaly türkmen döwleti, Beýik seljuk türkmenleriniñ döwleti, Könürgenç türkmenleriniñ döwleti we başgalar bolupdyr. Ondan başgada dünýä öz täsirini ýetiren jahan döwletleriniñ düýbüni Kiçi Aziýanyñ, Arabystanyñ, Hindistanyñ we Müsüriñ çäklerinde tutupdyrlar. Türkmenleriñ döreden döwletleri baradaky maglumatlar dürli dilli çeşmelerde-arap, pars, grek,

latyn, sanskrit, hindi we beýleki ýazgylarda hem öz beýanyny tapypdyr. Bu döwür barada taryhy ýazuw ýadigärlikleri hem giñden beýan edýär. Ol golýazmalar dürli döwürleri öz içine alýar.

Seljuk türkmenleriniñ döreden beýik döwleti dünýä taryhynda uly yz galdyryp, iki ýüz ýyla golaý Gündogar we Günbatar döweltleriniñ ösüşine öz täsirini ýetiripdir. Seljuk türkmenleriniñ guran döwletiniñ düzüminde dürli halklar bolupdyr. Emma türkmenleriñ döwleti baradaky taryhy çeşmeler dürli sebäpler zerarly az saklanyp galypdyr. Şolaryñ arasynda Togul beg as-Seljugyñ "syrat ul-Melik" ("Patyşanyñ ömür beýany"), "Risala-i Mälikşahiýa" ("Mälik şa barada ýazylan gysga kitap"), "Mäliknama", "Sanjarnama" we başgalar öz döwründe iñ tanimal hem ynandyryjy çeşmelerdi. Ol kitaplaryñ atlaryny soñky asyrlarda ýaşan ýazarlaröz işlerinde ýatlapdyrlar.

Şaraf eddin Zamin Tahyr seljuklaryñ köşk lukmany. Onuñ "taba-i al-haýwan" atly golýazmasynda aýratyn bölümler türk halklaryna bagyşlanan. Ebu Seýit Gardizi (XI a) "Zaýn al-ahbar" diýen işinde seljuk türkmenleriniñ Horasandaky hereketlerini giñişleýin beýan edipdir.

Beýik seljuk türkmenleriñ döwleti hakynda esasy çeşme Abyl Fazl Beýhakynyñ "Taryhy Masudy" kitabydyr. Seljuk türkmenleriniñ taryhynyñ irki döwrüne degişli işleriñ birini Anuşirwan ibn Halyd Kaşany ýazypdyr. Näbelli ýazaryñ "Mujumal at tawaryh walkysas"-"ýyl ýazgylarynyñ we gürrüñleriniñ ýygyndysy" atly uly kitap taryhy maglumatlara görä 1126-njy ýylda ýazylan.

XII asyrlarda Zahyreddin Nişapuryñ ýazan "Seljuknamasy" soñky döwürlerdäki ýazarlara çeşme bolup hyzmat edipdir. Sejuk eýýamynyñ ilkinji çeşmeleriniñ biri hem Nyzamalmülkiñ "Syýasatnama" diýen işidir. Kitapda türkmenleriñ döreden syýasy, ykdysady we medeni gurluşy, olaryñ dolandyryş usullary hakynda giñişleýin maglumat

berilýär. Ýakut al-Hamawynyñ “Ýurtlaryñ sözlügi” atly kitabynda seljuk türkmenleriniñ döwleti barada hem gyzykly habarlar ýerleşdirilipdir.

Seljuk türkmenlerine degişli golýazmalaryñ biri hem “Uýun at-Tawaryhdyr” (“Taryhlaryñ gözbaşlary”). Onuñ ýazary Gars an Ni’ ma Abyl Hasan Muhammet ibn Halil ibn al Muhassin as Sabi XI asyrda Bagdatda bu eseri döredýär. Gars an Ni’ ma 1025-nji ýylda dünýä inipdir. Onuñ kakasy Halil ibn al Muhassin as Sabi meşhur taryhçy (ýogalan ýyly 1056 ý.) bolupdyr. Ol öz döwrüniñ oñat bilimini alyp, Gars an Ni’ ma halyfyñ diwanynda inşa wezipesine gulluga alnypdyr. Soña baka çekýän zähmeti üçin halyf el Kaimiñ şa serpaýyna mynasyp bolupdyr. Wezipesi boýunça ol halyfyñ içinde bolýan ýagdaýlaryñ hemmesinden habarly bolupdyr.

XIII asyrda taryhçy Sibta ibn el Jauzi (1186-1256) Gars ibn Ni’ mañ işini özüniñ “Mir’ at az zaman fi tarih al-a, ýan” (“Döwürler taryhy zaman aýnasyndan”) atly kitabyna girizipdir. “Mir’ at az zaman” köp tamlardan ybarat bolupdyr.

Merw, Abiwerd, Amul, Könürgenç, Nusaý, Sarahs şäherleri syýasy, ykdysady we ylmy merkezler hökmünde tanalypdyr. Türkmen, türk, arap, pars taryhçylary syýahatçylary öz işlerinde türkmenleriñ şäherleri, ol ýerlere barýan kerwen ýollary, binalary, metjit-medreseleri we kerwensaraýlary hem-de ýurduñ ilaty hakynda dürli maglumatlar beripdirler. (Ibn Fadlah, Ibn Hardadbeh, Abul Ishak Istahri, Mahmyt Kaşgary we başgalar). Türkmen alymlary, lukmanlary, taryhçylary, diliñ, edebiýatyñ, hasaplaýyş ulgamynyñ, fizikanyñ, ýyldyzlar ylmynyñ we beýleki ugurlaryñ görnükli wekilleri bolup, dünýä ylmynyñ ösüşine uly goşant goşupdyrlar. Olaryñ eden açyşlary we dürli ulgamlar üçin döreden tehniki enjamlary, taýýarlan dermanlary we bejeriş usullary häzirem alymlary haýran galdyrýar (Samani, Ýakut, Muhammet an Nesewi, Reşiteddin we başgalar). Şol beýik alymlaryñ atlary adamzadyñ taryhynda ebedilik galar. Olaryñ arasynda dünýä belli lukmanlar Ali ibn

Sahl Rabban, Ibn Masa, Seýit Ysmaýyl Gürgenli, alymlar al-Farabi, Muhammet Horezmi, Abu Reýhan Biruny, Ahmet ibn Abdallah al Merwezi (Habaş al Hasib), Bahaweddin Abu Muhammet Abduljepbar al Haraky, Abul Fath Abdyrahman al Hazyny we başgalar bar.

Umuman aýdanymyzda türkmen halkynyñ taryhynda seljuk türkmenleriniñ eýýamy örän uly ähmiýete eýedir. Türkmen seljuk döwletiniñ paýtagty Merw bolyp, onuñ düzümine Merkezi Aziýanyñ köp ýerleri giripdir. Seljuk türkmen döwletiniñ hökümdarlygy döwründe ýeke-täk medeniýetli siwilizasiýanyñ döremegine merkezleşdirilen häkimiýetiñ esaslandyrylmagy, özara agzalykly uryşlaryñ azalmagy, ýeke-täk arhitektura däp dessury,din we bir diliñ ýaýramagy uly täsirini ýitirýär.

Seljuklaryň Horasanda ýerleşişleri, seljuk türkmen döwletiniñ döreýşi we ösüşi barada köpsanly taryhy çeşmeler saklnayp galypdyr. Olaryň arasynda ýerli alymlaryň-da, arap-pars awtorlarynyň işleri-de bar.

Arap taryhçysy Izzatdin Abul Hasan Ali ibn Muhammet ibn Muhammet ibn al-Asir (1160-1234) Mesopotamiýada Jezirat ibn Omarda häkimiň maşgalasynda dogulýar. Ol ýerde bilim alandan soň Arabystana, Siriýa, Palestina syýahat edýär. Esasan hadyslary we taryhy öwrenmäge üns berýär. Ömrüniň köp wagtynda Mosulda geçirýär. 1188-nji ýylda haçparazlara garşy söweşlere gatnaşýar. Öz taryhy işini "Taryhyň doly beýany" (al-Kamil fi-t-taryh) diýip atlandyrýar. Ol bütindünýä taryhy häsiýetinde ýazylypdyr. Awtor senenama ýazylyş usulyny ulanýar. X a. çenli Ibn-al-Asir at-Tabariniň taryhyny ulanypdyr. Ýöne ony örän gysgaldypdyr we wakalary yzygiderli beýan etmäge çalyşypdyr. Şol wagtda At-Tabariniň işiniň üstüni Müsür, Demirgazyk Afrika, Ispaniýa baradaky maglumatlar bilen doldurypdyr. Köplenç halatlarda ibn al-Asiriň elinde taryhy çeşmeleriň asyl nusgasy bolupdyr. X - asyrdan 1231-nji ýyla çenli aralyga degişli wakalaryň beýan

edilişi ibn al-Asiriň işinde örän çuňluk bilen derňelipdir. Ol ýerli senenamalary ulanypdyr diýip çak edilýär. Ondan başgada ibn al-Asir At-Tabariniň işi ýazylandan soňky ýyllary beýan etmek üçin köp sanly taryhçylaryň işlerinden peýdalanypdyr. Olardan Arif ibn Sa'dy (X a.), Sabit ibn Sinany (903-974 ý.ý), ibn Muhammet al-Fergani (X a), ibn Miskaweýhi (XI a.), ibn al-Muhsik as-Sabinini (XI a.), Muhammet ibn Hilaly (X-XI a.), Abd-al-Mälik al-Hamadanyny (XII), Abul-Hasan ibn ar-Ragunini (XII a.), Sadaka al-Haddad al-Afifi (XII a.), Ibn al-Džauzini (XI a.), ibn al-Kadisini (XIII a.), al-Hamadani ar-Rudrawerini (XI a.), Ibn Zeýd al-Beýhakyny (ibn Funduk) (1105-1169 ý.ý.) we başgalary agzamak bolar.

"Doly taryh" atly işinde ol Horasan we Orta Aziýa baradaky maglumatlary toplanynda Orta Aziýa taryhçysy Abul-Huseýn Ali ibn Ahmed as-Sellaminiň "Horasanyň hökümdarlarynyň taryhy" (X a.) eserini peýdalanypdyr. Bu kitapda seljuklar, olaryň Horosana aralaşyşy, Gaznalylar bilen göreşi, seljuk döwleti, olaryň serkerdeleri, seljuklaryň ýakyn Gündogara ýörişleri barada giňişleýin maglumatlar bar. Ibn al-Asir Mosul atabegleriniň taryhyny hem ýazypdyr. (MITT, t.1,s. 37-39).

XI asyryñ par taryhçylarynyñ biri Abu-Seýit Abu-al-haý ibn az-Zahhan ibn Mahmyt Gardizi Owganystanyñ Gardez şäherinde önüp-ösüpdir.

Gardiziniñ 1049-1053-nji ýyllar aralygynda pars dilinde ýzaylan "Ýyl ýazgylarynyñ bezegi" ("Zeýn Al-Ahbar") atly eserinde yslamdan öñki pars patyşalarynyñ, Muhammet pygamberiñ we 1032-nji ýyldan öñki halyflaryñ taryhy beýan edilýär. Şular bilen birlikde bu kitapda Horasanyñ 1041-nji ýyla çenli taryhy-da öz beýanyny tapýar. Horasanyñ taryhy baradaky söhbetde seljuklar, olaryñ güýçlenip başlamagy, seljuklaryñ Mahmyt Gaznala garşy göreşleri, Dañdanakan söweşi we beýlekiler barada maglumatlar bar. Şeýle-de işde

Hindistan, Aziýanyñ türki taýpalary, ruslar hakynda, grek ylmy hakynda, dirli halklaryñ dini baýramlary hakynda bölümler bar.

Daňdanakanyň gyzykly geçmiş taryhy bar. Şol taryhyň üstüni açmakda, biziň günlerimize çenli saklanyp galan taryhy-ýazuw çeşmelerine salgylanmak gerek. Şeýle ýazuw çeşmeleriniň biri-de XI asyryň görnükli awtory Abulfazyl Beýhakiniñ (995-1077) "Beýhakiniň taryhy" (ýa-da Söbük teginiň taryhy, Masudyň taryhy hem diýilýär) atly işidir. Onuñ 30 jiltlik işiniň gygaldylan görnüşi biziñ günlerimize gelip ýetipdir. Abulfazyl Beýhaki Eýran taryhyçysy we gaznalylar döwletiniň emeldarydyr. Ol ýurduň içeri we daşary syýasatyndan gowy baş çykaryp bilipdir. Onuň bu eseriniñ Orta Aziýa hem-de Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň halklarynyň ilkinji nobatda bolsa türkmen halkynyň ösen Orta asyry taryhyny öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak uly ähmiýeti bar. Bu eserden XI asyrda türkmen taýpalarynyň syýasy, ykdysady ýagdaýy barada gymmatly materiallar tapmak bolýar. Abulfazyl Beýhaki Masut Gaznalynyñ türkmenler barada alyp baran nädogry syýasatyna obýektiw baha berýär. Ŷüz on ýyl gowrak wagt mundan ozal (1898-nji ýylda) Gündogary öwreniji alym, taryhçy, akademik W.W.Bartold Abulfazl Beýhakynyň "Masudyň taryhy" diýen eserine uly baha berip:" Abul-l-Fazl Muhammet b. Hüseýn Beýhakynyñ eseri musulman edebiýatynyñ taryhynda aýratyn orny eýeleýär" diýip ýazypdyr. Şonda W.W.Bartold öz döwürdeş alymlarynyñ Beýhakynyñ işinden entek az peýdalanýandyklaryny ýüzugra belläpdir.

1969-njy ýylda Moskwanyñ "Ylym" neşirýaty "Masudyñ taryhy" rus dilinde çap etdi. Ony A.K.Arends pars dilinden terjime edipdir, oña giriş ýazypdyr, düşündiriş beripdir we goşmaçalar girizipdir.

Bu eserde 1038-1041-nji ýyllar aralygyndaky taryhy wakalar beýan edilýär, ol soltan Masut Gaznalynyñ edara eden

döwrüne bagyşlanýar we  seljuklar döwrüniñ taryhyny öz içine alýar.

Gürrüñini edýän döwrümizde häzirki Owganystanyñ territoriýasynda emele gelen we uly türkmen imperiýasyny dolandyran Gaznalylar nesilşalygynyñ baştutany we onuñ ogly Masut soltan seljuk türkmenlerini tabynlykda saklamak üçin olary köp horluklara sezewar edipdirler. Mahmyt Gaznaly seljuk türkmenleri bilen gazaply uruşlar alyp barypdyr. Emma oña türkmenleriñ gozgalañlaryny ýatyrmak başartmandyr, gaýtam söweşlerde ýeñlip yza çekilmäge mejbur bolupdyr. Şeýle söweşleriñ biri Orta asyr Dañdanakan şäherinde bolup geçýär. “Masudyñ taryhynyñ aýry-aýry sahypalary gönüden-göni Dañdanakan söweşine bagyşlanýar.

Merwde alym adamlaryñ maşgalasynda doglan Abu Seýit Abd-al-Kerim ibn Muhammet ibn Mansur as-Samany (1113-1167 ý.ý.), gelip çykyşy boýunça arap bolup ol ýaş wagty köp ýurtlara syýahat edýär. (Orta we Alynky Aziýa, Nişapur, Yspyhan, Bagdat, Hemedan, Damask, Ierusalim, Reý, Tus, Yrak, Mesopotamiýa, Hijaz). 1143-nji ýylda Merwe gaýdyp gelýä we medresede sapak berýär. Şondan soñ hem Horasana we Orta Aziýa syýahatlaryny dowam etdirýär. As-Samany arap dilinde ýazypdyr. Ol 40-dan dowrak taryhy eserleriñ awtory bolupdyr. Olaryñ köpüsi mongol basybalyşlary döwründe ýök edilýär. Eserleriñ içinde 15 jiltden ybarat Bagdadyñ taryhy, 20 jiltlik Merwiň taryhy, geografik sözlük, ulamalaryñ terjimehallarynyñ toplumy, “Genealogik atlaryñ kitaby” (Kitab al-ansab) we ş.m. bolupdyr. “Genealogik atlaryñ kitaby” 4-den 7 müñe golaý adamdan toplanan gürrüñleriñ esasynda düzülipdir. Şonuñ üçin bu kitap Orta Aziýada we Horasanda ýaşap geçen meşhur adamlar barada iñ baý taryhy, terjimehal we geografik maglumatlaryñ toplumydyr. Meşhur adamlar elipbiý boýunça gelip çykyşy, bilimi, taýpa, tire bölünişigi, doglan ýeri, hünäri we ş.m. barada maglumatlar berýär. Bu bolsa sözlügi ulanmagy örän añsatlaşdyrýar. Awtor her adamyñ

terjimehalyny, käbir maşgalalaryñ nesil daragtyny berýär. Ol öz döwrüniň syýasy işgärlerini örän dogruçyl häsiýetlendiripdir. As-Samanynyñ bu 8 jiltlik işi XIII asyrda ibn al-Asir tarapyndan 3 jilde çenli gysgaldylýar. As-Samanynyñ taryhy eserleri XIII asyrda geograf Ýakut tarapyndan hem peýdalanylypdyr. Ol As-Samanylaryñ Merwde iki kitaphanasynyñ bolandygyny habar berýär.

İlkinji türkolog, gündogarşynas, halk döredijiligini, aýratyn hem nakyllary, atalar sözlerini ýadawsyz ýygnamakda görelde alarlyk derejede nusga görkezen Mahmyt Kaşgary (XI asyr) türkmen taýpalarynyñ ýaşaýan obalaryna aýlanyp, olaryñ diline, taryhyna, etnografiýasyna, däp-dessurlaryna degişli baý maglumatlary toplapdyr. Şonuñ netijesinde “Diwani lugat it-türk (Türki dilleriñ diwany) atly işini ýazypdyr. M.Kaşgarynyñ öz eli bilen arap dilinde ýazan nusgasyndan göçürleni häzir Stambulyñ kitaphanasynda saklanýar. M.Kaşgarynyñ bu sözlügi düzmek bilen esasy maksady arap dünýäsini türli diller bilen tanyşdyrmakdan ybarat bolupdyr. İşde türki kowumlaryñ dilиniñ, olaryñ gelip çykyşlarynyñ arap ýa-da beýleki halklardan hiç bir tarapdan kem däldigi hem aýdylýar. Awtor tözüne “Bu Nuhuñ oglunyñ adydyr, oña bu ady Tañrynyñ özi dakypdyr. Türk-Tañry ýalkan diýmekdir” diýen düşündiriş berýär.

Mahmyt Kaşgarynyñ bu diwany diñe bir sözlük bolman, ol türki dilleriñ başlangyç okuw kitaby hökmünde-de peýdalanylypdyr. M.Kaşgarynyñ bu işinde türki kabylalar, kowumlar, olaryñ ýerleşýän ýerleri, etnografiýasy, taryhy, dili, medeniýeti barada giñden maglumat berilýär. Şeýle hem onda sözleriñ etimologiýasy, ýer-ýurt atlary, garyndaşlyk adalgalary, etnonimler, haýwanlar, guşlar, ösümlikler, astronomik adalgalar, nakyllar, matallar we beýlekiler hakynda baý maglumatlar bar. Ýene-de taýpalaryñ atlary, olaryñ döreýşi, başga-da köp zatlar barada rowaýatlar, goşgy setirleri getirilýär. Mysal üçin, bir rowaýatda türki halklarda müçe ýyllaryñ kabul

edilişi hakynda gürrüñ edilýär. Türki taýpalaryñ serdarlaryndan biri öz ýaşaýan döwründen öñ bolup geçen urşuñ ýagdaýyny, nähili bolandygyny öwrenmekçi bolupdyr. Emma urşuñ bolan wagtyny kesgitläp bilmändir. Şonuñ üçin ol taýpa serdarlaryny ýygnap:"Biziñ şu ýalñýşlyklarymyzy geljekki nesil goýbermez ýaly, çalşyp duran on iki aý hem-de asmandaky planetalaryñ hereketlerine esaslanyp, on iki ýylyñ hersine bir at goýalyñ bizden soñkular ýyl hasabyny şol atlaryñ aýlanyşygyna garap bilsinler. Ol geljege bizden ebedilik ýadygärlik bolar" diýip teklip edipdir. Muny maslahat bilip, serdarlar awa çykypdyrlar. Olar haýwanlary derýa tarap kowup başlapdyrlar, suwdanilki geçen haýwan ýolbaşçy bolmaly eken. Derýadan ilki syçan geçenmiş. Şol hem ýylbaşy bolanmyş. Suwdan geçen beýleki haýwanlaryñ atlary hem yzygiderlilikde ýyllara dakylypdyr. Ýazar olaryñ tertibini görkezipdir. Şeýle hem haýwanlaryñ häsiýetine görä, ýyllaryñ nähili geljekdigine degişli gürrüñleri-de getirýär. Ýyllaryñ atlary şeýle berilýär: 1.Syçan, 2.Sygyr, 3.Bars, 4.Towşan, 5.Luw, 6.Ýylan, 7.Ýylky, 8.Koý, 9.Bijin (maýmyn), 10.Takyk (towuk), 11.It, 12.Doñuz.

"Söwettskaýa týurkologiýa" žurnalynyň 1972-nji ýyldaky birinji sany tutuşlygyna Mahmyt Kaşgarynyň we onuň ylym dünýäsine belli bolan "Diwani lugat it türk" diýen işiniň 900 ýyllygy mynasybetli çykarylypdyr. Žurnalda awtor we onuň "Diwany" hakynda 20-den gowrak makala berlipdir. Ol makalalarda Mahmyt Kaşgary hakynda, onuň döwri hakynda, sözlük we sözlügiň ähmiýeti hakynda ep-esli maglumat berilýär. Žurnalyň redaksion makalsy belli türkolog, akademik Andreý Nikolaýewiç Kononowyň galamyna degişli. Makala "Mahmyt" Kaşgary we onuň "Diwani lugat it-türk" diýen işi diýlip atlandyrylýar. Ol makalada örän gymmatly maglumatlar bar.

Seljuklar eýýäminde Nusaýda ýaşan Abu Abdylla Muhammet ibn Abdylmälik emir Muizzi Nusaýy (1058-1148) şahyr we taryhçy bolupdyr. Ol özüniň "Soltan Sanjaryň ömri

we ýeňişleri” diýen şahyrana eserinde öz döwründe bolup geçen wakalary beýan edipdir.

Onuň başga bir döwürdeşi Owhadetdin Aly bin Muhammet ibn Ishak Enweri Abywerdi (1110-1191) “Özüniň horasanyň gözýaşlary” diýen eserinde 1153-1154 ýý Merwe ýörişleri barada giňden beýan edipdir. Bu ýörişler öz ýykgynçylygy bilen döwürlrinde uly täsir galdyrypdyrlar. Şonuň üçin oguzlaryň ýörişleri, şonuň netijesinde seljuk döwletiniň dargamagy barada şol döwrüň taryhçylary Imad ad-din Isfyhany, Rawendi, Al-Asir, Jüzjany dagylar ýazypdyrlar.

Abu-Bekr Muhammet ibn Aly ibn Süleýman ar – Rawendi (XII- XIII a. başy) Ol Seljuklar barada ýazan az sanly awtorlaryň biridir. Ýaşan seneleri anyk däl. Ol Rawenda şäherinde doglup, Yspyhanda ýaşapdyr. Alym maşgalasyndan gelip çykypdyr. Ýaş wagtynda ýetim galyp, daýysynyň elinde terbiýelenipdir. Daýysy Hemedanda medresede mugallym we alym bolupdyr. Onuň ýolbaşçylygynda 10 ýyllap Gurhany, hadysalary, olara düşündirişleri, arap we pars edebiýatyny, hukuk ylymlaryny, kalligrafiýany öwrenipdir. Ol 70 dürli ýazuw usulyny özleşdiripdir we kalligrafiýa boýunça okuw kitabyny ýazypdyr. Ussatlygy sebäpli soňky seljuk soltany Togrulyň (1175-1194) köşgünde ýaşapdyr. Köneürgenç türkmenleriniň döwletiniň hökümdary muhammet 1194-nji ýylda Eýrana degişli Yragy eýelänsoň Hemedanda ümsümlikde ýaşapdyr.

Kiçi Aziýada Seljuk tagtyna Abul-Fath Keýhosrow ibn Gylyç Arslan çykandan soň özüniň esasy işi bolansoň “Ýürekleriň dynçlygy we şatlygyň geňligi” (Rahat as-sudur we aýat as-surur) diýen işiniň üstünde işläpdir (1202-1205 ý.ý.). Bu kitapda taryhy materiallar Gurhanyň tekstleri, arap we pars dilindäki goşgular, nakyllar, atalar sözleri, aforizmler, dürli tymsallar bilen utgaşyp gidýär.

Kitapda Seljuklaryň XI asyrda taryhy sahna çykan döwründen tä 1199-njy ýyla çenli taryhy beýan edilýär. Soňky

Seljuk soltanlary bolan Arslan we Togrul bilen baglaşykly maglumatlar şu awtordan başga hiç bir awtorda ýok. Ol öz garyndaşy bolan Zahir ad-din Nişapuriniň “Seljuk-nama” diýen işinden köp maglumatlar alypdyr. Ol Beýhakynyň eserlerinden-de peýdalanypdyr. Myrad II- (1421-1451 ý.ý.) döwründe ar-Rwendiniň işi türk diline terjime edilipdir. 1921-nji ýylda türkmenlere degişli ýerleri Muhammet Ykbal tarapyndan pars diline terjime edilip, oňa giriş, kommentariý ýazylypdyr.

Abu-Abdullah Muhammet ibn Muhammet aş-Şerif al-Idrisi (1099-1165) Ispanyýada dogulýar. Ömründe köp ýere syýahat edýär. (Seuta, Kordowa, Lissabon, Andaluziýa, Fransiýa, Angliýa, Morokko, Alžir, Kiçi Azyýa, Sisiliýa we ş.m.) Sisiliýada Norman Karoly Rojep II köşgünde bolup, oňa asmanyň we özün belli ýurtlaryň “Globusyny” kümüşden ýasap berýär we oňa düşündiriş ýazýar. Kitabyny “Gözýetimi aýlanyp çykjaga melhem”(Nuzhat al- mumtan fi-h tirak al- afak) diýip atlandyrýar. Al-Idrisi karta çyzanda Ptolomeýiň däplerine eýeripdir. Onuň pikiriçe ekwatordan günortada adamlar ýaşamaýar. Ol esasan eýýäm şol döwürde köneli şen Ibn Haukalyň al- Jeýhalynyň maglumatlaryndan peýdalanypdyr. Aziýa ýurtlary, Samanylar barada ol ilçileriň, täjirleriň, syýahatçylaryň beren maglumatlaryndan peýdalanypdyr.

Abul Hasan Ali ibn al-Huseýin al- Masudi (X a.) Görnükli arap taryhçylarynyň we geograflarynyň biri. Bagdatda dogulan . Ýaş wagty Eýrana, Hindistana, Seýlona, Hytaýa , Zanzibara, Omana, Siriýa, Müsüre, Kaspiý deňziniň günorta kenaryna syýahat edýär. (956 ölen). Ol köp taryhy işleri ýazypdyr. Emma olardan “ Altyn däneleri we samaswet känleri”(Murudän az-Zahap wa maadin al jawahir) diýen taryhy- geografik ensiklopediýasy, “Nesihat we ynanç kitaby” (Kitab at tenbih wa-l-işraf) diýen geografik kitaby bize ýatipdir. Iki eseri esasan özüniň syýahat eden döwründe gören we beýleki syýahatçylardan, täjirlerden eşiden zatlary taryhy çeşme bolup hyzmat edipdir. Belli bir derejede Ibn Hordadbehiň

işlerini-de ulanypdyr. Onuň kitaplary okyjylaryň giň köpçüligine niýetlenipdir. Şonuň üçin gyzykly we ýenil okalar ýaly bolmagy ugrunda çalşypdyr. Käbir maglumatlary ygtybarly däldir.

Wezirlik wezipesiniň iň ýokary derejesine eýe nolan döwlet işgärleriniň biri türkmen taryhynda Nyzamymülk ady bilen tanalýan Abu Aly al- Hasan ibn Yshan at-Tusy türkmen soltanlary tarapyndan şeýle uly derejä göterilse-deç özüne bildirilen ynamy ödäp bilmändirü Açgözlügi hem-de harsydünýäligi üçin Nyzamymülk häli-şindi Mälik şanyň gazabyna duçar bolýan eken XII asyryň meşhur taryhçysy Rawendi ýeri gelende aýtsakç ol Yrakdaky seljuk döwletiniň iň soňky sltany Togrul II-niň (1171-1194ý.) weziri bolupdyr. Özüniň "rahat as-sudur we aýýat assuru" ("Ýürekleriň ynjalygy we şatlygyň höziri") eserinde Nyzamymülküň açgözlügi barada şeýle maglumatlary getirýärü "Sen meniň bilen döwlet dolandyryşyna deň jogapkär adam. Emma açgözlük edipç hemme zatlary hat-da gerekmejek zatlaram eýelejek bolýarsyň. Utanman ogullaryňa iktalary (gulluk üçin berilýän uly ekerançylyk ýerleri) we welaýatlary paýlaýarsyň. Seret! Men buýraryn, seniň dostlaryňy (uly wezipeli adamlaryň geýýän sellesi) başyňdan sypyrarlar" diýipç Mälik şa wezirine azmly darapdyrü Sowet taryhnama ylmynda döwleti dolandyrmagyň türkmen ulgamynyň-nusgasynyňç hamanaç Seljuk soltanlarynyň weziri Nyzamymülk tarapyndan esaslandyrylandygy baradaky nädogry düşünje öňe sürülýärdiç Ýöne bu gapy düşünje XX asyryň ahyrynda öz ähmiýetini ýitirdiü Sebäbi türkmeniň dünýä nusgalyk döwlet gurluşyç şol sanda Nyzamymülküň wezirligi we onuň şahsyýeti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda bolsaç bu barada mukaddes Ruhnamada düşündiriş talap etmeýänç şeýle jaýdar aýdylan pähimli sözler bar: "Nyzymy mülk köşek hile-pirimlerini ulanypç beýik wezirlik wezipesine geçdi" diýip takyk aýdyp bolarü Ol garry wezir bilen solta Alp Arslanyň

arasyna duşmançylyk atmagy başardýar. Ýaş soltan garry weziri ölüme höküm edýär. Şonda garry wezir ölüminiň öň ýanyna Nyzamymülke:

-Sen türkmen hökümdarlaryny gan dökmegi öwretdiň! – diýýär. Türkmen hökümdarlary nähak gan dökmegi Hudaýdan daş düşmek hökmünde görüpdirler. Garry weziriň ölmüniň öň ýanynda aýdan bu sözi türkmen hökümdarlarynyň adalatly bolandygynyň jaly şaýadyü Türkmen adyl hem kämil döwlet dolandyryş ulgamy nesilbaşymyz Oguz hen Türkmenden, Erkil Hoja we Gorkut ata ýaly türkmen danalaryndan gözbaş alyp gaýdýar. Nyzamymülküň Seljukly döwletindäki bar "hyzmaty" onuň türkmen soltanlarynyň buýurma esasynda gadymdan gelýän şol kämil nusgany öz döwründe kagyz ýüzüne geçirenligindedir!

Umuman "Syýasatnama" eserinde seljuk döwletiniň gurluşy, onda syýasy, ykdysady gatnaşyklar barada örän gymmatly maglumatlar getirilýär.

## §3. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti taryhy çeşmelerde

Gündogar seljuk döwleti synandan soň örän çalt depginde ýokary galyp başlan Köneürgenç türkmenleriniň döwleti barada hem ýokarda agzalan awtorlar ýazypdyrlar. Ibn Al-Asir, Bekran we Jüweýni oguzlaryň Horasany tozduranlaryndan soň başlanan özara uruşlardan peýdalanyp Köneürgenç türkmenleriniñ döwletiniň territoriýasynyñ giňelip başlamagyny, Köneürgenç şalarynyň ýörişlerini jikme-jik beýan edýärler. Olaryň we Muhammet şanyň basybalyjylykly ýörişleri hem giňişleýin suratlandyrylýar.

Muhammet ibn Hajib Bekran özüniň "Dünýäniň beýany " (Jahannama) diýen işini Köneürgenç türkmenleriniñ döwletiniñ hökümdarlarynyñ biri Alaedddin Muhammet ibn

Tekeş (1200-1220 ý.ý. hökümdar bolan) üçin ýazypdyr. “Jahannama” – bu dünýäniň geografiýasy ýaly bolup, dünýä kartasyna düşündirişe meňzeýär. Ol X asyryñ arap geograflarynyň işlerini öz döwri bilen mehaniki suratda baglanyşdyrýar. Soňra onuň işi Jürjäniniň “Mesalik wa memalik” diýen eserinde peýdalanylypdyr. MITT,t.1,s.49

Ala-ad-din Ata-Mälik ibn Muhammet Jüweýni (1226-1282/83 ý.ý.) pars taryhçysy we döwlet işgäri bolup, mongol hanlarynyñ gullugyna geçen begiñ maşgalasynda önüp-ösüpdir. Jüweýniniñ 3 jiltlik “Dünýäni basybalyjynyñ taryhy” eserini 1252/1253-1260-njy ýyllarda ýazypdyr. Işde esasan Çingiz hanyñ ilkinji basybalyşlaryndan başlap mongol ýörişleriniñ jikme-jik beýany erilýär we Hulagu hanyñ Eýrana garşy ýörişi bilen tamamlanýar. Şular bilen birlikde eserde Köneürgenç türkmenleriniñ döwletiniñ döreýşi, ösüşi, mongollara garşy göreşleri hem öz beýanyny tapýar.

Jüweýni “Dünýäni basybalyjynyñ taryhyndan” başga-da ömrüniñ ahyrlarynda öz ömri hakynda takyk maglumatlar berýän iki sany eser; biri “Doganlaryñ köşeşdirilmegi” (“Tasliýat-al-ihwan”), beýlekisi bolsa atsyz bolan eserlerini hem ýazypdyr.

Fazlallah ibn Abu-l-Haýr Reşid-ed-din 1247-1318-nji ýyllarda ýaşap geçen eýran taryhçysy we döwlet işgäri bolup, Hemedan şäherinde önüp-ösüpdir. Ol ilki mongol hanlarynyñ ýanynda lukman, soñra bolsa wezir bolup gulluk edipdir. 1298-1317-nji ýyllarda Reşid-ed-din Gazan hanyñ we Uljaýtu hanyñ weziri bolup işläpdir. Uljaýtu hany awy berip öldürmekde galp günäkärlenen Reşid-ed-din han-begleriñ hile-pirimleri netijesinde özüniñ kiçi ogly bilen bilelikde jezalandyrylyp öldürilipdir.

Reşid-ed-diniñ pars dilinde ýazylan “Ýyl ýazgylarynyñ ýygyndysy” (Jami At-Tawarih) 1310/1311-nji ýyllarda ýzaylyp tamamalanypdyr. Bu iş iki kitapdan ybarat bolup, biziñ günlerimize çenli gelip ýetipdir. Onuñ birinji kitaby mongol we

türk taýpalarynyñ sanawyny hem-de taryhyny, Cingiz hanyñ özüniñ hem-de onuñ mirasdarlarynyñ taryhyny öz içine alýan bolsa, ikinji kitaby ýa-da bölegi Uljaýt hanyñ patyşalyk eden wagtynyñ taryhyny we bütin dünýä taryhyny öz içine alypdyr. Işde Çingiz hanyñ öz ogullary Juçini, Çagataýy we Ugedeýi Köneürgenç türkmenleriniñ döwletiniñ garşysyna iberişi, döwleti olaryñ basybalyşy we beýlekiler barada maglumatlar getirilýär. Umuman ol öz kitabynda mongollaryñ resmi taryhy bolan “Altyn kitapdan” peýdalanypdyr diýen netije çykarmak bolar. Reşid ed-Din mongollaryñ basyp alan ýerlerinde döredilen Hulaguiler we Altyn orda döwletleri, olarda hökum süren zorluklar, talañçylyk barada hem ýazypdyr.

Muhammed ibn Ahmed ibn Ali ibn Muhammed an-Nesewi (XIII a.). Nusaýyň golaýynda dogulan. Mongollara garşy göreşe gatnaşan. 1221-nji ýylda Jelaletdin Muhammet Meñburun bilen tanyşýar we onuň mürzesi bolýar (Katib al-inşa) Jelaletdiniň ähli ýörişlerine gatnaşýar. Soňky söweşde Jelaletdiniň öldürilendigini bilýär. Şondan soň Jelaletdiniň ömrüne we onuň ýörişlerine bagyşlanan “Soltan Jelaletdin Meñburnyñ ömür beýany” (Sirat as-sultan Jelal-ad-din Menkuberti) diýen işini ýazýar. Hakykat ýüzünde bu kitap döwlet işgäriniň ýatlamalarydyr. Bu nuktaý nazardan ol Abul Fadi Beýhakynyň işine meňzeýär we beýleki taryhy eserlerden düýpli tapawutlanýar. Ol diplomatik gatnaşyklara, administrasiýany suratlandyrmaga esasy üns berip, taryhy wakalar ikinji meýilnamada goýýar. An-Nesewi köp wakalaryň janly şaýady bolany üçin onuň beýan edýän maglumatlary örän baý we gymmatly. Ýazanda diliniň owadan bolmagyna aýratyn üns beripdir. Şonuň üçin oňa düşünmek aňsat däl. Bu golýazma 2 jilt edilip 1891-1895-nji ýyllarda Parižde çap edilipdir. Neşir tankydy taýdan gowşak taýýarlanypdyr. (MITT, t.1,s.39-40.) Bu kitap 1973-nji ýylda Bakuda rus dilinde çap edildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda, ýagny 2000-nji ýylda Kakamyrat

Ballyýewiñ terjime etmeginde türkmen dilinde halkymyza ýetirildi.

Mongol çozuşlarynyň öň ýanynda Türkmenistanda ýaşan arap taryhçysy we geografy bolan Ýakut horezmşalar döwletiniň baýlygy, medeniýetiniň ösenligi barada, Ürgenjiň we Merwiň ilaty, şäherleri, olaryň ussat senetçilerigi, ekerançylygy barada, köp sanly kitaphanalary barada örän joşgunly stirleri ýazyp galdyrypdyr.

Şol bir wagtda bu awtorlar Köneürgenç döwletinde tutaşan içki gapma-garşylyklar netijesinde bu döwletiň gowşaklygyny hem görkezýärler. Öň bellenip geçilişi ýaly, seljuk we Horezmşalar döw;et;eri döwründe türkmenistanda medeniýet ýokary derejede ösüpdir. Onuň iň ösen döwri XI asyr bolupdyr. Bu döwürde Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşan we döredijilik bilen meşgul bolan adamlary örän köp bolupdyr. Olardan al Hysrowy as Sarahsyny (X-XI aa), Kabus Ibni Weşemgiri (976-1012), Mansur Asjady (XI a), Kesam Merwezini (XI a), Weýzi Sarahsyny, Ezheri Merwezini, Omar Jöwheri we başgalary  görkezmek bolar. Emma olaryň arasynda Mähneýi baba ýaly musulman äleminde çuňňur yz galfyran şahsyýetleri aýratyn bellemeldiris. Ol häzirki Kaka etrabynyň Mäne obasynda doglup, (967-....), ýaş wagtynda medreselerde halypalardan bilim alypdyr we öz döwrüniň tanymal alymy, şahyry we dindary bolup ýetişipdir. Ol ilkinji seljuk hökümdarlary Togrul bege, Çagry bege, Musa ýpabgua ak pata berip, seljuklaryň horasan aralaşmagyna uly rol oýnapdyr. Ondan 4000 golaý setir şygyrlar galypdyr.

Türkmenleriň ata taýpasyndan bolan Hoja Ahmet Ýasawy (1093-1166) ýaşlykda ýetim galsada öz döwrüniň meşhur adamlaryndan terbiýe-bilim alýar. Ol birnäçe gezek Merwe gelip şol ýerde ýaşaýar. Özüniň edebiýaty, dini, filosofiýany, kada-kanunlary gowy bilýändigi, özüniň kiçigöwünliligi we halallygy bilen tanalypdyr we Orta Aziýada

iri hormatlanýan pirleriň birine öwrülipdir. Onuň “himetleri” (Pähimleri) häzirem öz ähmiýetini ýitirenok.

Şol döwürde seljuklar döwletinde ýaşan Omar Haýýam, Ibn Sina dagy bütin dünýä öz tanadýarlar. Abyl Kasym Mahmyt ibn Omar ibn Ahmet az-Zamahşary (1074-1141) häzirki tagta etrabynyň Yzmykşir diýen ýerinde eneden bolupdyr. Onuň kakasy döwrüniň sowatly adamy bolupdyr. Onuň özi hem köp Gündogar ýurtlaryny aýlanyp ol ýerlerde bilim alypdyr. Ol 50-den gowrak ylmy işleri ýazypdyr. Şolardan dilewarlyga söz ussatlygyna, taryha, edebe degişli eserleri bolupdyr. Ondan başgada Horezmde ýaşan onlarça alymlaryň we şahyrlaryň atlary taryhda galypdyr.

Abu Omar Minhaj ad-din Osman ibn Sirajad-din Jüzjany – häzirki Demirgazyk Owganystanyň, Guzgan (Jüzjan) diýen ýerinde doglypdyr. (1193- ). Ol Bamiýanda soltan Gurlaryň köşgünde hyzmat eden adamyň maşgalasynda dogulýar. Jüzjany 1226-njy ýylda mongollaryň çozmagyndan gorkup Hindistanyň Sind diýen ýerine gaçýar we ol ýerde medresäniň müdiri bolýar. 1227-nji ýylda memluk soltany Şams-addin Iltutmuş (1210-1236) tagta gelensoň

## § 4. Türkmen halkynyñ mongol basybalyjylaryna garşy göreşi barada taryhy çeşmeler.

**Mongol we Hytaý taryhy çeşmeleri.** Türkmenistanyñ XIII asyrdaky taryhyna dogry düşünmek üçin mongollaryñ irki taryhyndan baş çykarmak zerurdyr. Bu babatda “mongollaryñ nesilleri barada mukaddas söz” diýen işiñ uly ähmiýeti bar. W.W.Bartoldyñ pikirine görä bu mongollaryñ eposydyr. Ol Çingiz hanyñ nesilşalygynyñ döreýşini beýan edýär.

Hytaý ýyl ýazgylarynda, syýahatçylaryñ ýol ýazgylarynda mongollar barada gymmatly maglumatlar berilýär. Olaryñ köpüsi Iakinf (Biçurin) tarapyndan rus dilinde çap edilen we bize elýeterlidir. Bu eserlerde mongollaryñ

sähralaryndaky durmuşy, Çingiz hanyñ döwletiniñ irki döwri giñişleýin gürrüñ berilýär. Biz olardan mongollaryñ döwlet gurluşyny, olaryñ goşunynyñ name üçin söweşjeñdigini görüp bilýäris.

**Arap-pars taryhy çeşmeleri.**

Ermeni we gurzin ýyl ýazgylarynda, taryhy eserlerinde mongol basybalyjylary olaryñ basylyp alnan ýerlerdäki syýasaty barada giñişleýin maglumatlary toplamak bolýar. Olardan Wartan (1271-nji ýylda ölen) XI-XIII asyrlarda bolan wakalary örän dogruçyl beýan edýär.

Kirakos, Magakiýa, Getum we beýlekiler mon]gollaryñ basybalyşlary, şol sanda Jelaleddin Meñburnyñ harby hereketleri barada maglumatlary bize ýetirýärler.

**Ýewropaly awtorlaryñ eserleri.** Ýewropaly alymlaryñ şu döwür barada ýazan işleri biziñ üçin gymmatly taryhy çeşmedir. Mongollaryñ taryhynyñ 1235-1237-nji ýyllarda bolup geçen wakalary barada wenger monahy Plano Karpini galdyrypdyr. Ol rim papasynyñ görkezmesi bilen Gazagystana ýetipdir. Ol özüniñ “mongollaryñ taryhy” diýen işinde mongol taýpalarynyñ däp dessurlary, mongollaryñ basyp alan halklarynyñ ýagdaýy barada köp sanly maglumatlar getirip Reşid ed-Diniñ maglumatlaryny tassyklaýar we onuñ üstüni doldurýar.

Belgiýaly Wilgelm Rubrug Wik 1253-nji ýylda Mongoliýada beýik hanyñ paýtagty bolan Karakoruma çenli ýetýär. Onuñ mongollaryñ basyp alan halklarynyñ ýagdaýy barada ýazan maglumatlary taryhçylar üçin örän gymmatlydyr.

Wenesiýaly monah Marko Polo Aziýada 24 ýyllap syýahat edip, ýurduna XIII asyryñ ahyrynda gaýdyp gelýär. Şonuñ netijesinde ol birnäçe ýol ýazgylaryny ýazýar. Olaryñ içinde iñ gymmatlysy “syýahat” diýen işdir. Bu kitapda Orta Aziýa halklary, şol sanda türkmenler barada örän seýrek duş gelýän maglumatlar berilýär.

XIV-XV asyrlarda Çingiz hanyñ imperiýasynyñ ýerinde dörän köp sanly döwletler şol sanda teýmirileriñ döwletleri barada köp sanly taryhy eserler döredilipdir. Olardan Nyzamy ed-Din Şamynyñ (XV as.) we Şerefeddin Ýezdiniñ (XV as) “Ýeñişleriñ kitaby” ady bilen ýazylan işleri, Abdarrazak ibn-Ishakyñ taryh işinde Orta Aziýada 1304-1471-nji ýyllarda bolup geçen wakalar beýan edilýär.

Mirhondyñ (1433-1498) “Pygamberleriñ, şalaryñ we halyflaryn durmuşy barada päklik bagy” diýen ýedi kitapdan ybarat işinde Teýmur we onuñ nebereleri bilen baglanşykly wakalar beýan edilýär.

XV asyrda 25 ýyllap ýesirlikde bolan nemes Gans Şilberner Altyn orda, onuñ hököm sürýäñ ýerlerindäki syýasy, ykdysady ýagdaý barada giñişleýin ýatlamalar ýazypdyr.

XV asyryñ başýnda Ispaniýanyñ karolynyñ ilçisi hökmünde Rum Bonsales de Klawiho Teýmirin paýtagty Samarkanda gelýär. 1403-1406-njy ýyllarda dowam eden bu syýahat döwründe ol Orta Aziýa barada örän gymmatly maglumatlary toplap bize galdyrypdyr.

### §5. Gündogar ýurtlarynda türkmenleriñ döreden döwletleri barada taryhy çeşmeler.

Türkmenleriñ köp sanlysy beýleki sebitlerde döwletleriñ we jemgyýetleriñ ösüşine öz goşandyny goşupdyrlar . Türkmenler dünýäniñ dürli ýerlerinde türkmen döwletlerini döredipdier.

Mysal üçin, Baýram han  türkmen günorta Aziýada Mongol imperýasyny jebisleşdirmekde we berkitmekde görnikli orun eýeläpdir.

Taryhy çeşmeleriñ şaýatlyk etmegine görä arap ýurtlarynda esasan Siriýada we Yrakda türki taýpalary b.e. I müñýyllygynyñ başlarynda ornaşyp başlaýarlar. B.e. VII asyrynda araplaryñ Orta Aziýany eýelemegi bilen bu proses

has-da güýçlenýär. Mysal üçin, Beýhakynyñ ýazmagyna görä Horasandan her ýyl müñlerçe nökerler Yraga iberlipdir. Şolaryñ iñ köp sanlysy Oguz türkmenleridir. Oguz türkmenleriniñ giñişleýin ornaşmagy IX-X asyrlarda dowam edýär. Sebäbi edermen türki taýpalaryny Orta we Ýakyn Gündogaryñ hökümdarlary Wizantiýa garşy göreşde peýdalanypdyrlar. Soñky wahtlarda türkmen goşunlary Bagdatda halyf edip öz islän adamlaryny goýup bilipdirler. XI asyrda Seljuk ýörişleri döwründe türkmen taýpalarynyñ arap ýurtlaryna ýaýramagy has-da güýçlenýär. Olar Eýrana, Owganystana, Zakawkaziýanyñ bir bölegine, Kiçi Aziýa, Siriýa we başga ýerlere ornaşýarlar. Olaryñ ýörişleri barada orta asyr arap-pars alymlary Imad ad-din Isfahany, Gardizi, Beýhaky, ibn Jubair we başgalar ýazypdyrlar. Türkmenleriñ Ýakyn Gündogar ýurtlaryna süýşmegine baha bermek bilen Bartold şeýle ýazypdyr: "Seljuk imperiýasynyñ emele gelmegi bilen Oguz türkmen halklarynyñ musulman dünýäsi üçin ähmiýeti görlüp-eşdilmedik derejede ýokary galdy. Orta asyrlarda şeýle ýokary ähmiýete başga hiç bir beýleki türki halk eýe bolan däldir. Şonuñ üçin olar taryhçylaryñ üns merkezinde bolupdyr. Musulman taryhy edebiýatynda oguzlaryñ taryhy, tire-taýpa bölünişigi barada örän takyk maglumatlaryñ getirilmegi-de şonuñ bilen baglydyr. Beýleki hiç bir türki halk barada bize şeýle maglumatlar gelip ýetmändir." Orta asyr taryhçylary türkmen taýpalary bolan halaçlaryñ, garlyklaryñ, gypjaklaryñ Hindistanda, Owganystanda, Eýranda, Zakawkaziýada seljuk ýörüşlerinden hem öñ ýaşandyklaryny belleýärler.

Seljuklaryñ ýörüşleri döwründe şol agzalan ýurtlara we Hytaýdan Müsüre çenli aralyga türkmen taýpalary ornaşýarlar. Taryhy çeşmeleriñ habar bermegine görä olar esasan günorta-günbatara süýşüpdirler. Bu göçgä-göçlük az möhletleýin bolman, eýsem giçki orta asyrlara çenli dowam edipdir.

Seljuklaryñ ýörüşlerinden soñ Zakawkaziýada, Kiçi Aziýada, Yrakda türkmen emirlerinden düzülen häkimlik sürüji

gatlak emele gelýär. Zakawkaziýada we Kiçi Aziýada türkmen oguz taýpalary has-da köp bolup, olar uzak wagtlap beýleki halklara garyşman oturypdyrlar we dilini, däp-dessurlaryny saklap galypdyrlar.

Häzirbegjanda ýaşaýan türkmenleriñ sanyny görkezmek üçin An Nesewi şeýle ýazypdyr: “Azarb aýjan özüniñ baýlygy bilen tapawutlanýar we türkmenleriñ toplanan ýeri hasaplanýar. Bu ýerde türkmenler şeýle köp, eger-de olaryñ hemmesi jemlense onda olar garynjanyñ ýa-da çekirtgäniñ toplumy ýaly bolar.” An Nesewiniñ işinde Jelaleddin bilen Ýakyn Gündogarda ýaşaýan ýerli türkmen taýpalarynyñ çylşyrymly gatnaşyklary barada giñişleýin maglumatlary toplanypdyr.

Soltan Sanjar aradan çykandan soñ onuñ ähli mülkleri Köneürgenç türkmenleriniñ döwletine tabyn bolýar. Şol döwlete boýun bolmak islemedeik Oguz türkmenleriñ bir bölegi Hindistana we beýleki ýurtlara göçüp gidipdirler. B.e. XII-XV asyrlarynda şol ýurtlaryñ syýasy durmuşýnda ägirt uly ähmiýete eýe bolýarlar. Köneürgenç türkmenleriniñ döwletiniñ basybalyjylykly ýörüşleri döwründe, aýratyn-da türkmen halky üçin köp betbagtlyklar getiren mongol basybalyjylary döwründe köp sanly türkmen taýpalary Gündogar ýurtlara aralaşýarlar we şol ýerde ornaşyp galýarlar. Diñe XI-XIII asyrlarda Ýakyn Gündogara bir milliondan gowrak seljuk türkmenleri göçüp barýar. Olar Kaýy, Baýat, Kynyk, Çepni, Ýazyr, Baýandyr, Salyr, Çowdur taýpalaryna degişlidir. Gruzin awtorlary, ýewropaly syýahatçylar bu barada ýazypdyrlar. Olaryñ hemmesiniñ bellemegine görä XIII-XVII asyrlarda Ýakyn Gündogara türkmen taýpalarynyñ täze tolkuny göçýär.

Ermeni halkynyñ gadymy ýazgylarynyñ saklanýan ýeri bolan Matenadaranda XV asyrda dörän Akgoýunlylar we Garagoýunlylar türkmen döwletleri barada onlarça golýazmalary saklanýar. Ol ýazgylarda türkmen döwletleriniñ ykdysady, syýasy, medeni meseleleri barada örän gymmatly maglumatlar tapmak bolar. Aýratyn-da ermeni monahlary we

taryhçylary Towma Mesopesi (XV asyr), Samuel, Anesi, Karapet, Tuman, Kazar, Grigor, Owanes, Dawid, Melkiset, Akop, Arsanesi, Stepanus, Martirus, Owsep, Mateos we başgalar öz senenamalarynda türkmenler bilen baglanşykly taryhy wakalary beýan edýärler. XVI asyrda sefewitleriñ Akgoýunly we Garagoýunly döwletleriñ galandylaryny dargatmagy netijesinde Kiçi Aziýa türkmen taýpalarynyñ esli böleginiñ göçmegine getirýär.

Ruhnamada bellenilişine görä Gündogar ýurtlarynda XII-XV asyrlarda 70-den köp türkmen beglikleri, emirlikleri, hanlyklar, döredilýär. Olaryñ taryhy barada materiallar köp sanly orta asyrlarda ýazan awtorlaryñ eserlerinde duş gelýär. Zakawkaziýanyñ we Kiçi Aziýanyñ türkmenleri barada XVII asyr türk syýahatçysy Ewliýa Çelebi hem ýazypdyr. Ol Erzurumda we Töwrüzde türkmenleriñ kürt, ermeni, obalary bilen goñşulykda oturandygyny belleýär. Çelebi türkmenleriñ Bakuwyñ we ondanam Demirgazyk töwereginde ýaşandygyny belläpdir. Çelebiniñ bellemegine görä Oguz türkmen atlary Kiçi Aziýada XVII asyra çenli saklanyp galypdyr.

Dini gapma-garşylyklaryñ ýitileşmegine seretmezden käbir ýewropa syýahatçylary gündogar ýurtlaryna gelip, olar öz gören zatlary barada ýazgylar galdyrypdyrlar. Olardan köp sanly wenger monahlarynyñ ýazgylary türkmenler barada hem bir näçe göni we gytaklaýyn maglumatlary bize ýetirýärler. Olardan Rim papasynyñ tabşyrygy bilen Mongoliýa 1245-1247-nji ýyllarda gelen Plano Karpininiñ “Tatarlar barada habarlar” diýen işini ýazýar. Ol mongollaryñ we olaryñ gol astynda bolan köp sanly Orta Aziýa halklarynyñ ýagdaýy, däp-dessurlary barada ýazypdyr.

1253-1255-nji ýyllarda Ýewropadan Belgiýaly monah Wilgelm Rubrug Mongoliýa baryp Karakorumda bäş aýlap bolupdyr. Onuñ ýoly türkmen ýerlerinden hem geçipdir. Şonuñ üçin ol özüniñ “Gündogar ýurtlara syýahat” diýen işinde

türkmenleriñ hojalygy, däp-dessurlary barada belli bir maglumatlary bize ýazyp galdyrypdyr.

XIII-XIV asyrlarda Günbatar Ýewropa syýahatçylarynyñ ýene bir näçesi Gündogar ýurtlaryna aýlanyp çykýar. Olardan Aziýada 24 ýyl bolup XIII asyryñ ahyrynda dolanyp gelen Wenesiýaly Marko Polonyñ ýazgylary aýratynda gymmatlydyr.

**Orta asyr awtorlarynyň işleri**

XI-XV asyrlarda Türkmenistanyň taryhynda uly özgerişler, sosial ykdysady wakalar bolup geçdi. Meselem, Beýik Seljuklar imperiýasy, mongol basybalyşlary we onuň netijeleri we ş.m. Elbetde, hemme meseleleri almaklyk aňsat däl, ähli awtorlary-da agzap geçmek mümkinçiligi ýok diýlen ýaly. Şonuň üçin şu döwre degişli gymmatly maglumatlary özünde jemleýän işleri ýazan awtorlaryñ käbirleriniñ işleri hakynda gürrüñ edeliñ. Döwür hakynda hakykaty açyp görkezýän işleriñ awtorlarynyñ birnäçeleri ýerli halkyñ wekili bolsa, käbirleri beýleki ýurtlardan gelip çykan awtorlardyr. Ýazylan eserler köplenç arap, pars (dillerinde) hatynda ýazylyp galdyrylypdyr. Şeýle awtorlaryň biri Ahmet-Al-Birunydyr. Al Biruni XI asyryñ awtory. Al Biruni sowatly, bilimli adam bolup, ylymlaryň köpüsinden baş çykarypdyr. Ol tebigaty öwreniji, filosof, matematik bolupdyr. Esasy işi “Geçen nesilleriñ ýadygärlikleri” atly işdir. Munda esasy astranomiýa göz öňünde tutulypdyr. Şeýlede milli we dini baýramlar, döwürleriň meseleleri, diller baradaky maglumatlar toplanypdyr. Ol köplenç Horezm barada ýazýar. Al-Biruniniň ýazyp galdyran maglumatlary bütin Orta Aziýa boýunça, şol sanda Türkmenistan boýunça-da gymmatly çeşme bolup durýar. Gaty gowy görkezýän zady maglumatlar.

Orta Aziýa taryhyny öwrenjek Türkmenistanda biz üçin gymmatly çeşmeler toparyndan iri daşary ýurt syýasatçylarynyň işleri, eserleri gymmatly çeşme bolup durýar. Ýurt syýasatçylarynyň eserleri barada gürrüň edilende ilki bilen

şol tipdäki çeşmeleriň käbir halatda wakalary subýektiw suratlandyrmak mümkinçiligini bellemeli. (adam subýekt gören zadyny ýazýar) ine aýratynlygy syýahatçylaryň göz özgerişlerine, garaýyşlaryna görä taryh beýan edilýär. Biziň gürrüňüni etjegimiz köplenç ýewropalylar, şonuň üçin adam, ýer-ýurt atlary üýtgedilip berilýän wagtam bolýar. Sebäbi grafika arapça, parsça gelen adam (eşdişi ýaly ýazýar) ýada üýtgedip ýazýar.

Plano Karpininiň, Marko Polonyñ beýlekileriñ ýazgylaryny hem almaly. Marko Polo Wenesiýaly söwdagär. Ilkinji gezek türkmen taryhynyň ýazypdyr. Başga-da birnäçe awtorlar gündogar ýurtlaryny hakynda şol sanda Türkmenistan baradada ýazyp galdyrypdyrlar. Olardan Ibn Battuta we beýlekiler bar. Dini äheňdäki ýadygärlikler. Yslam dini göz öňünde tutulan. Taryhy şol wagt gowy ýaýrapdyr. Başgada birnäçe awtorlar dini äheňdäki kitaplary ýazyp galdyrypdyrlar. Wepaýynyň "Rownakyl yslam" atly işi bar. Wepaýy XV asyryñ awtory, özi şahyr, alym, mugallym. Balkan etraplarynda doglan, ýaşap geçen. "Yslamyň nury" atly işini ýazyp galdyrypdyr. Bu işinde yslamyň ýörelgelerini, kada-kanunlaryny ýazyp beýan edipdir. Durmuş ýörelgesi bolup galyp, şonuň üçin köpçülige giň ýaýrapdyr. Hatda 1917-nji ýýlyñ oktýabr wakalaryna çenli okuw kitaby hökmünde ulanylyp gelnipdir.

## III BAP. TÜRKMEN HALKYNYÑ DURMUŞ-YKDYSADY WE SYÝASY ÝAGDAÝLARYNYŇ TARYHY ÇEŞMELERDE BEÝAN EDILIŞI

### §1.Türkmen halkynyň XVI-XIX asyryñ I ýarymyndaky durmuşy baradaky taryhy çeşmeler.

Şu döwür Türkmenistanyň taryhynda köp sanly wajyp wakalaryň bolup geçen döwri. Bu döwür türkmen taýpalarynyň göçhä göçlük döwri, hut türkmen taýpalarynyň goňşy

döwletlere garşy özbaşdaklyk üçin göreş alyp baran döwri. Şol bir wagtda türkmen taýpalarynyň häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda ornaşan döwri, ýagny oturymly ýagdaýa geçen döwri. Şu döwürde türkmenleriň rus döwleti bilen aragatnaşygy hem ýola goýlupdyr. Şu döwrüň taryhy boýunça çeşmeler gaty köpdür, ol çeşmeler görnüşi, saklanýan ýeri, maglumatlary boýunça köp dürlidir. Milli ýerli awtorlaryň ýazyp galdyran eserleri köplenç hakaýawy görnüşinde. Hekaýawy narratiw häsiýetindäki çeşmelerdir. Bulardan başgada dokument görnüşindäki çeşmeler hem saklanyp galypdyr. Bu çeşmeler Hywa hamlygynda, Buhara emirliginde ýüze çykypdyr. Sebäbi türkmen taýpalarynyň köpüsi şol wagtlar Hywanyñ, Buharanyň düzüminde bolan. Şonuñ üçinem Hywa hamlygynyñ, Buhara emirligininñ arhiwlerinde hem türkmenleriň taryhyna degişli gymmatly çeşmeler saklanyp galypdyr.

Türkmen halkynyñ bu döwre degişli taryhy baradakay gymmatly maglumatlar halk döredijiliginde-de saklanyp galypdyr. Halk döredijilginiň rowaýatlar, dessanlar we beýleki görnüşleri bar. Haýsy dessanyň haçan ýüze çykandygyny anyklamak kyn. Saýatly Hemra, Hüýrukga Hemra, Leýli Mejnun, Aşyk Garyp, Şasenem Garyp, Nejep oglan, Helalaý Garyp we ş.m.ler. esasy yşky liriki mazmundaky dessanlarda gahrymanlar köplenç maksat-myratlaryna ýetmän galýarlar. Bu bolsa halkyñ şol döwürde başdan geçirýän syýasy, durmuş-ykdysady ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr. Rowaýatlarda, eposlarda, halk döredijiliginden birnäçe atlary tutulan beýleki görnüşlerinde gürrüñ edilýäñ şahsyýetleriñ özleri däl-de köplenç şolaryñ prototipi bolýar. Umuman şol şahsyýetiň özi däl-de şonuň başdan geçirenleri tipleşdirilýär. Kimem bolsa biriniñ şoňa esas ýaly bir zat bolan bolmagy mümkin. Sebäbi bizde-de beýleki halklarda-da Görogly bar.

Şu döwürde-de belli-belli awtorlar özleriniň işlerini ýazyp galdyrypdyrlar. Bular köplenç hakaýawy-habar beriş äheňinde ýazylyp galdyrylan eserler bolup durýar. Mysal üçin,

Mehdi han Astrabatly “Nedir şanyň taryhy” diýen işini ýazyp galdyrypdyr. Mürze Mehdi han Astrabatly Nedir şanyñ şahsy mürzesi bolup işläpdir. Ol ähli syýasy wakalardan habarly bolupdyr, şanyñ ynanylan adamy hökmünde wakalaryñ käbirlerine gatnaşypdyr. “Nedir şanyň taryhy” (“Tarih-i Nadiri” käbir halatlarda “Tarih-i jahan-guşa-i-Nadiri”) eserinde awtor Nedir şanyñ dolandyran döwründe (1736-1747-nji ýyllar) Eýrandaky, Orta aziýanyñ günbatar bölegindäki durmuş-ykdysady we syýasy ýagdaýlary ýazyp beýan edýär. Bu eser öz mazmuny boýunça goşunlaryñ ýörişleri we hereketleri hakynda, galalaryñ gabalyşy hem-de zabt edilişi hakynda ýygyndydyr. Bu eserde uly söweşler, atly urşujylaryñ ownuk çaknyşyklary hakynda-da maglumatlar bar. Munda esasy üns şa we onuñ goşunyna berilýär.

Şonuň ýaly-da Muhammet Kazimiň “Dünýäniň bezegi Nediriň taryhy” diýen işini agzamak bolar. Muhammet Kazim Merwde wezir. Muhammet Kazimiñ işinde-de köplenç Nedir şanyň harby taryhy gowy beýan edilýär. Şol bir wagtda Muhammet Kazim Nediriñ agrar syýasatyna degip geçýär. Ŷygnalan salgytlary görkezýär. Esasanam, Muhammet Kazimiň işinde türkmenlere degişli köp maglumatlar saklanyp galýar. Türkmenistanyň XVI a. taryhy Hasan bek Rumlynyň “Senenamalaryň iň ajaýyby” diýen işinde beýan edilýär. Ol eýran patyşasynyň gwardiýasynyň nökeri bolupdyr we öz gören zatlaryny beýan edipdir. Onda Aba serdaryň gozgalaňy giňişleýin görkezilipdir.

Munşi lakamyny göteren Isgenderbegiň “Älemiň bezegi Abbasyň taryhy diýen işinde” XVII a. birinji ýarymyna çenli bolan wakalar beýan edilýär. Ol beýik wezirleleriň golastynda işlän bolansoñ wakalara özüniň gowy beletdigini görkezipdir.

Hywa taryhyndan gürrün berýän hywa taryhçylary Munis bilen Agehiniñ bilelikde ýazan “Bagtlylygyň jennet

bagy” diýen işi bar. Munis (1778-1829-njy ýyllar) lakamy bilen belli bolan Şir Muhammet Hywa hany Iltuzeriñ (1804-1806-njy ýyllar) köşk adamsy bolupdyr. Hanyñ tabşyrmagy boýunça 1806-njy ýylda Hywa hanlygynyñ taryhyny ýazmaga başlap, Munis Abulgazy hanyñ eserlerini dowam etdirýär. Iltuzeriñ dogany we mirasdary Muhammet Rahym hanyñ (1806-1825-nji ýyllar) wagtynda Munis wakalaryñ beýan edilişini Şirgazy hanyñ (1715-1728-nji ýyllar) wagtyna çenli ýetiripdir.

Munisiñ arasy üzülen eserini dowam etdirmäge Allaguly hanyñ (1825-1842-nji ýyllar)buýrugy boýunça diñe 1839-1840-njy ýylda girişilipdir. Eseri dowam etdiriji Minusiñ Agehi lakamy bilen belli bolan inisi Muhammet Ryza bolupdyr.

Munis bilen Agehiniñ bilelikde ýazan “Bagtlylygyñ jennet bagy” eseri Hywanyñ 1872-nji ýyla çenli taryhyny öz içine alýar. Hanlygyñ harby-syýasy taryhyny beýan etmek bilen, ýazarlar durmuş-ykdysady häsiýetli meselelere hem gepiñ gerdişine görä bolsa-da degip geçýärler. Gürrüñi edilýän döwürde Hywanyñ gatnaşyk eden halklary bolan türkmenler, gazaklar, garagalpaklar we beýleki halklar hakynda birentek maglumatlar berýärler.

Agahiniñ mundan başga-da “Abadançylyk baglary” (Riýaz-ud-douly”), “Allagulynyñ patyşalyk edişi hakynda”, “Ŷyl ýazgylarynyñ iñ gowulary” (“Zubdet-ut-tawaryh”), “Rahymgulynyñ ýurdy dolandyryşy hakynda”, “Ŷyl ýazgylarynyñ ýygyndysy” (“Jami-ul-wakyat-i-sultan”), “Muhammet emin han hakynda”, “Bagt gülhanasy” (“Gulşen-i-döwlet”), “Seýit Muhammet hanyñ wagty hakynda”, “Bagt şaýady” (“Şahid-i-ikbal”), “Seýit Muhammet Rahymyñ wagty hakynda” (ýazylyp gutarylmandyr) ýaly eserleri bardyr.

Bu kitapda türkmenlere degişli birnäçe zatlar toplanan, ýagny olar resminamalardan maglumatlaryny, gören zatlaryny beýan edýärler. Şular ýaly ýazylyp galdyrylan narratiw çeşmeler Türkmenistanyñ taryhyny öwrenmekde gymmatly

çeşme bolup durýar, ýöne şolaryň awtorlaryna üns bermeli, doly we dogry beýan edenligine göz ýetirmek üçin gerek bolýar.

**Türkmen taýpalarynyň goňşy ýurtlar bilen gatnaşygy barada taryhy çeşmeler.** XVI asyrlarda türkmen ýerleri nominal taýdan özbaşdak bolsa-da hakykat ýüzünde dürli goňşy döwletleriň düzümine giripdirler. Şonuň üçin bu döwrüň taryhy esasan şol goňşy döwletriň awtorlarynyň taryhy eserlerinde beýan edilipdir.

Olaryň arasynda esasylary Orta Aziýada we Eýranda ýazylan eserlerdir. XVI-XVIII asyrlarda Türkmenistan barada Gündogar ýurtlaryň awtorlarynyň ýazan eserleri öňki döwür bilen deňeşdirilende ep-esli azdyr. Sebäbi şu döwürde Orta Aziýanyň syýasy we ykdysasy taýdan pese düşüp, dünýädäki bolup geçýän wakalara edýän täsiri ep-esli gowşaýar. Şol bir wagtda Şeýbany han ölenden soň Orta Aziýada dörän Buhara we Hywa hanlyklary barada düýpli ylmy işleri tapmak bolýar. Birnäçe taryhy işlerde Şeýbany hanyň we onuň nebereleriniň köp sanly ýörişleri, şol sanda türkmen ýerlerini eýelemek ugrunde Buhara bilen Hywanyň we Eýranyň uzaga çeken göreşi giňişleýin beýan edilýär.

Eýran taryhy çeşmelerinden hem türkmen-eýran gatnaşyklary barada örän köp maglumatlar alyp bolar. Eýran taryhçylary Mirhond onuň agtygy Hondemir ähliumumy taryhy düzmek bilen Orta Aziýa barada giňişleýin gürrüň berýärler.

Türkmen halkynyň taryhynda bahasyna ýetip bolmajak işleriň biri-de XVII asyryň hywa hany Abulgazy tarapyndan ýazylan “Türkmenleriň nesil daragty” we “Türki halklaryň nesil daragty ” diýen kitaplarydyr. Türkmenleriň arasynda köp ýyllar ýaşan Abulgazy han halkyň arasynda giňden ýaýran köp sanly rowaýatlar esasynda gadymy döwürleri beýan edýär. Özüne ýakyn bolan XVI asyrda bolan wakalary ol örän giňişleýin we gyzykly gürrüň berýär. XVII

asyrda bolup geçen wakalara onuň özi gönüden-göni gatnaşan adamdy. Şonuň üçin bu döwüri ol şaýat hökmünde beýan edýär. Ol türkmen halkynyň XVI-XVII a.a. taryhy, ykdysadyýeti, sosial gatnaşyklary barada deňi-taýy bolmadyk maglumatlary bize galdyrypdyr.

Bu kitap ilki bilen 1916-njy ýylda çap edilýär. Soňra 1960-njy ýylda A.Kononow ony kommentariler bilen çap edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda 1991-nji ýylda ol türkmen dilinde-de çap edildi.

Türkmen halkynyň ruhy dünýäsine düşünmäge XV asyryň türkmen şahyry Wepaýynyň ýazan "Rownak ul-islam (Yslamyň nury)" diýen işi uly mümkinçilik döredýär. Bu kitapda Gurhanyň esasy mazmuny, Muhammet pygamber we musulman dünýäsiniň keramatly adamlary barada rowaýatlar beýan edilýär. Bu kitap türkmen dini okuw jaýlarynda tä XX asyryň başyna çenli okuw kitaby hökmünde ulanylypdyr.

XVI asyr türkmen taryhçysy Salyr baba Gulaly Salyr ogly Hyrydary Reşidetdiniň "Jami at-tawarih" kitabynyň gysgaldylan görnüşini türkmen diline terjime edipdir (1555-1556). Ol 4 jiltlik işden "Türki kowumlaryň taryhy", "Seljuk nesliniň taryhy", "Hytaý taryhy", "Ysraýylyň taryhy", "Hindi taryhy", "Gazan hanyň taryhy" diýen bölümlerini terjime edýär. Onuň 1-nji bölümi "Oguznama" ady bilen 1991-nji ýylda çap edildi. 1994-ni ýylda bolsa görnükli dilçi alym Z.B.Muhammedowa tarapynda bu eseriň ylmy taýdan kommentirlenen nusgasy "Türkmen arhiwi" žurnalynda çap edildi.

Türkmen halkynyň taryhyny öwrenmekde az mukdarda saklanyp galan Hywa we Buhara hanlyklarynyň arhiwleri-de belli bir orun tutýarlar. Olarda bu hanlyklaryň türkmen taýpalary barada alyp barýan syýasaty, ol taýpalaryň ýerleşişi, syýasy, ykdysady, sosial ýagdaýlary barada maglumatlar saklanýar. Şol arhiwde resmi we ýarym resmi senenamalar hem saklanýarlar.

XIX asyrda türkmen halkynyň taryhynda örän çylşyrymly prosesler bolup geçýär. Bir tarapdan Türkmenistany eýelemek ugrunda goňşy we beýik döwletleriň ymtylyşlary güýçlenýär. Ikinji tarapdan türkmen halkynda jebisleşmäge ymtylyş, onuň watany goramakda görlüp-eşidilmedik gahrymançylyk sypatlary äşgär bolýar. Bu prosesler barada birnäçe gymmatly taryhy çeşmeler bar.

Eýran taryhçysy Aly al-Huseýniniň "Jeňli Merw" diýen işinde türkmen-eýran gatnaşyklarynyň XIX asyrda has ýitileşmeginiň sebäpleri, türkmen halkynyň durmuşy barada gürrüň berilýär. Awtor 1861-nji ýylda eýran goşunlarynyň Mara bolan ýörişine gatnaşypdyr we gören zatlaryny beýan edýär. Ol eýran goşunlarynyň ýeňilmegini esasan goşunyň türkmenleriň söweşjeň ukybyny äsgermezlik edileni bilen düşündirýär.

Edil şu tema barada türkmen awtory Abdysetdar Kazy hem "Jeňnama" (Tekeleriň söweşleri barada hekaýat) kitabyny ýazýar. Ol şahyrana görnüşde türkmenleriň gahrymançylygyny, türkmen serkerdeleriniň ussatlygyny beýan edýär. Eýranlylaryň ýörişine gatnaşan fransuz fotografy Gulibef de Blokwil türkmenlere ýesir düşüp başdan geçirenleri barada "Türkmenlerde 14 aýlap ýesirlikde " diýen kitabynda beýan edipdir. Bular bir meselä dürli nukdaýnazardan baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Seýitnazar Seýdiniň, Gurbandurdy Zeliliniň goşgularynda türkmen taýpalarynyň Buhara emiriniň we hywa hanynyň ýörişlerine garşy göreşi beýan edilýär.

Türkmen halkynyň taryhyñ bu döwri barada birnäçe Ýewropa we rus syýahatçylarynyň-da işleri bardyr. Mysal üçin, iňlis syýahatçysy Antoniý Jenkinson XVI asyryñ ikinji ýarymynda Moskwadan gaýdýar we Orta Aziýanyň üsti bilen Hindistana gitmäge synanyşýar. Bu maksady başa barmasa-da, ol Orta Aziýada bolup görüpdir we türkmen taýpalarynyň durmuşy barada-da birnäçe maglumatlary toplapdyr. Olar

Jenkinsonyň “1558-1560 ýý. Orta Aziýa syýahaty” diýen işinde 1937-nji ýylda rus dilinde çap edilýär.

**Türkmen-rus gatnaşyklary barada taryhy çeşmeler.**

Şu döwür barada gürrüň edilende hökmünde patyşa Russiýasynyň ekspedisiýalarynyň materiallary gymmatly taryhy çeşme bolup durýar. Rus çeşmelerinde türkmenler baradaky maglumatlar has öňräkden duş gelýär. Entek rus knýazlyklarynyň taryhy letopislere ýazylan wagty rus taýpalaryna türkmenler baradaky maglumatlar tanyş eken.

XVI asyrdan başlap Maňňyşlagyň üstünden geçýän söwda ýollary aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Sebäbi Merkezi Aziýadaky özara uruşlar aragatnaşygy kynlaşdyrypdyr. Galmyklaryň üstünden geçýän ýollar hem täjirler üçin howply bolupdyr. Söwda kerwenleriniň talanan wagty az bolmandyr.

Moskwa döwletiniň hökümdary Iwan IV Groznyý Kazan hanlygyny (1552) we Astrahany (1557) boýun egdirensoň, Merkezi Aziýa halklary bilen aragatnaşygy giň ýol açylýar. Russiýa ol ýerdäki hanlyklar hem-de türkmen taýpalary bilen gös-göni araçäkleşýär. Söwda hem diplomatik gatnaşyklar üçin zerur şertler ýüze çykýar.

1558-60-njy ýyllarda iňlis täjiri Antoni Jenkinson Iwan IV-niň ilçisi hökmünde iki gezek şu ýerlerde bolýar. Birinji gezekde Eýrana geçip barýarka, Kaspiniň kenarynda düşende, türkmenlere paç töländigi, olardan düýe satyn alandygy barada ýazypdyr. Ikinji gezeginde Hywa hanlygynyň ýolunda Sarygamyş töwereklerinde “türkmen patyşalygy” barada belläpdir.

XVII asyrdan başlap, eýýam türkmen –rus söwda gatnaşyklary barada maglumat berýän resminamalar peýda bolýar. Türkmen taýpalarynyň ýaşaşaýan ýerleriniň üstlerinden geçen rus diplomatik wekilleriniň sany artýar. Olar köplenç ýol ugrunda gören-eşiden zatlaryny ýazyp galdyrypdyr. 1616-njy ýylda rus ilçisi Tihonow Horezmiň üstünden Eýrana geçýär. Ol türkmenler bilen gatnaşygyň dostlukly bolandygyny aýdýar.

Ýene dört ýyldan soň (1620-nji ýylda) beýleki bir ilçi Iwan Hohlow Hywa ýolundan bulagaýlygyň hökün sürýündigini belleýär. Sebäbi şol wagt Hywada tagt üçin güýçli göreş dowam edýär eken.

XVII asyryň ikinji ýarymynda türkmenler bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaýyklar diňe söwda häsiýetine däl, eýsem diplomatik häsiýete hem eýe bolýar. 1641-nji ýylda türkmenleriň ajy tiresiniň wekilleri Moskwada söwda edipdir. 1677-nji ýylda türkmen wekilleri özleriniň Russiýa raýatlygyna kabul edilmegini sorap, Astrahana barypdyrlar. 70-80-nji ýyllarda türkmen çarwalary Astrahan guberniýasynyň çäklerinde gyşlapdyrlar.

Sarygamyş kölüniň ýuwaş-ýuwaşdan guramagy bilen türkmen taýpalarynyň köpçülikleýin göçhä-göçlügi türkmenleri Russiýa tarap itekläpdir. Goňşy gazakdyr galmyklar hem-de Hywa hanlygy bilen gatnaýyklarynyň ýitileşmegi, türkmen taýpalarynyň özara oňşuksyzlygy bu prosesi has-da güýçlendiripdir. Şonuň üçin XVII asyryň ahyrlarynda Maňňyşlak türkmenleriniň uly bölegi Russiýanyň raýatlygyna geçip, Demirgazyk Kawkaza göçýär. Olaryň sany, köbir maglumatlara görä, 90 müň adam (18 müň hojalyk) hasaplanýar. Häzirki Stawropol türkmenleri şolaryň nesilleridir.

XVIII asyra aýak basylansoň, türkmen-rus gatnaşyklary has-da ýygjamlaşýar. Şol döwürde Russiýa bilen Eýranyň, Hywanyň, Buharanyň arasynda söwda hem diplomatik gatnaýyklar güýçlenýär. Ilçileriň köpüsiniň ýoly türkmen ýerleriniň üstünden geçipdir. Türkmenler ýolbelet bolmak, kerwenlere mal bermek, kerwenleri goramak bilen, olara ýakyndan kömek beripdirler. Şeýdip, Russiýa bilen yzygiderli aragatnaşyk ýola goýupdyr. 1713-nji ýylda türkmen taýpalarynyň wekili, abdallardan bolan Hojanepes Söýün ogly (1678) astrahanly knýaz Zamanow bilen rus imperatory Petr I ýanyna barypdyr. Şonda Hojanepes Amyderýanyň öňki akabasyndaky çägeden altyn alyp boljakdygyny aýdypdyr.

Deryanyň öňki akabasyndan sowulmagyny ol, birinjiden, Russiýanyň suw ýoly bilen Hywa etraplaryna aralaşmazlygy, ikinjiden, Hywa hanlarynyň türkmenleri bakna etmegi üçin gerek bolandygy bilen düşündiripdir. Ol Amyderýany öňki ugry boýunça akdyrylmagy Sarygamyş-Balkan-Maňňyşlak ýerlerine ýaşaýşyň gaýtarylyp berilmegini aňladýardy. Ýerli ilat muňa gaty gowy düşünýärdi.

XVIII asyryň başlary Russiýanyň öz serhetlerini berkidýän, meýdanyny giňeldýän döwrüdi. Şonuň üçin patyşa Hojanepesiň tekliplerini göwünjeň goldaýar, sebäbi Kaspiý deňziniň kenarlarynda berkitmeler gurmak, şeýdibem, Russiýanyň Gündogara tarap kolonial syýasatyny janlandyrmak üçin amatly pursat ýüze çykýardy. Hut şeýle maksat bilen hem Petr I bu ýerlere kapitan Aleksandr Bekowiç-Çerkesskiniň baştutanlygynda ýörite ekspedisiýa ýollaýar.

Bekowiç-Çerkasskiý (Ol Döwlet Gireý ady bilen hem bellidir) gelip çykyşy boýunça Demirgazyk Kawkazyň ilatyndandy. Ýaş wagty ol Kabardadan Peterburga düşýär. Petr I terbiýeçisi knýaz B.A.Golisynyň gyzyna öýlenýär. Gaýdyp gelenden soň, harby gulluga baş goşýar. Ol ilkini gezek 1714-nji şylda Ural derýasynyň aýakuçlaryny, Astrahan töwreklerini öwrenýär.

1715-1716-njy ýyllarda guralan ekspedisiýa bilen Bekowiç Çerkaskiý Kaspiniň türkmen kenararynda bolýar. Petr I ýörite permanyndan ekspedisiýanyň öňünde Hywa hanyny Russiýanyň täsiri astyna çekmek, Amyderýanyň öňki akabasyny hem-de Hindistana barýan suw ýollaryny öwrenmek, Kaspiniň kenarlarynda galalar gurmak, Buhara barada maglumatlar toplamak esasy wezipe edilip goýlypdy. Espedisiýanyň düüminde 8 müňden gowrak adam bolup, şonuň 6 müňden gowragy regulýar goşun, kazaklardyr dragunlar eken. Olaryň ygtyýarynda 6 mis top, 9 çoýun top bolupdyr. Şol gezek 3 sany gala berkitme: Düýpgargan (Maňňyşlak ýarym adasynda), Aleksandrbaý (Balkan aýlagynda; "Baý" iňlisçe

“aýlag” diýmek) we Gyzylsuw esaslandyrylypdyr. Ol ýerleri Hywa hany Şirgazy öz raýaty hasaplaýar eken. Berkitmeleriň guralmagy elbetde, ony ynjalykdan gamyrypdyr. Muňa garamazdan, ekspedisiýa öz wezipesini kem-käs ýerine ýetirip yzyna gaýdypdyr.

1717-njy ýylyň maýynda A. Bekowiç Çerkaskiý täzeden ekspedisiýa guraýar. Bu gezek otrýadda 3 müň adam, 7 top, 6 müňden gowrak at toplanýar. Suw ýoly bilen Astrahandan Gurýewe çenli gaýdylýar. Soňky iki ekspedisiýa ownukly irili gämileriň 147-si gatnaşan eken. Gurýewden aňryk otrýad gury ýer bilen gidipdir. Ýolbeletligi Galmyk hany Aýukanyň ýörite ýollan wekili Maňlaý Kaşka (Bakşa) öz üstüne alypdyr.

22-nji iýunda Gurýewden Hywa tarap ugran otrýad 45 günde 1350 wýorst ýol geçipdir. Ýoluň esli bölegi geçilende (Üstýurduň Ýalgyz diýen guýysyna gelende) soň, A. Bekowiç Çerkaskiý Şirgazy hana gymmat bahaly sowgatlar gowşurmak hem-de özüniň Russiýanyň ilçisi bolup gelýändigini habar bermek üçin onuň ýanyna dworýan Kereýtowyň baştutanlygynda 100 esgeri ugradýar. Tizden Maňlaý Kaşka ýitirim bolýar. Ol öňürdip gelip hana, “seniň üstüňe urşa gelýärler” diýip şugullaýar. Rus çapary ýaragsyzlandyrylyp, zyndana salynýar. Otrýad bilen söweşmek üçin nöker toplanyp ugralýar. Knýazyň otrýaddlary bilen Şirgazy hanyň goşunlarynyň arasyndaky 3 günlük çaknyşyk 16-njy awgustda han üçin peýdasyz gutarýar.

Şondan soň Şirgazy han bolyp geçen zatlardan bihabardygy, otrýada ýetirilen zyýan üçin “ötünç sorap, knýaza wekil ýollaýar”, han ruslary myhmançylyga çagyrýar. Şonda ol otrýad uly bolany üçin böleklere bölünse gowy myhman aljakdygyny duýdurýar. A.Bekowiç Çerkaskiý bilen Şirgazy hanyň arasynda ýüzbe-ýüz gepleşik bolýar. Ýoldaşlarynyň käbiriniň garşylygyna garamazdan knýaz goşunlarynyň 5 şähere bölünip myhman alynmagyna razylyk berýär. 5 topara

bölünen goşun Hywa, Ürgenje, Hazaraspa, Gürleñe, Şabada tarap ýola düşýär, emma tizden olaryň bary hanyň goşuny tarapyndan gyrylýar. Knýazyň hem-de onuň ýanyndakylarynyň kelleleri kesilýär. Şeýlelik bilen knýaz B.Çerkaskiniň soňky ekspedisiýasy tragik ýagdaýda tamamlanýar. Bu baradaky maglumatlary M.I.Kubasow bilen A.A.Kubasowanyñ "Подвиг и трагическая судьба князя А.Черкасского" atly işinden almak bolýar.

1725-njiy ýyňda Eýrana hem-de Buhara wekil edilip ýollanan Floriýa Beneweni bilen duşuşanda han öz hereketlerini şeýle düşündirýär: "Bekowiç ilçi däl-de basyp alyjy höküminde geldi, ýogsam Russiýadan munça uzak ýerde onuň näme işi bar ?! Onuň müňlerçe esgerleri-de bardy. Onuň aly hezreti Döwlet Gireýiň asyl maksadyndan bihabardyr" A. Bekowiç Çerkaskiniň otrýadyndan diri galan sanlyja adam birnäçe ýyl Merkezi Aziýanyň dürli künjeklerinde ýesirlikde bolansoň öz ýurduna gaýdyp barýar.

Türkmenleriň Russiýa bilen gatnaşygy islemeýän Hywa hanlygy "ekspedisiýada Hojanepesiň eli bolmaly" diýip, ony yzarlaýarlar. Hojanepes Astrabada (häzirki Gürgene ) tarap gitmäge mejbur bolýar. Şol ýerde öýlenýär. Bir ogly bir gyzy bolýar. Ähli wagt asyl mekanyny küýsäp gezýär. Ahyrynda-da Maňňyşlak ýurdunda Gyzylsuwuň golýynda garakçylaryň elinden wepat bolýar. Ol türkmen taýpalaryny birleşdirip türkmen topragyny gülzarlyga öwürmek arzuwyna ýetip bilmeýär.

1719-njy ýylda Kaspiniň türkmen kenarlaryna ylmy häsiýetdäki ekspedisiýa ýollanýar. Düzüminde Werden, Urusow we Soýmonow bolan bu ekspedisiýa deňiz kenarlarynyň kartasyny çekýär. Soýmonow 1726-njy ýylda 2-nji gezek gelip, karta çekmek işini dowam etdirýar. A.Bekowiç Çerkasskiniň kartasyna ulanmak bilen, soňra Soýmonow Kaspiniň go-gd kenarlarynyň kartasyny çap etdirýär.

Türkmen-rus gatnaşyklary XVIII asyryň 30-50-njy ýyllaryň gaýtadan güýçlenýär. Oňa esasan Nedir şanyň hem-de Abulgazy hanyň türkmenlere garşy agressiýa syýasatlary sebäp bolýar. Türkmenlerde rus raýatlygynň Milatýar söwda gatnaşyklary alnyp barylýar. Muňa 1741-njy ýylda kapitan Tibelowyň, 1745-nji ýylda kapitan Kopytolskiniň gämilerine söwda-satyk üçin niýetlenen harytlaryň, esasan unuň ýüklenendigini hem şaýatlyk edýär. Olar türkmenleri rus raýatlygyna çekmäge wagzy güýçlendirýärler. Türkmenleriň rus raýatlygyna geçmek haýyşy myudam kanagatlandyrylyp hem durmandyr. 1746-njy ýylda patyşa Russiýasy Ýelizawetta Petrowadan raýatlyga razylyk alyp bilmän gelen delegasiýa muňa mysal bolup biler. Delegasiýanyň düzüminde taýpa-tire ýaşululary gara Batyr, Kumbar beg, on beg hem-de Çapyknyýaz batyr hem bar eken. Türkmenleri öz raýatlygyna kabul etmekden boýun gaçyrýandygynyň sebäbi Russiýanyň olary entäk doly tanamaýandygydy. Türkmenler dagynykdy. Şonuň üçin rus patyşasy ýerli ilata känbir ynam edenokdy. Hat-da Petr I ölmeziniň öň ýanynda A.Bekowiç Çerkasniniň “aryny alyp bilmändigine” ahmyr edipdir. Galyberse-de, şol wagtlar Russiýanyň halkara ýagdaýy-da öwerlik däl eken.

XVIII asyryň II-ýarymynda Russiýa Türkmenistany çuňňurrak öwrenmäge girişýär. 1746-njy ýylda kapitan Tokmaçýow bilen inžiner maýor Ladyženskiniň, 1773-nji ýylda S.G.Gmeliniň ekspedisiýalary Türkmenistan barada köp maglumat toplaýar. Ladyženskiniň bellemegine görä, şol wagt Çelekende nebit, kükürt, duz alnypdyr. 1781-nji ýylda graf Woýnowiçiň harby ekspedisiýasy Ogurjaly adasyny harby nukdaýnazardan öwrenip, ony berkitme gurmak üçin amatsyz hasaplaýar. Graf öz adamlarynyň türkmenler tarapyndan dostlukly garşylanandygyny nygtapdyr.

XIX asyryň başlarynda Russiýanyň senagat taýdan ösüşi onuň çig mal çeşmeleriniň, söwda bazarlarynyň giňeldilmegini gaýra goýulmaýan zerurlyga öwrülipdir. Bu

bolsa Merkezi Aziýany eýelemäge bolan meýili has-da güýçlenipdir.

Şol döwürde Welikobritaniýa Hindistanda doly ornaşypdyr. 20-30-njy ýyllarda iňlis senagat harytlary orta Gündogara aralaşyp başlapdyr. Beýle ýagdaý Welikobritaniýa bilen Russiýa ýaly uly ýurtlaryň arasynda Merkezi Aziýa üçin bäsdeşligi ýitileşipdir.

Goňşy döwletler bilen yzygiderli çaknyşyklar, birsyhly özara oňşuksyzlyklar türkmenleri güýçli döwletlerden çynlakaý haraý gözlemäge mejbur edipdir. Beýle ýagdaý Kaspiniň kenarlaryndaky we Maňňyşlakdaky türkmen taýpalarynyň Russiýa ýykgyn etmegine eltipdir. Sebäbi, birinjiden, olara Hywa hanlarynyň goňşy gazak taýplarynyň hem-de Demirgazykdan galmyklaryň yzygiderli çozuşlaryna döz gelmek agyr düşüpdir. Ikinjiden, olar Russiýa bilen deňiz arkaly öňräkden bäri dostlukly syýasy, söwda-ykdysady gatnaşyklar saklanypdyr. Şeýtmek bilen türkmenler güýçli döwlete daýanyp öz basdaşlaryny goramak isläpdirler. Iň bolmanda, öz ýerlerinde parahat durmuşy saklamaga çalşypdyr. Patyşa Russiýasynda pajarlanýan hökmürowanlyk syýasatyň düýp mazmunyny- täze-täze ýerleri eýelemek niýetine entäk türkmenleriň doly göz ýetirip bilmändigini boýun almak gerek.

1801-nji ýylda Maňňyşlak türkmenleriň (Abdallaryň) wekilleri Astrahana 1802-nji ýylda Demirgazyk türkmenleriň beýleki bir wekilçiligi Peterburga barýar. Rus raýatlygyna kabul edilmek, arkalaşyp deňiz kenarlarynda galalar gurmak, Russiýa suwlarynda tyulendir balyk tutmak, öri meýdanlarynda mal bakmak olaryň esasy haýyşlary bolupdyr. Patyşa hökümeti amatly pursatlary elden bermändir. Aleksandr I 1803-nji ýylyň aprelindäki “Patyşa hatynda” abdallaryň Russiýanyň howandarlygyna kabul edilýändigi haýyşlarynyň köpüsiniň kanagatlandyrylýandygy barada aýdylypdyr. 1813-nji ýylda Patyşanyň razylygy bilen Maňňyşlakly aballaryň, çowdurlaryň ,igdirleriň we burunjuklaryň bir bölegi Astrahana göçüpdir.

Dogry, ol ýerde öň türkmenleriň bir topary ornaşyp, eýýäm Russiýanyň durmuşyna goşulyşyp hem gidipdir. 1812-nji ýyldaky Watançylyk urşuna türkmenleriň hem gatnaşandygy barada maglumat bar. Saýlama bedewli türkmen ýigitleriniň ganatly "eskadronlarynyň" şöhrata beslenen fransuz atlaryny darandygy barada öz döwrüniň awtorlary ýazyp galdyrypdyrlar.

Türkmenleriň Russiýanyň howandyrlygyna ymtylyşyny 1805-nji ýylda Düýpgarganda berkitme gurmaga gelen general Felkerzam hem belläpdir. 1804-1813-nji ýyllardaly Rus-Eýran urşy döwründe kenar ilaty Russiýa goldaw bermek bilen çykyş edipdir. Urşan iki döwlet 1813-nji ýylda Gülüstan şertnamasyny baglaşýar. Şertnama boýunça, Russiýa Kaspi deňzinde agalygy öz eline alýar. Her halda uruşda öz tarapynda bolan türkmenleri soňra Ruslar gajarlaryň talaňçylygyndan goranmandyr. Kenar ilaty rus howandyrlygyna alynmagyna haýyş edip, 1819-njy ýylda gelen ekspedisiýanyň baştutany maýor Ponamorýoda, kapitan Murawýowda hat üsti bilen ýüz tutupdyr. 1832-nji 1836-nji ýyllarda G.S. Karoloniň söwda ylmy ekspedisiýalry Kaspiniň Gündogar kenarlarynda bolýar. Ol 1832-nji ýylda Nowo-Aleksandrowskiň berkitmesini gurýar. Ekspedisiýalar döwründe türkmenleriň taryhyna, etnologuiýasyna, georafiýasyna, hojalygydyr sosial gurluşyna degişli köp maglumat toplanýar. Karoliniň tagallasy bilen 1836-njy ýylyň tomsunda aksakallaryň Çelekende geçirilen umumy maslahatynda Çelekenleriň hem-de ondan Günortadaky 160 müň ýomudyň Russiýadan howandyrlyk soramak baradaky karary kabul edilýär. Şol karar we tire ýaşulularyň goly çekilip, golasy (möhri) basylan hat Karolinden rus hökümdaryna ýollanypdyr. Onda ýomutlarda agzybirliginiň ýoklugy beýleki taýpalaryň , Hywadyr Eýranyň özlerini öz gününe goýmaýandygy barada ýazylypdyr. Şeýle haýyşnamalaryň ýüze çykmagyna Russiýanyň türkmenlere köp zat wada bermegide, alnyp barylýan söwda-satyk işleriniň netijeleri-de sebäp

bolmagy mümkin, belli bir derejede mejbur edilmek ýolunuň-da ulanylan bolmagyda ähtimal.

XVI-XVIII asyrlarda rus-türkmen syýasy we ykdysady gatnaşyklary barha janlanyp başlaýar. Bu gatnaşyklar Russiýa imperiýasynyň Arheografik komissiýasy we Kawkaz arheografik komissiýalary tarapyndan XIX asyryñ ikinji ýarymynda taýýarlanyp çap edilen taryhy resminamalardan açyk görünýär.

Rus-türkmen gatnaşyklary barada gymmatly işleri ýazan alymlaryñ biri Amantagan Begjanowyñ "Gömlen akabalar, göçulen ýurtlar" (Türkmenistanyñ käbir taryhy şahslary) atly işiniñ mazmuny bilen tanşanyñda onuñ bu kitaby ýazmak üçin Aşgabadyñ, Moskwanyñ, Sankt-Peterburgyñ, Stawropolyñ dürli arhiwlerinden, kitaphanalaryndan, beýleki ylmy-jemgyýetçilik merkezlerinden gymmatly maglumatlary toplandygyna göz ýetirmek bolýar. Kitapda awtoryñ Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanyñ gadymy obalaryna, häzirki oturymly ýerlerine aýlanyp, köpi gören ýaşuly adamlar bilen gürrüñdeş bolup ýazyp alan maglumatlaryna-da duşmak bolýar.

Kitapda Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda dürli döwürlerde ýaşap geçen, il içinde giñden tanalýan Ärsarybaba, Hojanepes, Bekdurdy işan, Nurmuhammet işan, Mämmetsapa ýaly şahslaryñ türkmen-rus, türkmen-gazak, türkmenler bilen Hywa hanlygynyñ arasyndaky syýasy-ykdysady gatnaşyklary sazlaşdyrmakda bitiren hyzmatlaryna mynasyp baha berilýär. Kitapda beýan edilýän wakalardan türkmen halkynyñ parahatçylyk söýüjilik, mertlik, kanagatlylyk, sabyrlylyk ýaly ajaýyp häsiýetleri hem açylyp görkezilýär.

Mysal üçin, türkmen-rus gatnaşyklarynda uly rol oýnan Hojanepes Söýün ogly, onuñ rus imperatory Pýotr I bilen duşuşugy, onuñ esasy maksadynyñ Balkan etraplaryna Amyderýanyñ suwuny gaýtaryp bermek bolandygy, emma

Pýotr I we onuñ işini dowam etdirijileriñ Hojanepesiñ maglumatyny Rus imperiýasynyñ Gündogar baradaky daşary syýasatynyñ peýdasyna ulanandyklaryny ygtybarly çeşmeler esasynda jikme-jik beýan edýär. Hojanepesiñ Pýotr I ýörite permany boýunça Aleksandr Bekowiç-Çerkasskiniñ ýolbaşçylygynda Mañgyşlaga, Kaspiniñ gündogar kenarlaryna guralan ekspedisiýalaryñ işine ýakyndan kömek berşi, ekspediýalaryñ işiniñ netijeleri, Hywa hany Şirgazynyñ rus ekspediýasyny hile bilen garşylaýşy, ekspediýasynyñ agzalarynyñ pajygaly ykballary, Hojanepesiñ soñky ykbaly barada gyzykly maglumatlar berýär.

Şular bilen birlikde A.Begjanow "VIII asyryñ ahyrlarynda, XIX asyryñ başlarynda Rus-Mañgyşlak gatnaşyklaryny ýola goýmakda, Astrahan-Mañgyşlak söwda ýoluny ygtybarly açmakda, şol esasda rus-hindi gatnaşyklaryny guramakda Russiýanyñ wekilleri bu ýarym ada-da uly abraýdan peýdalanýan, täsirli şahsyýet hökmünde Bekdurdy işana bil baglapdyrlar" diýmek bilen onuñ rus-türkmen gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda bitiren hyzmatlaryny giñişleýin açyp görkezýär.

Şeýle-de kitapda Bekdurdy işanyñ ogly Nurmuhammet işanyñ XIX asyryñ 30-njy ýyllarynda syýasy sahnada görnüp başlandygy, onuñ öz şahsy talanty bilen döwürdeşleriniñ arasynda uly abraýdan peýdalanandygy, XIX asyryñ birinji ýarymyndaky çylşyrymly taryhy ýagdaýlardan onuñ gowy baş çykarandygy, Hywa hanlary bilen, Russiýa bilen aragatnaşyk saklamaklyga batyrgaýlyk, özüne mahsus gönümellik bilen girişendigi, bu ugurda uly işler bitirendigi barada gyzykly we ygtybarly gürrüñ berilýär.

Bu awtoryñ "Mañgyşlak türkmenleri XVIII-XIX asyrlarda" diýen işinde ilki bilen Demirgazyk-Günbatar türkmenleriniñ XVIII-XIX asyrlardaky taryhy baradaky maglumatlary özünde jemleýän ylmy çeşmeler we taryhy edebiýat barada maglumat berilýär. Demirgazyk-Günbatar

türkmenleriniñ XVIII-XIX asyrlardaky taryhyny beýan edeninde awtor gürrüñ edilýän ýerlerde ýaşaýan türkmenleriñ jemgyýetçilik-syýasy gurluşy we durmuş-ykdysady ýagdaýlary, goñşy döwletler we ilatlar bilen gatnaşyklary we beýlekiler barada durup geçýär.

Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda ýaşan türkmenleriñ durmuşy bilen baglanyşyklyk ykdysady we syýasy meseleler M.Annanepesowyñ "XVIII-XIX asyrlarda rus-türkmen özara gatnaşyklarynyñ pugtalanmagy" diýen göwrümli işinde giñişleýin beýan edilýär. Bu kitapda Mañgyşlagyñ meseleleri barada gürrüñ berýän ilkinji çeşmeleriñ awtorlarynyñ käbir garaýyşlaryna tankydy pikirlere duşmak bolýar. Awtor rus imperiýasynyñ XVIII-XIX asyrlardaky Merkezi Aziýa bolan gatnaşyklaryna-da şeýly dogry nukdaý nazar bilen çemeleşýär.

M.Annanepesowyñ bu işinde şol döwürlerde emele gelen rus-türkmen gatnaşyklarynyñ türkmenler üçin ähmiýetiniñ uly bolandygy, rus imperiýasynyñ basybalyjylyk syýasatyny ep-esli derejede peseldip görkezmäge bolan äheñleriñ bardygyna garamazdan, bu iş Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda XVIII-XIX asyrlardaky taryhy ýagdaýlary öwrenmekde ähmiýetli işleriñ biridir.

XVIII-XIX asyr türkmen taryhynyñ belli bir taraplaryny öwrenmekde türk alymy Mehmet Saraýyñ "Türkmenler imperializm zamanynda" atly eseriniñ hem uly ähmiýeti bardyr. Alymyñ işinde türkmenleriñ XIX asyra çenli taryhy gysgaça derñew edilip, XIX asyrdaky rus-türkmen gatnaşyklary doly diýen ýaly beýan edilýär. Bu ylmy işiñ aýratynlyklarynyñ biri-de türkmen taryhçy alymlaryna elýeterli bolmadyk daçeşmeleriniñ esasynda ýazylanlygydyr.

Mehmet Saraýyñ bu işiniñ ruslaryñ türkmen topragyny basyp almaklarynyñ sebäplerini giñden öwrenmekde, diñe bir Türkmenistan däl, eýsem bütin Merkezi Aziýa barada iñlisleriñ alyp baran syýasatyna baha bermekde,

onuñ ylaýta-da XIX asyrda halklaryñ ykbalyna eden täsirine göz ýetirmekde uly ähmiýeti bardyr. Bu ylmy iş türkmen ýazyjysy S.Ataýew tarapyndan iñlis dilinden türkmen diline terjime edilip, 1992-nji ýylda Garagum jurnalynyñ I-V we IX,X,XII sanlarynda çap edildi.

## §2.Türkmenistanyñ taryhy boýunça XIX asyryñ ikinji ýarymy-XX asyryñ 90-njy ýyllaryna çenli bolan döwürde ýazylan taryhy çeşmeler.

XIX asyryñ ortalarynda türkmen halky özbaşdaklyk üçin birnäçe söweşleri başdan geçirdi. 1855-nji ýylda Saragtyň ýanynda Hywa hany Mädemin bilen, 1858-nji ýylda Garrygalada, 1860-61-nji ýylda Marynyñ eteginde Eýran bilen söweşler bolýar. Şu söweşler barada öz döwrüniň awtory Abdysetdar Kazy "Jeňnama" ýa-da "Tekeleriň uruş kyssa kitaby" atly poemasyny ýazyp galdyrypdyr. Abdysetdar Kazynyň çen bilen doglan wagty 1820-nji ýyl, kitabyň ýazylan wagty çak edilişine görä 1862-nji ýyl. Poema 2 müň 200 setirden durýar. Esasy Garrygala we Mary jeňleri barada ýazylan. Abdysetdar Kazynyň özi birnäçe wakalary öz gözi bilen gören, jeňnamada aýry-ayry adamlar barada birnäçe maglumatlar galdyrylypdyr. Asyryň başynda bu ýadygärligi Samoýlowiç bölekleýin rus diline geçirip köpçülige ýetirmegi başarypdyr. Jeňnamanyň dili öz döwründe ulanylan sözler bolup, köp sözler häzir ulanyşdan galan pars, (eýran) dillerinde bolupdyr. Jeňnamada birnäçe adamlaryň ady tutulýar, Eýran goşunyndan Büjnürt welaýatynyň häkimi Japarguly han 1858-nji ýylda Eýranyň uly leşgeri bilen goňşy oturan türkmen ilaty (gökleňleriň üstüne herekete geçýär, Garrygalanyň ilaty, esasy ýolbaşçylary Ýagşy Mergen goňşy türkmen taýpalary tekeler, ýomutlara) habar ýollaýar, Ahaldan Nurberdi hanyň ýolbaçyşylygynda kömek barýär, ýomutlardan gelene Japarbaýlardan bereni Pena batyr ýolbaşçylyk edýär. Pena Rejebowyň garry atasy), esasy ýolbaşçy Nurberdi hah bolýar.

Ol söweşde başga-da birnäçe adam tapawutlanýarlar (Durdy han, Dykma serdar, Çary Bahadur dagy, Çopan Kir, Eşret batyr, Işurmak Mergen diýen ýalylar tapawutlanýarlar. Eýranlylaryň toplary bar. Ahyry duşman ýeňilýär, tapawutlananlara olja alnan zatlar paýlanýar, şonda mis topy Nurberdi han alyp gaýdýar, soň Mary gajar jeňinden munda Eýranyň Horasandaky häkimi Hemze Mürze baştutan bolup gelýär. Hemze Mürze öz goşunyndan 20 müňden gowrak bar, 27 müň nöker bar. 20 müňden gowrak hyzmat edýän mal bakary, garaz adamy bar eken. Eýranyň 30-dan gowrak toplary bar eken. Marynyň golaýynda Garaýapda söweş bolýar. Esasy serkerde baştutan Gowşut han. Kömege salylar, ýomutlar, ahal tekeleri Nurberdi hanyñ baştutanlygynda gelýärler. Bu ýerde dürli taktika ulanylýar. Guma çekilýärler, şonda yzyndan baranlary gyrýarlar.

Marynyñ etegindäki söweş barada esasy çeşmämiz "Jeñnama" bolsa-da söweş baradaky maglumatlary has aýdyňlaşdyrmak üçin Muhammet Aly-al-Hüseýniniň "Mary jeňini" işiniñ mazmuny barada-da durup geçmek gerek. Eýran alymlary "Merw jeňi" atly golýazmany ilkinji gezek ylmy dolanyşyga girizipdirler. Onuň ýazary XIX asyrda ýaşan Muhammet Aly-al-Hüseýnidir.

Golýazma Maşat şäherinde 1881-nji ýylda ýazylyp, 118 sahapdan ybarat bolupdyr. Näbelli bir žurnalist golýazmanyň tötänden üstünden barypdyr. Ilkinji taryhy çeşmäni Ahmet Tahyr diýen adamyň şahsy kitaphanasyndan tapyp, ony "Taryhy derňew" žurnalynyň işgärlerine gowşurypdyr. Emma gynansak-da, bize Ahmet Tahyryň kimdigi belli däl. Belki-de, Muhammet Aly-al-Hüseýniň dosty ýa-da ýakyn tanyşy bolmagy mümkin.

Muhammet Aly-al-Hüseýni şa goşunlarynyň Mary tekeleriniň üstüne eden ýörişiniň ýazgysyny ýazýar, onuň özi urşa gatnaşan diri şaýatdyr. Kitapça-häzirlikçe bize belli bolan

pars dilinde ýazylan we Mary oazisindäki urşuň taryhyny suratlandyrýan çeşmedir.

Golýazma sekiz bapdan ybarat. Ilkinji bap giriş bölümi bolup, ýörişiň anyk senesini 1276-77 ý (1860-61 ý.) görkezýär we Mary tekeleriniň üstüne ýöriş üçin Eýranyň köp welaýatlaryndan goşun ýygnalyşy beýan edilýär.

Marynyñ etegindäki söweşde türkmenler duşman gorhanasyny ýakyp, nökerleriň birnäçesini öldürip, ençemesini ýesir alýarlar. Şol ýesir alnan adamlaryň arasynda fransuz syýahatçysy Gulibef-de Blokwil hem bar eken. Ol tekeleriň goňur tiresinde ýesirlikde saklanýar. Blokwil bu urşy gözi bilen gören şaýat daşary ýurtly syýahatçydyr. Ol bendilikden boşadylandan soň ýatlama ýazyp, “Bütindünýä syýahatçysy” diýen ýygyndylar toplumynda çap etdirýär.

Blokwiliň aýtmagyna görä, bu waka 1860-njy ýylyň iýul aýynyň 19-ynda bolupdyr. Gynansak-da, awtor wakany beýleki degerli çeşmelere garanyňda bir ýyl giç görkezýär. Belki, ol gündogarda ýylyň nowruz aýy çalyşýanyndan habarsyz bolandyr. Ylmy we beýleki şaýatnamalarda bolsa 1861-nji ýylyň tomsy diýlip berilýär.

“Talaňçylykdan ýaňa bizar-peteňi çykan parslar 1860-njy ýylda garakçylaryň höwürtgesini düýpgöter ýok etmegiň pikirine düşdi. Takmynan, täze Saragtyň Gerirud (Tejen) derýasynyň çep kenarynda olar berkitme gurdular we 1861-nji ýylda Saragtyň üstünden Mara tarap 13.000 pyýada, 10.000 atly goşundan we 33 tipdan ybarat goşun çekdiler”-diýip, Grodekow “Türkmen ilindäki uruş” atly kitabynda ýazýar.

Gajar esgerleriniň sany barada her hili maglumatlar berilýär. Has beteri hem türkmen ýazarlarynyň golýazmalarynda ösdürilip ýazylýar. Bir mysal, Abdysetdar kazynyň “Jeňnama” eserinde gajar goşunlarynyň 70 müň we Maşat şäherini töweregi bilen doldurandygyny belleýär. Dowan

şahyr bolsa “Harby ýolbaşçy edilip Hemze Mürze 32 topy, müň düýe däri ýüki bilen bellenilýär” diýip ýazýar.

Köp ýazarlaryň pikiri umuman gabat gelýär.

Petrusewiçiň aýtmagyna görä, pars goşunlary 12.000 pyýada, 10.000 atlydan we 33 topdan ybarat. Goşunbaşysy edilip bolsa Horasanyň dikmesi Hemze Mürze-Hişmet Döwle, onuň kömekçisi bolup Mürze Mämmet Kowamet Döwle bellenilýär. Soňky ady tutulan Abdysetdar Kazynyň poemasynda Gara Sertip diýlip görkezilýär.

Mukaddes Maşat şäherinden şaha iň ýakyn adam Şihabil Molk gelip, käbir zerur işler bilen meşgul bolýar we goşunlary ýekeme-ýeke sanap başlaýar. Haçan-da pyýada we atly goşunlar sanalanda, 21 müň adam göz öňünden geçýär.

Kitabyň ilkinji babynda gajarlaryň belli we hormatlanýan goşunbaşylarynyň ady Hemze Mürze Hişmet Döwle, Kowamet Döwle, Muhammet Weli han serdar we başgalar. Gynansak-da eýranly ýazar Muhammet Aly-al-Hüseýni “Mary jeňi” kitabynda başdan aýagyna çenli Mary etrabynyň serdarlarynyň atlaryny görkezmeýär.

Ýatlamanyň galan ýedi babynda bolsa Mary söweşiniň gidişi barada anyk maglumatlar berilýär. Ýazaryň uruş barada getirýän anyk delilleri beýleki üeşmeleriň üstüni ýetirýär we baýlaşdyrýar. Maglumatlaryň käbirleri hatda türkmen ýazary Abdysetdar Kazy tarapyndan ýazylan “Jeňnamada” hem görkezilmeýär.

Ýazar kitabyň dördünji we bäşinji babynda gajar goşunlarynyň yssyda, suwsuz çöllükden geçişini, meşikdäki suwuň yslanyp, zaýalananyny we köp serbazlaryň içagyry keseline uçranyny belleýär.

Muhammet Aly-al-Hüseýni ondan başga-da çöregiň we etiň bahasynyň öte ýokary bolup, goşunyň açlyga sezewar boluşyny we olaryň ot bilen iýmitlenişlerini, sue ýerine-de haýwanlaryň ganyny içişlerini janygyp ýazýar. Şu ýerde ýene-de esasy bellemeli zat-serbazlaryň azygy gutarýar. Soňra bolsa

olar öz pullaryna ýa-da zada çalşyp, azygy tapan ýerlerinden almaly bolýarlar. Döwlet goşunyny iýmit bilen üpjün edip bilmeýär. Şu pursatdan peýdalanyp, saryklar bugdaý, un getirip, olara gymmat bahadan satýarlar. Blokwil hem ýatlamasynda: "Ekspedisiýa birnäçe adamyny, haýwanlaryny ýitirdi, biderek ýere däri ýakdylar" diýip belleýär.

Bu taryhy çeşmede saryklaryň hem-de salyrlaryň Maryny basyp almaga gajarlara kömek edendiklerini ýazar ýazýar. Ol altynjy bölümde: "Olara Daşrabada ziýhidja aýynyň 15-inde Penjde we Meýmene tarapdan saryklaryň bir tiresiniň (haýsydygy görkezilmeýär) serdary Ymamguly Mürzäniň ýolbaşçylygynda öz atlylary bilen geldiler" diýip ýazýar. Saryklar tarapyndan arza gowşurylýar. Onda saryklar Eýranyň raýatynda we size kömek etmäge taýýar. Ymamguly serdar örän akylly, sowatly adam we öz hyzmatyny siz üçin gaýgyrmaz, hemme saryklara Eýrana boýun bolmagy ündeýär diýip ýazylýar. Şeýlelikde, tekeleriň ekerançylyga ýaramly ýerleri bolan Garaýaba äkitmäge ýol görkeziji bolýarlar.

Saryklaryň gajarlara eden kömegi barada diňe A.Samoýlowiçiň ýatlamasynda:"Iki ýyldan soň tekeler alamançylygy üçin ar almaga gelen pars goşunynyň zarbyndan Porsugala gidýärler. 1859-njy ýylda ýer üstünde teke-saryk çaknyşygy bolýar…" diýip görkezmesi 1861-nji ýyla gabat gelýär. Şol ýerde 20 öýli saryk bardy megerem, Halipa işanyň ogullary bolmaly. Saragtda Gowşut galany ýer bilen ýegsan edip, parslar saryklaryň çagyryşyna jogap edip, 35 müň adamly Porsygalada peýda bolýarlar. Emma olar soýuzdaşlary bilen bilelikde tekeler tarapyndan Köşk diýen ýerde kül-peýekun edilýär. Saryklar hem-de parslar häzirki Mara tarap yza çekilýärler. Iki aýdan soň parslar gidýär. Saryklar bolsa tekeler bilen ylalaşýarlar, emma ol ýaraşyk iki aýdan uzaga çekmeýär, şeýlelikde saryklar täze ýere gitmeli bolýarlar". Biz gynansak-da, saryklaryň gajarlara eden kömegi barada başga ynamdar

çeşmeleriň hiç birinde gabat gelmedik, salyrlar barada-ha asla-da.

A.Samoýlowiçiň tekeler bilen saryklaryň ylalaşygy baradaky pikirini Muhammet Aly-al-Hüseýni "Merw jeňi" atly kiatbynda tassyklap: "Gajarlar kowlandan soň saryklar tekelere kömek etdiler. Yza çekileniniň üçülenji güni 400-500 saryk atlysy bizi yzarlady we urşup başladylar. Ýusup han tizara öz adamlary bilen bizi gorady we ýol açdy. Saryklaryň birnäçesi Şaht derýasyna gark boldy, käbirlerini bolsa ýesir aldyk, ertesi güni bolsa, Penjde bary-ýogy 2 farsah galanda bizi saryk aksakgallary garşylady. Bolan işler barada ötünç soradylar. Saryklara ýesir düşen gajarlaryň adamlaryny yzyna berdiler we özleriniň Eýranyň raýatyndadygyny aýtdylar. Biziň ordamyz Daşköprä ýetmän, bir farsah bäri ýanynda goş ýazdyrdy. Sebäbi iýmit çekmek üçin ara golaý boljakdy. Saryklar iýmitleri getirip, serbazlara gymmat bahadan satýarlar, olar mejbury suratda almaly bolýardylar. Leşger bu ýerde iki gün bolup, dynç aldy, türkmenler bolsa, güýjüniň ýetdiginden kömek edýärdi. ("Barrasiýhaýe taryhy" žurnaly. Tähran, Aprel-Mart. 1971. 47 s.")

Ýene-de bir bellemeli zat-şol söwda gidip durka gawunyň gymmatlygy sebäpli türkmenler bilen serbazlaryň arasynda dawa turýar. Bu bolsa saryklar bilen gajarlaryň gaýtadan çaknyşygyna getirýär. Şeýlelikde, gajarlaryň öz içinde dowul ýaýrap, bosuşyp gaçmaga başlaýarlar. Hamana diýersiň, türkmenler çozýarmyşlar diýip, her kim bir tarapa gaçyp ugraýar. Bu başagaýlygy gören saryklar hem bulary yzarlap kowup, talap başlaýarlar. Olary Badhyz Çemenebidine çenli yzarlap, talap, takmynan, 2500 gajary alýarlar.

Şeýle gymmatly maglumatlar XIX asyrdaky ýewropaly syýahatçylaryň ýazgylarynda-da, türkmenleriň ýatlamalarynda-da görkezilmeýär.

Şondan ötri hem salyrlaryň gajarlara kömegi barada we olaryň çaknyşyklary hakdaky maglumatlara biz diňe "Merw

jeňinde” duşýarys. Ýazar bu barada:”Salyrlardan 150 atly we 50 pyýada meýletinler Mara kömege geldiler. Salyrlara-da edil saryklar ýaly aýlyk tölendi. Emma saryklar olaryň gelmegine nägilelik bildirdiler. Saryklar harby ýolbaşçylara baryp “salyrlar hiç wagt Eýranyň raýaty bolmazlar we size ak ýürekden hyzmat etmezler, olary diňe talamaly” diýip arz edýärler. Soňra bolsa salyrlaryň çynlakaý hyzmat etmändigi göründi diýip, ýazar özüniň ýol ýazgysynda görkezýär”

Salyrlar gajarlara iýmit satyp, azda-kände hemaýat edenem bolsalar, şol sanda tekelere-de kömek edýärler. Ýolöten galasyndan galla almaga gelýän gajar goşunlarynyň birnäçesini öňünden tekelere habar berýärler. Ertesi güni tekeler salyrlar bilen bilelikde olaryň daşyny gabaýarlar. Gabawdan böwsüp çykmagy we öz aralaryndaky salyrlary tutmagy goşun ynanylan gajar serkerdesi Abdylaly han buýruk berýär. Şeýlelikde, aýgytly söweşip, gabawdan zordan çykýarlar we Mary galasyna gelýärler. Tutulan salyrlary saryklaryň haýyşy bilen Abdylaly handan boşadýarlar.

Ýazar ýene-de bir gyzykly maglumaty ýagny türkmen aýallarynyň gajar goşuny bilen söweşişini bir sözlemde beýan edýär. Ol şeýle bir waka boldy-obada hatda aýallar hem serbazlara gaýtawul berdiler, gum sowurdylar we biziň adamlarymyzy gaçyrdylar” diýip belleýär. Bu barada-da beýleki degişli çeşmeleriň hijisinde ýatlanylmaýar.

Şol uruşda haçan-da şa goşunlary yza çekilende Blokwil tekelere ýesir düşýär. Ol bu barada özüniň ýatlamasynyň 42-nji sahypasynda ýazýar.

XIX asyryñ ikinji ýarymynda Türkmenistanyñ ilaty syýasy we ykdysady babatda uly taryhy wakalary başdan geçiripdir. Şu döwre çenli Eýran, Hywa, Buhara döwletleri bilen dartgynly, käte parahatçylykly gatnaşyklar alyp baran bolsalar indi patyşa Russiýasynyñ howpy abanypdyr.

Türkmenistanda XIX asyryñ ikinji ýarymynda patyşa Russiýasy bilen baglanyşykly bolup geçen wakalar köp ýyllardan bäri alymlary, halk köpçüligini gyzyklandyryp gelýär. Şu mynasybetli türkmen taýpalarynyñ patyşa Russiýanyñ raýatyna geçmegi bilen baglanyşykly meseleler alymlar tarapyndan dürli nukdaý nazardan öwrenilip, birnäçe ylmy işler ýazyldy. Galyberse-de Türkmenistanyñ patyşa Russiýasynyñ düzümine birikdirilmegi barada birnäçe gazet we jurnal makalalarynyñ üsti bilen alymlar bu mesele baradaky pikirlerini halk köpçüligine hödürläpdirler. Kaspiniň kenarynda doly ornaşmak üçin 1846-njy ýylda baş Ştabyň polkownigi M.M.Iwanowyň ekspedisiýasy Düýpgarganda Nowo-Petrowsk berkitmesini gurýar. Palkownik Dandiwiliň 1859-njy ýyldaky ekspedisiýasy hem şeýle maksat bilen guralypdyr. Bilşimiz ýaly Hywa hanlygy boýun egdirilenden soñ şol ýerde ýaşaýan türkmen ilaty bilen bolan söweş Gazawat gyrgynçylygy ady bilen taryha girdi. М.Алиханов-Аварскиниñ "Поход в Ниву (Кавкасских отрядов) 1873 года", Н.И.Гродековыñ "Хивинский поход 1873 года. Действия кавказских отрядов", Ф И Лобысевичиñ "Описание Хивинского похода 1873 года" ýaly işlerinde gandöküşikli söweşler aýdyñ beýan edilipdir. Şular bilen birlikde uly taryhy waka degişli ýerli awtor, Hywa taryhçysy Muhammet Yusup Baýanynyñ "Şejere-ýi horezm şahi" diýen golýazmasynda Gazawat söweşi barada ýörite bölüm berlipdir. Türkmenistanyñ patyşa Russiýasyna birikdirilmegi babatynda henize çenli biziñ taryhçy alymlarymyzyñ ulanmadyk bu golýazmasyndaky obýektiw ýazylan faktlar peýdalanylsa bar bolan taryhy maglumatlaryñ üstüni ýetirer. Amerikan jurnalisti Mak Gahan öz gözi bilen gören gyrgynçylygyny "Gazawat urşy" atly gollanmada beýan edipdir.

Gökdepe söweşi, oña taýýarlyk görlişi barada Tugan-Mürze Baranowskiniñ "Ruslar Ahal-tekede. 1879", N.Hojageldiýewiñ "Skobelew milli gahrymanmy ýa-da...?",

“Gökdepe galasyndaky söweş”, Mary oazisiniñ patyşa Russiýasynyñ düzümine birikdirilişi barada М.Н.Тихомировыñ “Присоединение Мерва к России”, A.Ylýasowyñ “Seýitnazar Ýüzbaşy” ýaly ululy-kiçili işler doly maglumat berýär.

Türkmenistanyñ patyşa Russiýasyna birikdirilmegindäki harby ýörişlerine göniden-göni gatnaşyp, basyp almakdaky wakalary amala aşyran, patyşa ofiserleri, generallary öz işlerinde türkmenleriň zalymlyk bilen tabyn edilendigini boýun alypdyrlar. Bu babatda М.А.Терентьевиñ “История завоевания Средней Азии“, A.N.Kuropatkiniň “Türkmenistanyň basylyp alynmagy”, A.N.Maslowyň “Ahaltekäniň basylyp alynmagy”, Н.И.Гродековыñ “Война в Туркмении” we beýleki onlarça işlerde anyk durlup geçilýär. Rus ofiserlerinden başga-da, günbatar Ýewropaly we amerikaly birnäçe awtorlar hem wakany bolşy ýaly beýan edip, ony basyp almak diýip häsiýetlendiripdir. Basyp almagyň sebäbini bolsa, ilki söwda, ykdysady, soñra strategiki maksatlar üçin diýip düşündiripdir. Türkmenistanyñ patyşa Russiýasynyñ düzümine birikdirilişi barada aýdylanda “Присоединение Туркмении к России. Сб. архивных документов” atly arhiw resminamalarynyñ ýygyndysyny hem agzaman geçmek bolmaz.

1980-nji ýyllarda ýazylan işlerde öñki SSSR-iñ birnäçe halklary bilen birlikde türkmen halkynyñ hem patyşa Russiýasynyñ düzümine meýletin girenligi ylmy taýdan “esaslandyrylypdyr”. Onuň esasy maksady şo halklaryň indi ençeme ýüzýyllyklardan bäri dostlygyny, doganlygyny subut etmek bolupdyr. 1983-84-nji ýyllarda M.G.Gapurowyň, A.A.Roslýakowyň, M.Annanepesowyň “Baky doganlyk” atly rus we türkmen dillerinde çap edilen kitaby meýletinlik ýörelgesi esasynda ýazylypdyr.

Patyşa Russiýasy türkmen ýerlerini eýeländen soñ Türkmenistanyñ ýerüsti we ýer asty baýlyklaryny öwrenmek üçin birnäç ekspedisiýalar ugradypdyr.
Şu mesele boýunça çeşmeleriň arasynda tema degişli arhiw resminamalarynyñ ýygyndysy aýratyn ähmiýete eýedir. Ýörite ýygyndy “Присоединение Туркмени k России. Зборник архивных документов” atly resminamalar ýygyndysy A. Ylýasowyñ redaksiýasy bilen 1960-njy ýylda neşir edilipdir. Bu ýygyndyda resminamalar esasy 5 sany bölüme bölünipdir. Bölünişi Türkmenistany Russiýanyň eýeläp başlaýşyna laýyklykda bolupdyr. Munda resminamalaryñ dürli görnüşleri toplanypdyr. Esasy görnüşleri notalar, maglumatnamalar, ýazgylar, alşylan hatlar, instruksiýalar, telegrammalar we beýlekiler bolupdyr. Bu resminamalar Türkmenistany russiýanyň eýelemegi bilen gös-göni bagly bolup durýan resminamalardyr. Şu resminamalaryñ arasyndan käbir şahslara degişli maglumatlary hem tapmak bolýar.

**Zakaspi oblastynyň taryhy boýunça çeşmeler.**

Zakaspi oblastynyň taryhy boýunça çeşmeler dürli görnüşli, dürli mazmunly çeşmelerdir. Çeşmeleriň bir topary wezipeli adamlaryň, döwlet çinownikleriniň ýazan eserleridir. Şu döwürde ilkinji gezek professional taryhçylar Türkmenistanyň taryhy barada maglumatlar toplap ýörite eserler ýazypdyrlar. Ýazylan kitaplaryň birnäçesi ylmy häsiýetde Zkaspiniň tebigaty barada, türkmenler barada, olaryň hojalygy medeniýeti barada ýazypdyrlar. Lomakiniň “Obyçnaýa prawa adat turkmen”, Mihalowyñ “Tuzensi Zakaspi ih jizn”, Lessir birnäçe makala ýazypdyr.

Arheologlar gazuw agtaryş işlerini geçirpdirler. Olardan Zukowskini, Seçenowy atlandyrmak bolar. Pampelli amerikan alymy, Komarow Änewde gazuw agtaryş işlerini geçirip birnäçe maglumatlar toplapdyrlar.

Zakaspi oblasty boýunça çeşmeleriň arasynda gymmatly çeşme hökmünde 1897-nji ýylda bütin Russiýa boýunça

geçirilan ilat ýazuwynyň ähmiýeti uludyr. 1897-nji ýylda bütin Russiýa boýunça ilat ýazuwy geçirilipdi. Şol ýazuw Zakaspi oblastynyñ ilaty boýunça ilkinji has dolyrak maglumatlar özünde toplaýar. Şol ilat ýazuwynyň materiallary Russiýada çap edildi. Zakaspi oblasty boýunça maglumatlar 82nji tomda berilýär. Şol ýazuw boýunça Zakaspi oblastynda 382 müňden gowrak adam ýaşapdyr. Şolardan erkekleriň sany 212,7 müň, zenanlar 170 müň töwerekleri. 1897-nji ýylyñ ilat ýazuwy oblastyň köp ýerini öz içine alypdyr. Ýöne bir zady bilmek kyn, hemme oblastyñ hemme ilaty doly hasaba alnypmy? ( mysal üçin Garagumda-da bar ilat). Şol ýazgy boýunça 83 müňden gowrak hojalyk bar eken. Ilat 54 sany dilde we şiwelerde gürläpdirler. Dil bolsa milletem şoňa girýär. Ruslar, ermeniler, özbekler, gazaklar we ş.m. Ilatyň 90%-te golaýy musulmanlar, dinleri boýunça prowoslawlar, iýudeýler we ş.m. bolupdyr. Oblast boýunça 90 we ondan ýokary ýaşdakylar 254 sany eken. Ilat ýazuwynda ýaşy boýunça, dini, dili boýunça, maşgala ýagdaýy boýunça, sowatlylygy boýunça maglumat ýöredilipdir. Bütin oblast boýunça sowatlylaryň tutýan sany ilatyň 7.16 %-i eken. Türkmenleriň rewolýusiýadan öňki derejesi 0.7 % diýýäs. Edebiýatda kabul edilen bu san diñe rus dilinde okap-ýazyp bilýänleriñ sany bolmaly. Beýleki elipbiýlerde sowatlylar bölek bolupdyr. Şu ýazuwyň maglumatlary köp halatda mysal alarlyk (sanlar däl , düzümi, prinsipi). Ilatyň sany baradaky maglumatlarda saglyk ýagdaýlary boýunça kemçiligi bolanlar-da bellenipdir. Mysal üçin, ilat ýazuwy boýunça bütin oblast boýunça kemter çagalaryñ, uly adamlaryñ umumy sany getirilipdir.

Körler 600 sany.
Soň kör bolanlar 589 sany
Kerler 61
Lallar 60
Akly üýtgänler 164

Jemi kemterleriň sany bir müň 454 sany. Umuman alanda ilat ýazuwynyň maglumatlary türkmenler baradaky ilkinji sistema salnan maglumatlar bolup durýar. Ilat ýazuwyndan soň Türkmenistanyň demografiki statistikasy sowet döwrüne çenli ulnylyşykda täzelenmändi. Şonuň üçin 1897-nji ýylyň ilat ýazuwynyň maglumatlary özüniň taryhy çeşme hökmünde gymmatlylygy bilen tapawutlanýar.

Şu döwür barada ýene-de bir gymmatly taryhy çeşmeleriň topary 1908-nji, 1910-njy ýyllardaky senator rewiziýasynyň maglumatlarydyr. Bu rewziýa (barlag ýazuwy) senatoryň tabşyrygy boýunça graf Palen ýolbaşçylyk edipdir. Senatoryñ rewiziýasynyň maksady ýerlerdäki ýagdaýa doly göz ýetirmeklik bolup durýar. Sebäbi Orsyýetiň territoriýasynda guberniýalarda synpy çykyşlar bolup durýardy. Graf Paleniň rewiziýasynyň esasy maksady Türkistan general gubernatorlygyndaky umumy ýagdaýa göz ýetirmeklik bolýar. Şu rewiziýanyň bellenmeginde hem Han Ýomudskiniň roly uly bolýar. Han Ýomudskiý Nikolaý Nikolaýewiç. Han Ýomudskiý Peterburgda harby ýuridik ugry gutarýar. Ilki ofiser bolup gelýär. Ýörite mekdep açyp soldatlaryň tarapynda durup olaryň hukuklaryny kemeltseler garşy çykýar. Onsoň ony ýigrenip Mara iberýärler, barsa ol ýerde patyşa administrasiýasynyñ wekilleri, ýerli hökümdarlaram edip bilenini edýär. Rewiziýa 15 sany uýezdiň 12-sini öz içine alýar. Rewiziýanyň maksady eden-etdiligiñ öňüni almak, ýene bir maksat Türküstan general gubernatorlygyny dolandyrmaklygyň düzgünnamasyny üýtgetmek. Rewiziýanyň maglumatlary birnäçe toparlara bölünip bilner. Mysal üçin içki iş dolandyryş dokumentleri, statistik materiallar, arz-şikaýat hem-de jemleýji resminamalar. Rewiziýanyň materiallary Zakaspi oblasty boýunça gutarnykly işlenilipdir (tablisalar zat düzülmändir, jemleýji sanlar jemleýji resminamalarda toplanypdyr) şu materiallar boýunça dolandyryş ulgamy boýunça halk sudlary, magaryf meselesi,

ykdysady-medeni meseleler boýunça maglumatlary tapyp bileris.

Ýene bir gymmatly çeşmeleriň topary 1914-1915-nji ýyllardaky ählihalk ýazuwynyň materiallarydyr. Ine bu ýazuwda esasan oba ilaty hasaba alnypdyr, öwrenilipdir. Gymmatly tarapy türkmen obalarynyň hojalygyny, durmuşyny öwrenmeklik üçin gymmatly çeşme bolup durýar. Her hojalyk we oba boýunça blankalar bolmaly. Olary Karly Gülnara Janbekowna öwrendi. Käbir obalarda sowatlylygyň 20 %-ne çenli ýeten ýerleri bolupdyr. Zakaspi oblastynyň şu döwürdäki taryhyny öwrenmeklik üçin Zakaspi oblastynyň halk sudlarynyň aýratyn daşary gurultaýlarynyň materiallary uly ähmiýete eýedir. Han Ŷomudskiý (1913-nji ýylda Russiýadan çykarylýar) Helsinskide (Finlýandiýa) "Narodnyý sud Zakaspiýskiý oblasty" diýen kitaby ýazýar. Indi ol türkmenlerde hukuk gatnaşygynyň ruslar gelmänkä, gelensoň, edil şol wagtda nähili bolandygyny ýönekeý dil bilen ýazýar. 1922 ýylda çap edilýär.

Zakaspi oblastynyñ adatdan daşary gurultaýynyñ maglumatlary hem köp zatlary özünde jemleýär. Şu işde Zakaspi oblastynda sud gatnaşyklaryny öwrenmek üçin gymmatly maglumatlar bar. Şolar boýunça käbir zatlar üýtgedilmeli eken. Mysal üçin, hun almak gadaganlygynyň ýerine zat tölemeklige hun almak. Şol ýöne hun almak türkmenlerde azrak bolupdyr. Ganyna görä gan almak köp bolupdyr. Şol gurultaýyň maglumatlarynda 4-5 günlük gazamada salnanlary bolupdyr.

OZO-Obzor Zakaspi oblasty. 1898-nji ýyldan başlap birinji jahan urşy başlanýança her ýyl diýen ýaly neşir edilipdir. Bu ýerde ilatyñ hünärmentçiligini, oba hojalygyny, söwda, awçylyk, ilatyň sany, ekin ýerleri, meýdany, alan hasyly barada maglumat tapyp bolýar.

Rewalýusiýadan öň Zakaspide birnäçe gazetler çap edilipdir. "Ashabadskiý westnik", Bildirişler gazeti we ş.m.

1891-98-nji ýyllarda, 1895-nji ýyldan 1913-nji ýyllar arasynda “Zakaspiýskoýe obozreniýe”, 1899-nji ýyldan 1918-nji ýyla çenli “Ashabad” gazeti çykýar. Rewolýusiýa döwründe bulardaky maglumatlar bolşewistik ugra ýykgyn edipdir. 1906-njy ýylda Gyzylarbatda (Serdarda) Molot-Ýekedaban atly işçi listogy çykyp başlaýar. Bu yllakan gazet bolmasa-da ähmiýeti uly bolupdyr. 1914-nji ýylda türkmen dilinde Zakaspi ýerli gazeti Maweraýi Bähri-Hazar” arasy atly gazet arap elipbiýinde, ýarysy krillisada çykýar.

“Putewoditel po fondam sentralnogo gosudarstwennogo arhiwa Turkmenskoý SSSR”. Şunuñ birinji bölümi Zakaspi oblastynyň taryhy boýunça rewolýusiýadan öňki ähli resminamalary öz içine alypdyr. Onda 13-14 müňe golaý delo bar. Bulary doly öwrensek Zakaspi oblastynyň taryhy boýunça gyzykly maglumatlar alyp bileris.

**Türkmenistan taryhynyň 1917-1990-njy ýyllardaky döwri baradaky çeşmeler.**

Bu döwür boýunça taryhy çeşmeler bilen işlemeklik bu döwürden önki öňki döwrüň taryhy çeşmeleri bilen işlemeklik bilen köp halatda birmeňzeşdir. Çeşmeler bilen işlemekligiň esasy etaplary iki döwür üçinem umumydyr. Ylmy tankyt boýunça şol çeşmä häsiýetnama bermek. Ilki bilen şol çeşmäniň mazmunyna degişli şol çeşme barada maglumat bermek. Onuň üçin awtoryny, ýerini, ýüze çykmagynyň sebäbini belmeklik, hakykylygyny bilmek. Şulardan soň çeşmäniň mazmunyny öwrenmekligiň usullaryny işläp düzmek. Bu ýerde-de çeşmäniň şu tarapy gowy, şu tarapy ýetenok, ol ýetmeýän zady şu zatlaryň hasabyna dolmak mümkin diýip çykyş etmek bolýar.

1.Bu döwrüñ çeşmeleri ilki bilen köp sanly

2.Resminama çeşmeleri esasy ähmiýete eýe bolýar.

Resminama çeşmeleri köplenç iş dolandyryş ulgamynda ýüze çykýar. Iş dolandyryş ulgamy jemgyýeti dolandyrmaklyk, udrukdyrmaklyk üçin ähli kärhanalarda ýüze

çykýan resminamalar bolup durýar. Iş dolandyryş ulgamy belli bir derejede kämilleşdi. Bu ulgamda elektron hasaplaýyş maşynlary-da giňden ulanylyp başlady, tehniki serişdeler köp ulanylýar. Şu döwrüň çeşmeleriniň häsiýetli aýratynlygynyň ýene biri olda bolsa partiýanyñ, sowet hökümetiniň çenden aşa wasp edilmegidir, öwülmegidir. Gowy zadam boldy, gyzlaryň ýokary okuw jaýlarynda okamagy. Real durmuşyň köp faktlary taryhy çeşmelerde öz beýanyny tapmady. Jemgyýetiň ýüz tarapyndan däl-de arka tarapyndan seretmeli zadam boldy. Dostlyk, doganlyk wasp edildi, gowy zat ýöne türkmen psihologiýasyna mahsus bolmaýan zatlaram bardy. Kemli çagalaryñ, nikasyz çagalaryň hasaby ýöredilmedi, şular türkmene mahsus zatlar däldi.

Bu döwrün taryhy boýunça çeşmeler ulanylanda çeşmeleriň üstünçilikli, ýetmezçilikli taraplary göz öňünde tutulmalydyr. Öňki çeşmeler bar, ýöne köp çeşmeler özüniň ähmiýeti, mazmuny, tebigaty boýunça öňkülerden tapawutlanýar. Döwürleýin metbugat bu döwürde gymmatyny gaçyrypdyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda gazetler täsirli bolup çykyp başlady, durmuşyň wawwaly meseleleri gazetde öz beýanyny tapdy. Häzirki gazetleriň sanynyň köpelmegi gowy zat. Gürrüñini edýän döwrümiziñ taryhy boýunça çeşmeleriň maglumatynyñ kä halatda ýatlamalar bilenem üsti ýetirilip bilner. Häzirki döwrüň çeşmelerinden biz garaşsyz Türkmenistanyň durmuşyny görýäris, ýurdumyzyň zähmetkeşleriniň gündelik aladalaryny görýäris.

Gürrüñini edýän döwrümiziñ taryhy boýunça çeşmeleri birnäçe görnüşlere bölmek mümkin. Meselem, syýasy partiýalaryñ resminamalary, kanuny aktlar, statistika, iş dolandyryş materiallary, döwürleýin metbugat, arhiw materiallary, resminama ýygyndylary şularyň hersi biziň taryhymyzy özlerine mahsus bolan aýratynlykda beýan edýär. Hakyky taryhy bularyñ ählisini ulanmak bolup ýazmak mümkin.

**Syýasy partiýanyň resminamalary.**

Partiýa diýmeklik bir pikire gulluk edýän adamlaryň syýasy topary diýmekdir. Gürrüň ediljek çeşmeleriň ähmiýeti olaryň awtorlarynyň jemgyýetdäki orny, roly bilen baglydyr. Eger şeýle bolsa KT partiýa sowet jemgyýetinde ýolbaşçy ugrukdyryjy rol oýnapdy. Konstitutsiýanyň şu baradaky 6-njy maddasy 90-njy ýylda üýtgedildi. Sebäbi ýurtda üýtgedip gurmak başlanypdy. Eger KT ugrukdyryjy bolýan bolsa onda esasy çeşme bolan resminamalry-da bolmaly. TKP-nyň resminamalary taryhy çeşne hökmünde känbir öwrenilmedi. Käbir ylmy makalalary göz öňünde tutmasak TK-nyň resminamalryna çeşmeşynaslyk baha berlenok. Maslokowa Piryuza Aliýewna "Wspominaniýe kak istoçnik po istorii" kompartii Turkmenistana", Gadelşin Gamis Faýrisowiç 1920-nji ýyllaryň 2-nji ýarymy 1930-njy ýyllaryň başyny çarwa etraplary sowetleşdirmek meselesi boýunça barlap derňäp gördi. Beýle diýdigi KP-nyň materiallary öwrenilmedi diýip bolmaýar, mysal üçin, 1978-nji ýylda neşir edilen "Istoçnikowedeniýe KTSS" awtor Warnowçik Marks Akimowiçiñ işini we beýlekileri alyp bolar. Türkmenistanyň KP-nyň köp resminamalary SSKP-nyň esasy resminamalary bilen birdi. Beýle diýdigimiz partiýanyň käbir resminamalary öňki soýuzyň düzümindäki ähli respublikalaryň partiýa guramalary üçin umumydy. Mysal üçin, partiýanyň düzgünnamasy, maksatnamasy, gurultaýlaryň materiallary, ähli dokumentler hemmeler üçin umumydy. Partiýa resminamalaryna baha bermezden öňürti Türkmenistan KP-nyň taryhyna göz aýlalyň. Türkmenistan KP-nyň taryhy özüniň gözbaşyny XX asyryň başlaryndan alyp gaýdýar. Sebäbi şol döwürlerde Zakaspide ilkinji sosial demokratik guramalar ýüze çykypdy. Gyzylarbadyň wagon remont zawodynda 1903-nji ýylda, 1904-nji Aşgabatda sosial demokratik guramalar döreýär. Türkmenistanyñ KP-sy şolardan gözbaşyny alyp gaýdýar, şolar ilkinji şinelerdi. Rewolýusiýadan öñ Zakaspide

bolşewistik toparlar bardy. 1920-nji ýylyñ awgustda Zakaspiniň partiýa guramalarynyň ilkinji konferensiýasy bolup geçdi. Şol konferensiýada Türkmenistanda partiýa guramasy resmi ýagdaýda esaslandyrylypdy. Şol konferensiýa jemi 44 delegat gatnaşypdy. Şol delegatlar 2586 agzalarynyň delegatydy, 2586-nyň 319-sy türkmenler eken. 1924-ýylyň maýynda Horezm respublikasynyň türkmen oblastynda partiýa guramasy esaslandyrylypdy. Şol ýyl şeýle gurmalar Buharada-da döreýär. Türkmenistan SSR-i döränden soň respublikada Kommunistik partiýany resmi ýagdaýda döretmeklik üçin doly mümkinçilik ýüze çykýar. Şeýlelikde Türkmenistanda kommunistik partiýa esaslandyrylýar. Şondan soň respublikanyň partiýa guramasy san taýdan köpeldi, tejribe toplady, ösdi, bekedi. Dürli wagtlarda TKP-sy öz öňünde takyk wezipeleri goýdy, çözmek üçin kommunistleri, halk köpçüligini mobilizledi, jemledi. TKP-sy sowet soýuzynyň KP-nyň bir bölegi bolup iş alyp bardy. Dürli wagtlarda partiýanyň düzüminde ilatyň dürli sosial gatlaklarynyň wekilleri agdyklyk edipdi. Daýhanlar, işçiler partiýasy dargamazynyň öň ýanynda, ýagny 1990-njy ýylyň ahyrynda TKP-nyň düzüminde 116 müñ agza bardy. TKP-nyň jemi 25 sany gurultaýy boldy. TKP bütin soýuzda bolşy ýaly Türkmenistandada üstünlikleriň hem-de kemçilikleriň guramaçysy boldy.

TK-nyň birinji sekretarlary:

1. Mežlauk Iwan Iwanowiç (1925-26 ýyllar) repressiýa düşen
2. Ibragimowiç Şaýmerdan Nurymanowiç (1926-28)
3. Aronžat Grigoriý Haumowiç repressiýa düşen (1929-1930)
4. Popok Ýakow Abramow 1930-37 ýyllarda repressiýa düşen
5. Muhammedow Anna 1937-da maý oktýabr repressiýa

6. Çubin Ýakow Abramowiç 1938-39 repressiýa düşen
7. Fonin Mihail Makarowiç 1940-1947
8. Batyrow Şaja 1947-1951 ýyllar
9. Babaýew Suhan 1951-58 ýyllar
10. Garaýew Jumadurdy 1958-60 ýyllar
11. Öwezow Balyş 1960-69 ýyllar
12. Gapurow Muhammetnazar 1969-85 ýyllar
13. Niýazow Saparmyrat Ataýewiç 1985 ýyl dekabr

TKP-nyň resminamalary respublikamyzda alnyp barlan ykdysady syýasatyň idiologiýa işiniň ugurlaryny kesgitlemeklige, respublikada hünärmenler meselesiniň çözülişine syn etmeklige mümkinçilik berýär. Gymmatly materiallar TK-nyň gurultaýlarynyň MK-niň plenumlarynyň materiallary direktiw dokumentleri ýerli partiýa guramalarynyň dokumentleri bolup durýar. Partiýa dokumentleri halk köpçüliginiň alyp baran umumy öwrenmeklige kömek berýär. Şu dokumentleriň arasynda biz Türkmenistan taryhynyň dürli meselelerine gedişli maglumatlar tapyp bilýäris. TS irki Zakaspi nähili gargadeni başga mesele. 1991 ýyl 16 dekabrynda TK-nyň iň soňky ýagny 25-nji gurultaýy bolup geçdi. Şol gurultaýda TK-nyň 70 ýyllyk işini jemlediler. Merkezi TK-niň 2 sekretary Dadanow çykyş etdi. Türkmenistanyň 70 ýyllyk işi özüni ödemedi. Şonuň üçin öz işini togtdýar, täze partiýanyň dokumentlerini proýektlerini taýýarlamaly diýildi. Gurultaý TK-niň işini bes edýändigi barada karar kabul etdi. Şol gün Türkmenistanda täze partiýanyň döredilýändigi yglan edildi. 1991 ýylyň 16 dekabrynda şol gün Türkmenistanyň täze partiýanyň uçreditel döredijilik gurultaýy bolup geçipdi. Gurultaý Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowy Türkmenistanyň Dem par başlyklygyna saýlandy. Gurultaý meýletin partiýanyň syýasy sowetiniň sostawyny tassyklady. Syýasy sowetiň birinji sekretarlygyna

Meret Baýramowiç Orazowy saýlady. Täze partiýanyň ustawy hem-de kararlary kabul edildi.

Demokratik partiýa 1992 ýylyň 3 martynda syýasy partiýa hökmünde registrasiýaedildi. Şondada partiýanyň 52 müň agzasy bardy. 1992-nji ýylyň oktýabrynda olaryň agzasynyň sany 57 müňe ýetdi. 11 awgustda agzalarynyň syýasy sowetiniň 1 sekretarlygyna Musa... saýlandy. Öňki Meret Baýramowiç Orazow uniwersitetiň rektorlygyna saýlandy. Demokratik partiýa häzir Türkmenistanda halk köpçüligini täze wezipeler çözmeklige mobilizleýärler. Demokratik partiýa häzir 47 milletiň wekili bilen, 2 müň 600 sany ilkinji partiýa guramasy bar. Halk wekilleriniň 60 sany 56-sy agzalar. Häzir Türkmenistanda prezidentleriň milli galkynyş, 10 ýyl abadançylyk açyk gapylar, täze oba syýasaty täze bilim syýasatyny durmuşa geçirmeklik üçin elde baryny edýär. Syýasy partiýalaryň dokumentleri barada gürrüň edilende olaryň dokumentleriniň çap edilişi barada gürrüň etmeli. Türkmenistan KT-nyň materiallary ady bilen neşir edildi. Ilkinji gurultaýyň materialary başgarak at bilen mysal üçin gurultaýyň hasabaty 2 gurultaýyň oçýot hasabaty gurultaýy diýip. Ýene bir bellenen neşiriň biri Kom Turkmenistana w rewolýusiýah i reşeniýah sozdaw i plenumow SSKT w trýoh tomah 1925-1975 ýyllaryň öz içine aldy. 2 tomy häzir çykany. Türkmenistanyň gündelik işi döwürleýin metbugatda öz beýanyny tapýar. Şonuň üçin döwürleýin metbugat partiýa dokumentleriniň öwrenmeklik üçin uly kömek berýär. Partiýa statistikasy ber, näçesi erkek, näçesi aýal, haýsy ýyllarda näçe syýasy partiýanyň dokumentleri bolup bellnilen wagty tankydy çemeleşmek hökmandyr. Mysal üçin partiýanyň dokumentlerini alsaň hemme zat gülala-güllük, şondan ugur alyp planlaşdyrsak dolduk internasional dostluk doganlyk ýaly partiýa dokumentleri ulanylanda urra diýen el çarpyşmalar bolup gurşalan ýerinde näme kemçilikler aýdylmady, şolary bilmeli.

Partiýa köp zatlarda ýolbaşçylyk etdi. Basmaçylyk, kulakçylyk ýaly zatlaryň gözbaşyny şol dokumentlerden tapmaly.

Partiýa diýlende onuň rezerwi kömekçisi Türkmenistanyň Komsomolydy. 1991 ýyl 16 dekabrynda Türkmenistan Komsomolynyň iň soňky gurultaýy hem Türkmenistan Komsomolynyň iň soňky gurultaýynda Türkmenistan Komsomolynyň öňdäki wezipeleri kesgitledi öz işini bes edýändigini aýtdy. Täze ýaşlar sowetini döredýändigini jar etdi. Magtymguly adynydaky Täze ýaşlar soýuzyny döretmek barada karar kabul edildi.

**Beýik Watançylyk urşy.** Biziñ günlerimiziñ möhüm wakalary, esasan hem Türkmenistanyñ garaşsyzlyga eýe bolmagy birtopar meseleler bilen bir hatarda öñki Sowet Soýuzynyñ Germaniýa, Ýaponiýa we olaryñ soýuzdaşlaryna garşy alyp baran Beýik Watançylyk urşunyñ türkmen halkyna, onuñ ykdysadyýetine we medeniýetine ýetiren çäksiz zyýanynyñ möçberini kesgitlemek we bu uruşyñ üsti açylmadyk ugurlaryny öwrenmek meselelerini türkmen taryhçylarynyñ öñunde möhüm mesele edip goýdy.

Türkmenistanyñ taryhynyñ Beýik Watançylyk urşy döwrüni dürli ugurlar boýunça öwrenmek, has dogrusy merdana türkmen gerçekleriniñ edermenliklerden we kynçylyklardan doly söweş ýollaryny tylda galanlaryñ bitiren uly işlerini öwrenmek we beýan etmek türkmen taryh ylmynda hemişe-de möhüm ugurlaryñ biri bolupdy.

Uruşdan soñky onýyllyklarda sowet taryhçylary, şol sanda türkmen taryhçylary hem bu ugurdan ep-esli işler bitirdiler. Üstünden belli bir wagyt geçenden soñ barlagçylaryñ islendik taryhy wakany ýa-da meseläni nähili derejede öwrenendiklerini kesgitlemek üçin olaryñ işlerini taryhnama derñewinden geçirmeli bolýar.

Türkmenistanly esgerleriñ frontda görkezen ölmez-ýitmez hereketlerini, olaryñ başdan geçiren hupbatly söweşlerini, yzda galanlaryñ, ýagny işçileriñ, daýhanlaryñ,

intelligensiýa wekilleriniñ, aýal-gyzlaryñ, ýaşlaryñ, ýetginjekleriñ, garry-gurtularyñ, çagajyklaryñ mahlasy ýerden ýöräniñ, ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenlileriniñ görkezen zähmet edermenliklerini, tyl durmuşynyñ aýylganç reallyklaryny bolşy ýaly edip görkezmeli.

Türkmenistanyñ Beýik Watançylyk urşy döwrüniñ taryhynyñ dürli ugurlary boýunça köp sanly monografiýalar, broşuralar, makalalar çap edildi, birnäçe kandidatlyk we doktarlyk dessertasiýalar taýýarlandy we goraldy. Bu işlerde köp mukdarda arhiw çeşmeleri ulanylmak bilen her bir awtor Türkmenistanyñ taryhynyñ şu döwrüni özüçe öwrenmäge we beýan etmäge synanyşyk etdi, onuñ aýratynlyklaryny görkezmäge we häsiýetlendirmäge çalyşdy. Nebsimiz agyrsa-da, 1941-nji ýyldan tä biziñ häzirki günlerimize çenli Beýik Watançylyk urşunyñ taryhy boýunça çap edilen ylmy işler şol ýyllaryñ hakyky taryhyny-respublikamyzyñ senagatynyñ, oba hojalygynyñ, medeniýetiniñ, tylda galanlaryñ ýaşaýyş-durmuş şertlerini, frontda batyrlarça söweşen türkmen ýigitleriniñ geçen agyr söweş ýollaryny, olaryñ näçesiniñ wepat bolup, näçesiniñ maýyp-müjürip bolandygynyn görkezip bilmediler, şu döwür hemmetaraplaýyn, jikme-jik öwrenilmedi, jemgyýetçilik ylymlarynyñ beýleki ugurlarynda, şol sanda taryh ylmynda hem bolşy ýaly bu meseläni öwrenmeklikde birtaraplaýynlyga ýol berildi. Şu ýagdaýyñ özi hem Türkmenistanyñ taryhynyñ uruş döwri barada ýazylan ylmy-barlag işlerine taryhnama taýdan analiz berilmegini talap edýär. Şeýle hem Beýik Watançylyk urşunyñ taryhnamasy biziñ respublikamyzda ýörite ylmy-barlagyñ predmeti bolup bilmändi. Bu ugurdan diñe bir monografiýanyñ däl, hatda broşuranyñ ýazylmandygyny bellemek ýeterlikdir. Bu temanyñ taryhnamasy birki sany makalada, käbir monografik barlaglaryñ we dessertasiýa işleriniñ taryhnama girişlerinde berilendir.

**Kanuny aktlar.**

Türkmenistan SSSR-i SSSR-iň konstitusiýasy boýunça beýleki soýuz respublikalar ýaly deň hukukly özbaşdak döwletdi. Soýuz respubliklar şol sanda Türkmenistan hem soýuzyň düzümine meýletin giripdiler. Respublika döränden soň ýokary kanun çykaryjy organ Bütintürkmen sowetleriniň gurultaýy bolup durýardy. Gurultaýlaryñ aralygynda Merkezi ispolnitel komiteti sessiýalarynda kanunlary kabul edýärdiler. Merkezi ispolnitel komitetiniň sessiýalarynyň aralygynda MIK-niň prezidiumlary iş alyp barýardy. Türkmenistan SSSR-iň MIK-ň başlyklygyna Nedirbaý Aýtakow 1-nji saýlandy. Türkmenistan SSSR Halk Komissarlar sowetine hem kanun çykaryjylyk hukuk hem berilýärdi. SOWNARKOM-yň tarapyndan tassyklanýardy. Ilkinji gezek Türkmenistan SSSR-de kanunlar, kodeksler hereket edýärdi. Türkmenistan döremänkä Türküstan awtonom respublikasynyň düzümindedi. Awtonom respublika bolsa RSFR-nyň düzümindedi. 1920-nji ýylda kabul edilen Türküstanyñ konstitusiýasy Russiýa Federasiýasynyň konstitusiýasy esasynda düzülipdi.

Russiýa federasiýasynyň konstitusiýasyndaky kodeksler Türküstanyñka-da degişlidi. Raýatlaryñ hukuklary, borçlary deňdi. Eger şeýle bolýan bolsa kodeksleri hemmeler üçin hem deňdi. Mysal üçin nika we maşgala hakyndaky, zähmet çekmek hukuklary deňdi. Nika we maşgala hakyndaky, zähmet çekmek hakyndaky kodeksiñ esaslaryny täze sowet maşgalasynyň esasy ýörelgeleri düzýärdi. Mysal üçin, ýeke nikalylyk, nikanyň meýletinligi, är-aýalyň deň hukuklary we ş.m. Döwlet tarapyndan eneligi we çagalygy goraýan aktlar kabul edilýär. Şu zatlaryň özi taryhy öwrenmek üçin gerek. Kanuny aktlardan biri Türkmenistanyñ konstitusiýasy 1927, 1937, 1978-nji ýyllarda kabul edilipdi. Her konstitusiýa jemgyýetiň ösüşinde belli bir basgançakdan kabul edilýär. Türkmenistanda kanunçylygyň ösüşi soýuzdaky umumy ýagdaý bilen baglydy. 1957-nji ýylda soýuz respublikalara özleriniň sudlary barada, kodeksleri barada kanun kabul etmeklik mümkinçiligi berlipdi.

Şondan soň Türkmenistanda-da birnäçe kanunlar, kodeksler täzelendi. Kanun çykaryjy ýerine ýetiriji guramalarda birnäçe özgermeler, kämilleşmeler bolup geçdi.

Orta Aziýada milli döwlet bölünşigi esasynda 1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistan SSR-i döredildi. Respublikanyň Merkezi Ispolnitel Komitetiniň I-nji sessiýasy 1925-nji ýylyň 25-nji fewralynda TSSR MK-nyň prezidumyny saýlapdy. MIK-nyň ilkinji başlygy edilip N. Aýtakow saýlandy. Aşakda dürli ýyllarda şol wezipede (1937-nji ýyldan soň Türkmenistan SSR ýokary sowetiniň prezdumynyň başlygy) işlänleriň falimýasy hem-de ady, ýaý içinde işlän ýyllary getirilýär.

1. Aýtakow Nedirbaý 1925-1937
2. Ataýew Batyr 1937- 1937
3. Babaýew Hywaly 1937-1941
4. Berdiýew Allaberdi 1941-1948
5. Saryýew Akmämmet 1948-1959
6. Baýramow Nurberdi 1959-1963
7. Gylyjow Annamuhammet 1963-1978
8. Ýazgulyýew Bally 1978-1988
9. Bazarowa Roza Atamyradowna 1988-1990

1990-njy ýylyň ýanwaryndan bär şu wezipäni TSSR-iň Ýokary Sowetiniň başlygy dolandyrýar. Türkmenistan SSR- ýokary sowetriniň başlygy bolanlar:

I. Nyýazow Saparmyrat Ataýewiň 1990
II. Myradow Sähet Nepesowiç 1990

Türkmenistan SSSR-niň 1925-nji ýyldaky I gurultaýynda Halk Komissarlar soweti döredilýär. Onuñ başlygy wezipesini dürli ýyllarda indiki adamlar ýerine ýetirdiler.

1. Gaýgysyz Atabaýew Serdarowiç 1925 -1937
2. Hudaýberenow Aýtbaý 1938-1945
3. Babaýew Suhan 1945-1951
4. Öwezow Balyş 1951-1957 , 1959-1960
5. Garaýew Jumadurdy 1958-1959

6. Annalyýew Abdн 1960-1963
7. Gapurow Muhammetnazar 1963-1969
8. Orazmuhammedow Oraz 1969-1975
9. Ýazgulyýew Bally 1975-1978
10. Garaýew Çary Söýünowiç 1977-1985
11. Niýazow S.A 1985
12. Нщjamyradow 1985-1989
13. Ahmedow Han 1989 dekabr

1946-njy ýyldan soň Ministrler Soweti diýlip atlandyrylýar.
Ministrler Kabineti. Kanuny aktlaryň ýüze çykmagynda aşakdaky döwürleri başdan geçirýär:

1) Kanun diýip teklip etmeklik
2) Işläp düzmeklik
3) Tassyklamaklyk
4) Köpçülige ýetirmek

Kanuny teklip etmek diýlende kanun durmuşda bir talaby döreýär. Mysal üçin, bize öňki konstitusiýa bolanok. Şonuň üçin täze konstitusiýa kabul etmegiň zerurlygy ýüze çykdy. Halkdan gelen teklipler boýunça komissiýalar düzülýär. Komissiň düzümine ökde sagymçylaram, çopanlaram girdi, şolar şol ýerdäki wezipeleri, ýurduň iň ýokary kanunlaryny işläp düzmeli. Tekliplere goşmaçalar girizilýär. Taslama taýýar bolandan soň halk köpçüligine hödürlenýär. Halk köpçüligi kanunlary kabul etmeklige gatnaşýar, degerli maslahatlaram berilýär. Şolar göz öňünde tutulyp kabul edilýär. Käbul edilmek entek ol gutarnykly däl ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär. Şonuň üçin çap edilýär, şondan soň kanuny bozsaň jogapkärçilige çekilýärsiň.

Kanuny aktlar birnäçe rekwizitlerden durýar. Rekwizitlerde her bir resminamanyň özüne mahsus bolan elementleri bolýar. Mysal üçin, bir özümiz üçin resminama doldursak ady kim, atasy, enesi we ş.m. maglumatlardan durýar. Mysal üçin, aktyň görnüşi, awtory kim? ýokary sowetiň

sessiýasy. Preambula-giriş bu ýerde kanuny aktyň kabul edilmeginiň sebäpleri görkezilýär. Bütin içinde mazmuny bolýar. Ahyrynda goly, çykan wagty bolýar. Kanundan başga kanuny aktlaryň görnüşleri kanunlar, ýagny dekret diýip atlandyrylýanlary-da bardy, dekretden başga deklerasiýa-da, (ukazlar) permanlar hem bardy. Ýerine ýetiriji gurama. Permany bir adam berýär. Ukazlar köplik häkimiýet üçin. Bulardan başga-da kodeksler bar, kodeksler dürli ugurlar boýunça kanuny aktlaryň toplumy diýmekdir. Sowet jemgyýetide kanuny aktlar biri-birini dowam etdirdi, biri-biriniň üstüni ýetirdi, ideýalar ösdürildi, baýlaşdyryldy. Mysal üçin, konstitusiýarda ideýalary biri bilen baglanyşdyryp kabul etmeklik boldy. Aktlaryň köpüsi sosializm gurluşy üçin niýetlenp kabul edilipdi. SSSR-de üýtgedip gurmak döwründe soýuz respublikalaryñ kanunçylygyna uly özgertmeler girizildi. Täze kanuny aktlar kabul edildi. Hut şol ýyllarda kabul edilen kanuny aktlar Türkmenistanyň özbaşdaklygyny yglan etmekligiň esasy şertlerini düzüpdi. Mysal üçin, käbir aktlary alyp görsek 1990-njy 24-nji maýynda Türkmenistanyň dil hakyndaky kanuny kabul edilipdi. Şonda türkmen diline türkmen dili statusy berildi. Şol ýylyñ 22-nji awgustynda Türkmenistan SSR-niň özbaşdaklygy hakynda jarnama kabul edildi. 1990-njy ýylyñ 11-nji oktýabrynda Türkmenistanda dolandyryşyň prezident formasy girizildi. 27-nji oktýabrda bolsa Türkmenistan SSSR-iň ilkinji prezidentiniň saýlawlary bellenipdi. Şol saýlawda S.Nyýazow prezident saýlanýar. Oňa ses berenleriň 96,7 % ti ony goldady.

Kanuny aktlaryň hatarynda gymmatly çeşme hökmünde kanunlar ýygyndysyny-da agzamak gerek. Kanunlar ýygyndysy kanunçylygyñ dürli pudaklary boýunça kabul edilýär we çap edilýär. Türkmenistanda kanunlar toplumynyñ eýýäm birnäçe jiltleri çap edilen. Şol jiltlerde Türkmenistan taryhyna degişli birnäçe taryhy maglumatlar tapmak mümkin. Kanuny aktlaryň neşir edilişi dowam edýär. Mysal üçin, käbir neşirleriň, ýagny

ýokary sowetiň sessiýalarynyň materiallary ýörite jiltler edilip çykarylan. Garaşsyz Türkmenistanda kanuny aktlaryň ýüze çykmagy dowam edýär. Garaşsyz Türkmenistanyň konstitusiýasy boýunça käbir täzeliklere üns bermek mümkin 46-njy madda. Halk häkimýetiniň iň ýokary wekilçilikli organy Türkmenistanyň Halk maslahatydyr, ýöne Türkmenistanyň Halk maslahaty kanun çykaranok, diňe halk bilen maslahatlaşmak üçin edilýän zat.
Kanuny aktlar bilen nähili işlemeli. Kanuny aktlar ulanjak bolsak, çeşme hökmünde ondan maglumat öwrenjek bolsak, onda ilki bilen kanuny aktyň ýüze çykmagynyň sebäbini öwrenmeli. Kanuny aktlar peýdalanylanda olaryň taýýarlaýyş materiallary bilen tanyşmaklyk hökmandyr. Şu aktlary kabul etmeklige halk köpçüligi ýakyndan gatnaşýar, pikir alşylyp, maslahatlaşylyp kabul edilýär.

**Statistika.**

**Statistika-**latyn dilinden terjime edenimizde "ýagdaý" diýmekligi añladyp, başgaça aýdanymyzda bu hakykatyñ san üsti bilen beýan edilmegidir. Statistika-bu hasabat, hasap maglumatlarydyr. Statistika 1917-nji ýylyñ wakalaryndan soñ derrew ösüp başlaýar. Ilkinji statistika baradaky dekrede gol çekilenden soñ bu ugurdan maglumatlar toplanyp, işlenip başlaýar. 1920-nji ýylyñ aprelinde Türküstan awtonom respublikasynyñ, soñ Zakaspi oblastynyñ ýorite statistik guramalary esaslandyrylýar. Ǎhli ýerlerde bolşy ýaly Zakaspi oblastynda-da statistik maglumatlarilkinji gezek ýerli statistik guramalaryñ, ýerli milletiñ habarçylarynyñ üsti bilen toplanypdy. Ilki bada bu ugurdan hünärmenler ýetmezçilik edýärdi. Şeýle-de bolsa, ýagny az sanly hünärmenler bilen Zakaspi oblastynda ilat, senagat, ýazuwlary, söwda ulgamynda, halk magaryfynda, ýaşaýyş jaýlarynda ýazuwlar geçirilipdir. 1924-nji ýylda ilkinji ýygyndy "Статистический справочник Туркменской области" ýagny türkmen oblastynyñ statistik ýygyndysy çap edilýär. Bu ýygyndy Türkmenistan barada

özünde köp maglumatlary jemleýän ilknji ýygyndydyr. Türkmenistanda statistika kem-kemden ösdi, kämilleşdi.

1930-njy ýyllardan başlap ýurtda ýyllyk hasabatlary tabşyrmaklyk girizilýär. 1930-njy ýyllara çenli kolhozlaryñ we beýlekileriñ özleri hasabat berýär eken. ýärler. Ŷyllyk hasabatlar girizilenden soñ maglumatlar yzgider ýygnaldy. Mysal üçin, ýokary okuw mekdebine kim girdi, häçe adam tamamlady we ş.m. hasabatyny berýärler. Statistik uprawleniýe dürli hili atlandyryldy.

Statistik ýygyndylary birnäçe görnüşlere bölmek bolýar:kötaraplaýyn neşirler-munda ilat barada-da, söwda, transport, haýsy pudakda näçe önüm öndürilen we ş.m. hemmetaraplaýyn maglumatlar berilýär. Ikinji bir görnüşinde haýsam bolsa bir pudak, mesele boýunça maglumatlar toplanýar. Şeýle-de statistik neşirleri döwlet boýunça, ýerli neşirlere bölmek bolýar. Türkmenistanyñ taryhyny ýazmak üçin statistikadan köp malumatlary alyp bolýar. Taryh ýazylanda statistik maglumatlardan peýdalanylanda maglumatlar tablisalar görnüşinde berilse ýerlikli bolýar.

# IV BAP. BEÝIK GALKYNYSLAR WE TĂZE ÖZGERTMELER ZAMANASYNYŇ TARYHY ÇEŞMELERDĂKI BEÝANY

## §1. Garaşsyzlyk ýyllarynyñ taryhy çeşmeleri.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Mukaddes Ruhnama kitaby hem çeşme hökmünde öñe sürildi. Sebäbi garaşsyzlygyny gazanan islendik halk ýa-da millet ilkinji nobatda gazanylan özbaşdaklygyny berkitmek üçin düýpli ykdysady we syýasy çäreleriñ maksatnamasyny işläp düzýär. Şol bir wagtyñ özünde milletiñ öz gurujylyk, özgerdijilik mümkinçiliklerine ynanmagy üçin döwlet milli bähbitlere laýyk gelýän añyýeti işläp düzýär. Islendik milli döwlete halkyny ruhlandyryp, ony öñe alyp gitmek üçin geljegi nazarlaýan ruhy galkynyş maksatnamasy

gerek. Şol maksatnama Mukaddes Ruhnama taglymatynda jemlendi.

Bir söz bilen aýdanymyzda Garaşsyzlyga eýe bolan türkmen halkynyň jemgyýetçilik hem ruhy-medeni durmuşynda düýpli aň öwrülişigini amala aşyrmak gerekdi. Şonuň üçin Mukaddes Ruhnamanyň awtory ilki bilen milli taryha daýandy. Çünki türkmen halkynyň müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan şöhratly taryhy bardyr. Halkyň taryhy bolsa, düýpli syýasy sebäplere görä, ylmy esasda takyk öwrenilmändi. Taryhy öwrenmek diňe bir türkmen halkynyň öz geçmişini anyk bilmegi üçin däl, eýsem dünýä taryh ylmy üçin hem zerurdy. Şu zerurlyklar sebäpli hem awtor Mukaddes Ruhnamasynda türkmen taryhyna aýratyn orun berdi. Halkyň taryhy ykbalyndaky möhüm wakalar, taryhy şahsyýetler, türkmen döaletleri we olaryň şan-şöhratlary öz mynasyp ornunda goýuldy.

Mukaddes Ruhnama türkmen halkynyň geçmiş taryhy bilen birlikde türkmen edebiýatynyň dünýä edebiýatyndaky ornuny dünýä halklaryna açyp görkezdi. Şular bilen birlikde Mukaddes Ruhnama türkmen halkynyň iň esasy ruhy sütünleriniň biri bolan milli dilimiziň gadymylygyny, şirinligini-de dünýä äşgär etdi.

Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap ruhy galkynyş syýasatyny döwlet we jemgyýetçilik gurlyşygynyň gaýragoýulmasyz wezipeleriniň biri hökmünde öňe sürdi. Bu syýasatyň öz çuň ylmy- nazary esaslary bolup, ol türkmen halkynyň beýik taryhy mirasyna, onuň medeniýetine, däplerine, dünýägaraýşyna hem-de durmuş ýörelgelerine daýanýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy täze türkmen jemgyýetiniň, şu günki we geljekki nesillerimiziň ruhy kämilligini, ruhy sagdynlygyny üpjün etmek üçin ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda toplan medeni – ruhy miraslaryny janlandyrmagy, rowaçlandyrmagy, köpçülige ýetirmegi maksat edindi. Halkymyzyň millilige,

ynsanperwerlige we ýagşylyga ýugrulan ata-baba mirasyny täze türkmen döwletiniñ ruhy binýadyna öwürmek üçin giñ gerimli işleri ýaýbañlandyrdy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ bu ugurdaky pikir garaýyşlary, çykyşlary, amala aşyrýan işleri bitewi medeni miras taglymatyny emele getirdi. Medeni miras taglymatynyñ düýp mazmunyny we maksady türkmenleriñ müñýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan taryhynyñ dowamynda kemala gelen we dünýäniñ, adamzadyñ medeni ösüşine goşant bolan ata- babalarymyzyñ döreden paýhaslaryny aýan etmekdir we janlandyrmakdyr. Şonuñ netijesinde, asyrlaryñ synagyndan geçen döwlet gurmak we ony dolandyrmak, milli demokratik, ynsanperwerlik, parahatlyk ýörelgelerini Garaşsyz Türkmenistan döwletiniñ syýasatyna we ýoluna öwürmekdir. Medeni miras taglymatynyñ ylmy-nazary esaslary Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyñ Mukaddes Ruhnama kitabynda beýan edildi.

Şu zatlary nazarda tutýan Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ başlangyjy bilen ruhy dünýäsi milli çäklere we çygyrlara sygmaýan Mukaddes Ruhamany dürli taparlaýyn öwrenmek üçin halkara ylmy maslahatlary geçirildi. Şeýle halkara ylmy maslahatlaryñ hatarynda “Mukaddes Ruhnama we üçinji müñýyllykda medeniýetleriñ hem-de siwilizasiýalaryñ özara täsiri“ ady bilen 2005-nji ýylyñ oktýabr aýynyñ 12-13-i aralygynda, ”Mukaddes Ruhnama we täze müñýyllygyñ pelsepesi” atly 2007-nji ýylyñ sentýabr aýynyñ 12-13-i aralygynda geçirilen halkara ylmy maslahatlaryny görkezmek bolar. Bu halkara maslahatlaryñ nutuklarynyñ gysgaça beýanlary hem çap edildi.

**Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen taryhynyñ öwrenilişi**

Türkmenistanyñ taryhy we arheologik ýadygärlikleri, binagärçiligi we gap-gaçlary, keşdeleri we beýleki gymmat bahaly zatlary, sazy, halk döredijiligi, dili we edebiyaty, halylary, bedew atlary-bularyñ ählisi seýrek duş gelýän hem

ýokary derejeli medeni mirasynyñ hazynasy bolup durýar. Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziñ ýolbaşçylygynda taryhçylaryñ we alymlaryñ köp sanlysy türkmen milletiniñ taryhyna hem medeni mirasyna özleriniñ ünislerini jemlediler.

Türkmenistanyñ gadymyýetini öwrenmekde arheologiýa ylymyna uly orun degişlidir. Şonuñ üçin bu meselä Garaşsyzlyk we Beýik galkynyşlar eýýamynda döwlet derejesinde uly üns berilýär.

Bu döwürde türkmen taryhynyñ gadymy döwrini öwrenmekde uly işleriñ başy başlandy. Türkmenistanyñ taryhynyñ irki döwürlerini öwrenmeklige bagyşlanan halkara ylmy –amaly maslahatlar geçirildi.

Amerikan ekspedisiýasynyñ Türkmenistanda eden açyşlaryna doly göz ýetirmäge bagyşlanyp, 2003–nji ýylyñ iýul aýynda Türkmenistanyñ Ministirler Kabinetiniñ ýanyndaky Taryh instituty ABŞ –nyñ Türkmenistandaky Ilçihanasynyñ gatnaşmagynda "R.Pampelli we Türkmenistanyñ arheologiýa ylymynyñ ösüşi" ady bilen ylmy maslahat geçirdi.

Türkmenistanyñ taryhynyñ arheologik maglumatlar esasynda öwrenilişine degişli "Türkmenistan Ǎnew medeniýetiniñ we Ak bugdaýyñ Watanydyr" (Amarikaly alym R.Pampelliniñ Türkmenistana arheologik ekispedisiýasynyñ 100 ýyllygyna) atly halkara ylmy maslahat 2004-nji ýylyñ oktýabyr aýynyñ 22-23-ne geçirildi. Maslahatda "Ǎnew medeniýeti dünýä siwilizasiýasynyñ taryhynda", "Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyñ Mukaddes Ruhnamasy Ǎnew medeniýeti we Ak bugdaý barada. Türkmenistan Ak bugdaýyñ Watanydyr", "Türkmenistanda gadymy döwürde suwarymly ekerençylyk we maldarçylyk. Daşky gurşaw we onuñ medeniýete edýän täsiri", "Türkmenistanyñ taryhy ýazuw çeşmelerinde", "Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyñ "Galla" Magsatnamasynyñ dabaralanmagy " diýlip atlandyrylan bäş bölümde dünýäñ dürli

ýurtlaryndan gelen alymlaryň 69 sanysy çykyş edipdir. Ănew medeniýetiniň açylyşy, Ak bugdaýyň gelip çykyşy, onuň türkmen halkynyň durmuşynda tutýan orny hem ähmiýeti, gadymy medeniýetleriň özara täsirlenmesi baradaky meselelere bagyşlanan bu halkara ylmy maslahaty Garaşsyz türkmen döwletinde türkmenleriň ata –babalarynyň mirasyna çuň sarpa goýulýandygynyň, şeýle-de türkmen ekerençylarynyň şan-şöhratynyň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdiginiň hakyky alamaty boldy.

Şu halkara ylmy maslahatyň netijeleri Türkmenistanyň gadymy taryhyny çuň we giňişleýin öwrenmeklige, ata-babalarymyzyň dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine goşan saldamly goşantlaryny has anyk açyp görkezmäge ýardam etdi.

Arheologlar tarapyndan Baktirýa-Margiýana arheologiýa toplumynyň açylmagy soňky 50-ýylyň dowamynda iň esasy arheologiýa wakalarynyň biridir. Murgap derýasynyň köne hanasyndaky uly desgalar we baý gonamçylyklarda geçirilen gazuw –agtaryş işleri, olaryň netijesi barada professor Wiktor Sarianidiniň (kitap atlary)işlerinde doly düşindiriş bermegi diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem dünýäniň alymlaryna şol açyşlara anyk baha bermäge mümkinçilik açdy. Bu açyşlaryň möhüm ähmiýeti barada aýdanymyzda 70-ýyldan gowrak wagt mundan ozal ortaýer deňziniň gündogarynda täze eýýamdan öň III-müňýyllýga degişli bary-ýogy iki sany şäher siwilizasiýasy mälim bolupdyr. Olaryň biri Tigr we Ŷewfrat derýalarynyň arasynda mes toprakly ýerlerde ýerleşipdir, beýlekisi bolsa Hindiň jülgesindäki siwilizasiýa bolupdyr. Olar biri- birinden daşda yerleşýär we biri –birine meňzeş bolmandyr. Bu iki siwilizasiýany baglanyşdyrýan ýeke täk zat Mesopotamiýada tapylan birnäçe möhürdi. Marguşda geçirilen arheologik barlaglardan soň ýagdaý düýpgoter üýtgedi. Häzirki alymlar bu esasy siwilizasyýalaryň arasynda Elamynyň, Owganystanyň, Bulujystanyň birnäçe obalarynyň we kiçi şäherleriň şeýle-de Türkmenistanyň gadymy

siwilizasiýalarynyñ ýerleşendigine göz ýetirdiler. Türkmenistanyñ gadymy siwilizasiýasynyñ gazananlary Mesopotamiýa we Hind şäherleriniñ ýeten sepgitlerinden pes bolmandyr.

Marguşdaky açyşlara çenli Hindi –Yewropalylar meselesi hem örän ýönekeý görünýärdi. Emma alymlar hindi–ýewropalylar Merkezi Aziýanyñ halklaryna nähili täsirini ýetiripdirler we türkmenleriñ ata-babalary-Merkezi Aziýanyñ oturymly halklary göçup –gonan hindi-ýewropalylara nähili täsirini ýetiripdirler? Şu sowala jogap bermekde Margiananyñ käbir ymaratlarynyñ we desgalarynyñ umumydini äheñi möhüm orun eýeleýär. Sebäbi, hindi-ýewropalylar barada, olaryñ dillerinden başga, alymlaryñ bilýän zady olaryñ dinidir. Mysal üçin, Zaratuştrany alyp görsek onuñ ady bilen baglanşykly köp rowaýat bar. Ŷewropa däplerinde onuñ keşbi soñky asyrlaryñ dowamynda düýpli özgerip, hat-da hakyky ýaşap geçen adamdan nam-nyşan galmandyr. Professor B.I.Sarianidiniñ Garagumda geçiren gazuw-agtaryş işleriniñ netijesinde Zaratuştranyñ Türkmenistanda mekan tutandygy mälim bolýar. Umuman, Wiktor Iwanowiç Sarianidiniñ Garagumda tapan gadymy şäherleri we onuñ neşir eden işleri alymlaryñ Gadymy Gündogaryñ taryhyna bolan garaýyşlaryny çalt özgertdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda şular bilen birlikde türkmen taryhynda uly orun tutan döwletler, şahsyýetler barada-da ylmy işler alnyp baryldy. Şeýle edilen işleriñ hatarynda “Soltan Sanjar we onuñ zamanasy” atly 2004-nji yylyñ noýabr aýynyñ 17-18-ne geçirilen halkara ylmy maslahatyny almak bolar. Bu ylmy maslahatda edilen nutuklaryñ gysgaça beýanlary çap edildi.

## §2. Türkmenistanyñ Milli medeniýet “Miras” merkezi we Türkmenistanyñ Türkmenbaşy adyndaky Milli golýazmalar institutynyñ çap eden kitaplary ylmy çeşme hökmünde.

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen ruhynyň tämiz gözbaşlary hökmunde taryhyň gatlarynda, dünýäniň dürli ýurtlarynda halka ýetirilmän galan türkmen halkynyň şöhratly taryhyna, ynsanperwer pelsepesine, nusgalyk edebiýatyna, gadymy diline, kämil däp-dessuryna, köp taraply ylymyna, bilimine, medeniýetine, köpgörnüşli sungatyna degişli gymmatly golýazma kitaplary halka ýetirmegiň zerurlygy ýüze çykdy. Netijede 2004-nji ýylyň fewral aýynyň 13-ne Türkmenistanyň milli medeniýet “Miras” merkezi döredildi.

Onuň wezipesi türkmen halkynyň ruhy we medeni mirasyna degişli gadymy golýazmalary, ylmy we çeper eserleri dünýäniň dört künjeginden toplamak, ylmy esasda öwrenmek, wagyz etmek we halka ýetirmekden ýbaratdyr.

“Miras” merkezinde, türkmen taryhynda öçmejek yz galdyran türkmen döwletleri, taryhy şahsyýetler, medeniýetimize deşli Garaşşyzlýgymyza çenli dürli syýasy we beýleki sebäplere görä halkdan daşlaşdyrylan işler türkmen diline terjime edilip halkymyza ýetirildi. Olar taryhymyzy, milli mirasymyzy öwrenmekde gymmatly çeşmedir.

**“Kämil taryh”.** Türkmenistanyň Milli medeniýet “Miras” merkezi we Türkmenistanyň Türkmenbaşy adyndaky Milli golýazmalar instituty Yzzeddin ibn Esiriň “Kämil taryh” kitabynyň birinji, ikinji we üçünji jiltlerini neşir etdiler.

“Kämil taryh” kitaby diňe bir musulman Gündogarynyň däl, eýsem bütin adamzat siwilizasiýasynyň taryhyny hem öwrenmekde iň ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanylýar. Ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilen bu kitap gös-göni türkmenleriň taryhy, olaryň şan-şöhrada beslenen geçmişi bilen baglanyşykly baplardan ybaratdyr.

XII-XIII asyrlarda ýaşan (1160-njy ýylda doglan) we öz döwrüniň sowatly adamlarynyň belent abraýyna mynasyp bolan Yzzeddin ibn Esir ömrüniň köp bölegini türkmen hökümdarlarynyň hemaýatgärliginde geçirip, türkmen

serkerdeleriniñ ýörişlerine, söweşlerine gatnaşypdyr. Kitabyñ awtory cagalyk ýyllaryndan başlap taryh ylmyny öwrenmäge ýykgyn edýär, ol taryhy wakalary örän içgin gyzyklanmak bilen öwrenip, türkmen döwletleriniñ döredilişiniñ we ösüşiniñ az öwrenilen taryhyna has çuññur aralaşmaga çalyşýar. Ol öz ýazgylarynda beýan edýän wakalarynyñ köpüsine gatnaşyp, olara gözli şaýat bolan şahsdyr. Kitapdaky türkmenleriñ, hususan-da, oguzlaryñ we seljuklaryñ durmuşy hem-de däp-dessurlary barada beýan edilýän ynandyryjylykly maglumatlar taryhçylar üçin has hem gymmatlydyr. Ol özüniñ barlag işlerinde Tabarynyñ "Taryh" diýen belli kitabyny esasy çeşmeleriñ biri hökmünde peýdalanypdyr.

**Ibn Tañryberdiniñ "Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar" atly köp jiltli kitaby**.

Seljuk türkmen döwleti dünýäniñ ýüzünde türkmenler tarapyndan gurlan iñ beýik döwletleriñ biridir. Orta asyrlardan häzirki güne çenli ýazylan taryhy eserlerde bu döwlet hakda, bu döwleti esaslandyran şöhratly türkmenler we taryhdaky şolaryñ iñ görnüklisi bolan Soltan Sanjar hakda ýatlanmaýan ýeri ýok. Bular hakda has doly maglumatlar Garaşsyzlyk ýyllaryna çenli biziñ alymlarymyz tarapyndan öwrenilmedik çeşmelerde hem köpdür.

Arap dilli taryhy çeşmeleriñ içinde Soltan sanjaryñ terjimehalyny, onuñ ata-babasynyñ, Seljuk döwletiniñ döreýşiniñ beýany berilýän iñ ajaýyp eserleriñ biri Ibn Tañryberdiniñ "Müsür we Kair patyşalygyndaky röwşen ýyldyzlar" atly köp jiltli kitabydyr. Bu kitapda esasan, Müsür, Siriýa we Yrak sebitlerindäki taryh beýan edilýär. Emma muña garamazdan, Seljuk towletini esaslandyran we dolandyran ata-babalarymyzyñ ählisi diýen ýaly birnäçe ýerde ýatlanylýar. Ibn Tañryberdi beýleki eserlerde gabat gelmeýän wakalar, gürrüñler bilen sözüniñ üstüni ýetirýär. Kitapda esasan Togrul beg, Çagry beg, Alp Arslan, Mälik şa, Börgüýaryk, Soltan Sanjar ýaly hökümdarlaryñ terjimehaly, bitiren işleri guwanç

duýgusy bilen beýan edilýär. Tagt üstündäki özara gapma-garşylyklar we olaryñ sebäpleri dogrusynda hem täsin maglumatlar berilýär. Ibn Tañryberdiniñ seljuk türkmen hökümdarlarynyñ atlary we olaryñ manylary dogrusynda getirýän delilleri hem üns bererlikdir. Ol arap çeşmelerinde türkmen adam atlarynyñ ýalñyş ulanylýandygy, soñky taryhçylaryñ hem şolara salgylanyp, bu atlary şol durşuna kabul edýändigi hakdaky pikirlerini hem beýan edýär. Ibn Tañryberdi Seljuk hökümdarlaryny adamkärçilik babatda, ylym-bilimi, medeniýeti we sungaty ösdürmek ugrunda bitiren, ýola goýan ajaýýp işleri bilen şöhratlandyrýar.

“Röwşen ýyldyzlar” eserinde Soltan Sanjaryñ ýörişleri, oguzlaryñ arasyndaky bendiligi we ondan halas bolup, gaýtadan Merwe dolanyşy, ähli güýjüni-kuwwatyny dikeldip, Seljuk türkmen döwletini garysyna galdyrmagy niýet eden pursaty dünýäden gaýdandygy dogrusynda hem bu kitapda giñişleýin ýazylypdyr.

Seljuk türkmen hökümdarlarynyñ taryhyny doly we giñişleýin öwrenmekde “Röwşen ýyldyzlar” eseriniñ belli bahasy ýokdur. Bu çeşmeleriñ aglabasynda şol bir maglumatlaryñ gaýtalanyp gelýändigine garamazdan, her eserde beýan edilýän her bir bölejik maglumatlar hem beýik Seljuk hökümdarlarynyñ ömür ýoluny doly öwrenmäge mümkinçilik berýär.

“**Mansuryň taryhy”.** Bu görnükli eseri diňe bir musulman gündogaryny öwrenmäge degişli ygtybarly çeşme hasaplanman, eýsem umumy adamzat taryhyny öwrenmekde hem bahasyna ýetip bolmajak eser hasaplamak bolar. Türkmen dilinde ilkinj sapar neşir edilen bu kitabyň aýratyn gymmatlylygy onuň Polestinada, Siriýada we Jezirede XIII asyryň I-nji ýarymynda – esaslandyrylan Eýýuplar neberesiniň hökümdarlyk eden zamanasynda ýaşan türkmenler barada öň näbelli bolan möhüm wakalaryň beýan edilmegidir. Gynansak-da hözire çenli alymlarda Abu Fazaýyl Muhammet ibn aly

Hamawy barada maglumat örän az .Hususanda “Mansuryň taryhy ” kitabyň birinji bölüminden onuň XII-XIII asyrlarda ýaşandygyny we ömrüniň belli bir döwürlerinde hökümdar Mälik Hapyzyň weziri we kätibi bolandygy barada maglumaty alyp bilýäris. Soňra köşkde bolan çaknyşyklar zerarly hökümdaryň goldawyndan mahrum bolan we bigünä jezelandyrylmagyndan gorkup, ol Hums şäherine barýar. Ol ýerde Abulfazaýyl Muhammet ibn Aly  Hamawy gelejekgi hökümdaryň ogly Mälik Mansur tarapyndan hoşniýetli garşylanýar, soňra ýazar öz dosty we howandary hökmünde özüniň “Taryhy hadysalaryň gysgaça açyklamasy we beýany” diýen eserini oňa bagyşlaýar.

“Mansuryň taryhy” kitabynyň özboluşly senenama görnüşinde ýazylmagy hem onuň biliminiň ýokary derejede bolandygyny görkezýär. Ýazar özüniň toplan çeýmelerini we baý tejribesiniň netijesini öz döwrüne çenli bolup geçen esasy wakalaryň hiç birini hem nazaryndan sypdyrmandyr. Ol eserinde diňe bir öz döründe bolup geçen wakalar barada ýazman, eýsem, Allatagallanyň ýeri döreden wagtyndan başlap bolup geçen hadysalary hem gysgaça ýazypdyr. Köp taraply bilimi we zehini bolan alymyň döreden eseri şu günki güne çenli dünýäniň gündogary öwreniji alymlary tarapyndan bar bolan  taryhy işleriň arasynda iň görnüklileriň biri hasapalanýar. Muňa Ýewropa alymlaryň “Mansuryň taryhy” kitabynyň üsti bilen haçly ýörişler zamanasy barada öz bilimleriniň üstüni ýetirendikleri mysal bolup biler. Kitapda Muhammet Pygamberiň we onuň yzyny eýeriji halyflaryň durmuş taryhy jikme –jik beýan edilipdir. Musulman sene hasabynyň girizilmegi bilen bolsa sene ýazgylary hijri hasaby bolunça alnyp barylypdyr. Şýele hem ol kitapda geçen zamanlaryň görnükli taryhy şahsyýetleriň köpüsiniň durmuşy barada ynamly maglumatlar berilipdir. Olaryň arasynda Soltan Sanjar, Jelaletdin barada gyzykly maglumatlar bar. Türkmen alymlary üçin gadymy Merwiň gülläp ösen döwri baradaky

maglumatlar möhüm ähmiýete eýedir. Ýazar öz eserinde günüň tutulmagy, guýrukly ýyldyzyň dogmagy, ýel turmagy, derýanyň joşmagy, doly ýagmagy, ýagyş ýagmagy ýaly hadysalary beýan etmegi Muhammet Hamawynyň tebigat ylymlary bilen hem gyzyklanandygyny, ylmyň dürli ugurlary barada giň düýünjesiniň bolandygyny subut edýär.

Häzirki wagtda "Mansuryň taryhy" kitabynyň dünýäniň birnäçe iri kitaphanalarynda şol sanda Russiýada, Fransiýada saklanylýandygyny bellärliklidir. Indi ähli Türkmenistanlylara elýeterli bolan bu ajaýyp eseriň diňe bir alymlarda däl, eýsem, giň okyjylar köpçüliginde hem uly gyzyklanma döredýändigi gürrüňsizdir, sebäbi ol bize bu gün, ençeme asyrlardan soň zeminde iň gadymylaryň biri bolan türkmen milletiniň beýik taryhy barada täze sahypalary açmaga mümkinçilik berýär.

**Seljuk türkmenleriniň taryhy.** Türkmenistanyň milli medeniýet "Miras" merjkeziniň halkymyza ýetiren XV asyr türkmen taryhçysy Ýazyjy ogly Alynyň "Seljuk türkmenleriň taryhy" atly kitaby (müň sahypadan geçýär, 160-dan gowrak ululy kiçili baplary öz içine alýar) ata-babalarymyzyň bäş müňýyllyk taryhynyň gözbaşyna göz aýlamaga mümkinçilik berýär, olaryň gahrymançylygyny beýan edýän wakalary öz içine alýar.

Kitapda beýan edilýän köpsanly taryhy wakalar, aýratynam, türkmen taryhynyň gadymy döwrüne degişli wakalar gadymy çeşmelerde örän seýrek duşýar. Munuň özi Ýazyjy ogly Alynyň öz kitabyny ýazanda golastynda "Oguznamalaryň" gadymy we ygtybarly nusgalarynyň bolandygyny görkezýär.

Ýazyjy ogly, elinde ygrybarly "Oguznamalar" taryh kitaplary bolan hem bolsa türkmeniň taryhynyň gadymy döwrüne örän az sahypalary bagyşlanypdyr. Aslynda, ol özüniň bu kitabynda ilki bilen Seljuk türkmenleriniň , olaryň şöhraty dünýä ýaýran soltanlarynyň taryhyny beýan etmegi öz öňünde

baş maksat edip goýupdyr. Bu ýerde Beýik Seljuklar döwrüniň taryhyna beýle bir jikme-jik ýüzlenmese-de, Rum Seljuklarynyň taryhyna welin, giň ýer berilipdir. Elbetde, Ýazyjy oglunyň Rum Seljuklarynyň taryhyny, has kämil, has doly bilendigi öz-özünde düşnüklidir. Ýöne Beýik Seljuklar döwri hakdaky maglumatlar hem öşz ygtybarlylygy, beýleki irki çeşmelerde seýrek duşýanlygy bilen ünsüňi özüne çekýär.

Bu babatda onuň kitabynyň Seljuk ibn Lukman ibn Dukagyň ogullary hakdaky maglumatlaryny yzarlamak bolar. Seljugyň Ysraýyl, Mikaýyl, Ýunus, Musry diýen ogullary bolan.Olaryň ulusy Ysraýyl eken. Seljugyň ogullarynyň her biriniň leşgeri, baýlygy uly-uly mal-sürüleri köp eken. Hat-da olaryň leşgerleri ikiýüzmüňden-de geçýän eken. Bu köp sanly we edermen goşundan wehim eden Mahmyt Gaznaly Seljugyň uly ogly Ysraýyly hile bilen ele salyp, Hindistanyň Kälinjer diýen galasyna iberýär. Onuň leýgerinden baran iki sany türkmeniň ony halas etmäge synanşygy hem başa barmaýar. Olar ýolda jeňňelikde azaşyp, Ysraýyl ýene-de ele düşýär. Kitapda beýan edilýä bu wakalar adaty ýaly bolup görünse-de olar hakykatda Mahmyt Gaznalynyň döwletiniň synmagynyň ilkinji alamatlarydy. Ýazyjy ogly Alynyň bu kitabynda Rum Seljuklarynda we olaryň soltanlaryna, olaryň döründäki ululy kiçili wakalara örän uly orun berilipdir. Bu ilki bilen-ä ýazaryň şol dörüň wakalaryna örän belet bolandygyny görkezýär.

Ýazyjy ogly öz kitabynda her bir bolup geçen söweşiň, wakanyň bolup geçen wagtyny, senesini aýy, güni bilen örän takyt görkezip geçipdir.

Arslan hanyň ogly Gutulmaşyň ogullary tarapyndan 223 ýyllap dolandyrylan Rum Seljuklarynyň Anadoludaky döwletinde köp sanly soltanlar hökümdarlyk edýärler. Olaryň hemmesi hem Oguzhan atamyzyň wesýetlerini, döp-dessurlaryny berjaý etmäge jan çikipdirler. Aýratynam bu mesele-de Soltan Keýkubat ibn Keýhusrow hakynda öwgüli sözler aýdylýar: “Merhum, ýalakanan, şehit Keşkubat ibn

Keşhysrow ibn Gylyç Arslanyň seljuklar neberesiniň röwşen çyragy bolandygyny taryhçylara bellidir.Oguz hanlarynda we oguz neslinden yslam sanjaklaryny we tuglaryny onuň kibi beýgeldiji soltan gelmedi. Onuň kibi ýurt eýesi bolan, dinperwer, adalatly, şeýtany ýakyjy, jahana hüküm süren we bina gurduran soltan Türküstandan ajam yklymlaryny we Ruma çenli ýerlerde ýokdy...

...Goşuny Oguzuň 24 boýunuň sanyna laýyklykda 240 müň adam bolan 24 tümendi, ýagny her bir boýdan bir tüen düzedipdi... öz boýundan gaýry 24 sany hanlar we melikler bardy. Kiimi öz boýunda-seljuklaryň kynyk urugyndaky, kimi galan oguz beglerindendi ”. Görşümiz ýaly, Rum seljuklary öz ata-babalarynyň döp-dessurlaryndan, ýörelgelerinden bir pursat hem daşlaşamandyr. Emma Sowet döwründe türkmenleriň taryhyna degişli çap edilen kitaplarda Rum Seljuklaryna, diňe bir Rum seljuklaryny däl, eýsem Türkmenistanyň häzirki çäklerinden daşarda bolan ähli türkmenleri we olaryň döreden döwletlerini bizden üzňeleşdirmäge çalyşdylar.

Sowet döwrüniňaňyýeti boýunça biz olara öz türkmenlerimiz hökmünde däl-de, ýat adamlar hökmünde seretmelidik, olaryň guran döwletlerini ýat döwletler hökmünde kabul etmelidik.

Kiçi Aziýa we gaýry ýere giden türkmenleri Merkezi Aziýada ata Watanynda galan türkmenlerden aýry başgalaşdyrmak, munuň özi häzirki türkmenleri diňe bir taryhymyz babatda däl, eýsem ähli ugurlarda uly ýitgileri alyp barýardy. Munuň özi türkmen milletini böleklemek bolýardy.

Umuman köne taryh kitaplary bir zat diýýär, sowet taryhçylary bütinleý başga zat öwredýär. Ýazyjy ogly Alynyň “Seljuk türkmenleriniň taryhy” kitabynda-da biziň ata-babalarymyzyň talaňçy, alamançy däl-de, gaýta adalatly bolandygy görkezilýär.

Ýazyjy ogly Alynyň “Seljuk türkmenleriniň taryhy” atly kitaby hem türkmen taryhynyň täzeçe, dogruçyl, ýoýman

beýan edýän ygtybarly çeşmedir. Bu kitapda türkmen halkynyň däp-dessurlary, adatlary olaryň ahlak gymmatlyklaryna sarpa goýuşy ýzüne çekiji halda beýan edilipdir. Her bir türkmeniň öz mertebesini belent tutuşy, kişiniň mertebesini hem hiç wagt peseltmeýşi örän görelde alarlykdyr.

Ýazyjy ogly Aly ökde taryhçy we şol bir wagta şahyr bolandyr. Bu çeşme öň beýleki dillerde-de neşir edilmändir. Türkmenistanyň milli medeniýet "Miras" merkeziniň esasy ylmy işgäri, Rahmanberdi Godarowyň bu kitaby örän sowgatlylyk bilen çapa taýýarlandygyny bellemek gerek. Alym bu çeşmäniň başga çeşmelerden parhlanýan ýerlerini belläp geçipdir. Bu bolsa kitapda getirilýän aýry-aýry maglymatlaryň ähmiýetine ünsüňi çekýär. Meselem: kitapda "Dört ýüz elli bäşinji hijri ýylynyň zülhijje (gurban) aýynda Alp Arslan Muhammet ibn Abu Süleýman merhum Soltan Togrul begiň oguljygy Süleýmany ýanyna aldy" diýen maglumat bilen baglanşykly şu çykgytda "Beýleki taryhy çeşmelerde Togrul begiň ogly ýok diýlip berilýär" diýen düşündiriş getirilipdir. Munuň özi bu maglumatyň diňe şu kitapda, diňe şu taryhçyda duşýandygyny aňladýar. Kitapda şular ýaly ylmy agramy uly bellikleriň onlarçasy getirilipdir. Bu kitabyň çapa taýýarlanýynyň ylmy esasynyň ýokarydygyny görkezýär.

**"Aşgabat –keramatly Ärsagyň şäheri".** Her bir döwlet üçin onuň baş şäheriniň – ýagny paýtagtynyň ähmiýeti uly. Biziň üçin şu günki günde Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň paýtagty bolan ak mermerli Aşgabadymyzyň taryhyny bilmek has möhümdir. Meşhur taryhçy Öwez Gündogdyýewiň "Aşgabat-keramatly Ärsagyň şäheri" (Ашхабад –город божественного Арсага. Aşgabat, "Miras", 2005, 208s) diýip atlandyrylan kitaby hem şu möhüm meselä bagyşlanypdyr. Türkmenistanyň Milli medeniýet "Miras" merkezi hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň Merkezi Aziýanyň we Gündogar halklarynyň medeni mirasy Döwlet instituty tarapyndan neşir edildi.

Türkmen we rus dillerindäki bu kitap çekilen we düşürilen suratlar bilen bezelipdir.

Kitap girişden, 7 sany bapdan we netijeden ybarat. Awtor girişde Aşgaba dyň patyşa goşunlary tarapyndan 1881-nji ýylyň ýanwar aýynda “adybir Ashabat obasynyň golaýynda ” düýbüniň tutulandygy hakdaky indi ýüz ýyldan gowrak wagt bäri boýnumyza dakylyp gelen resmi maglumaty ýiti tankyt astyna alýar. Geçen asyrda arheologlaryň, taryhçylaryň we dilçeleriň binagärçiligiň taryhy bilen gyzyklanýan hünärmenleriň Aşgabadyň gadymylygy barada öz işlerinde ençeme täze subutnamalary getirendigine garamazdan, öňki “Resmi” maglumatyň hat-da Aşgabat bilen bagly 2004-nji ýylda çykan neşirlerde hem gaýtalanýandygyny gynanç bilen belleýär. Awtor diňe bir şäheriň döredilen wagtyna däl, eýsem onuň adynyň söz käki manysyna hem täzeçe çemeleşýär.

Kitabyň “Aşgabadyň taryhynyň gadymy sahypalary” atly I-babynda Aşgabadyň töweregindäki gadymy arheologiýa ýadygärlikleri hakda maglumatlar berilýär. Awtor Köpetdagyň eteginde dörän Jeýtun we Änew ekerançylyk medeniýetleriniň häzirki paýtagtyň golaýynda ýüze çykandygyny, ol medeniýetleri döredijileriň dünýä ilkinji ak bugdaýy berendigi nygtaýar. Taryhçy alym arheologlar tarapyndan Aşgabadyň galalaryndan we harabaçylyklaryndan tapylan tapyndylaryň senesi baradaky subutnamalara salgylanmak bilen Aşgabadyň ýaşynyň azyndan iki müň bäş ýüz ýyldygy baradaky ynamly netijä gelýär.

Kitabyň “Türkmenler – Parfiýalryň kowumy” diýlip atlandyrylan II baby “Türkmen halkynyň taryhynda Parfiýalylaryň tutýan orny hakynda gürrüň bermän, gadymy Aşgabadyň taryhyny yzarlamak mümkin däl” diýen jümle bilen başlanýar. Awtor mamla. Baryp, otparazçylyk dininiň mukaddes kitaby bolan “Awestada” Nusaý welaýaty we onuň töweregi barada agzalýar. Turlaryň ýurdy ýa-da ýaşaýan ýeri hökmünde “Turan” diýen ýurdyň ady tutulýar. Bu bapda

türkmen taryhynda Beýik Parfiýa döwletini gurup, Rimliler bilen darkaş guran, öz döwründe ylahy Ärsag şanyň esaslandyran döwletiniň taryhy barada gyzykly maglymatlar bilen tanyşmak mümkin. Parfiýalylar gadymy dünýäniň üç sany uly şa döwletlerini- Hytaýy, Parfiýany, Rim birleşdirilen beýk ýüpek ýolunuň ugrundaky möhüm çatrykda ýerleşmek bilen, onuň iň uzyn bölegini öz gözegçiliklerinde saklapdyrlar. "Parfiýanyň patyşasy Miridat II dünýäniň, şol bir wagtyň özünde Gündogaryň beýik döwleti bolan Hytaý şonuň ýaly-da , Günbataryň äpet şa  döwleti bolan Rim döwleti bilen gatnşyk saklan ilkinji hökümdarydy". Alymyň Parfiýa zikgesiniň (drahma) bütindünýä alyş-çalyş serişdesi bolup hyzmat edendigi, Nusaý atlaryny ýetişdiren Parfiýalylaryň dünýäde ilkinji bolup jigitçiligi ýola goýandygy baradaky pikirleri hasam gyzyklydyr. Ö.Gündogdyýewiň tas 500 ýyl diýen ýaly dowam eden Parfiýa şa döwletiniň zamanasyny türkman halkynyň gadymy taryhyndaky "Altyn asyry" hasaplamak bolar diýen netijä gelýär.

"Aşgabat-Ärsagabat" ("Aşgabat" sözüniň döreýşi hakynda) atly III bapda awtor paýtagtyň ady barada şu wagta çenli dürli ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan öňe sürülen garaýyşlary derňemek bilen, Aşgabadyň Parfiýa şasy Ärsagyň adyndan gelip çykandygy baradaky öz pikirini delillendirýär. Alym orta asyr çeşmelerinde Parfiýalylara Aşkanylar, nesilşalygyň başynda duranlara Ärsag I bolsa Aşk I diýlip atlandyrylandygyny belleýär. B.e.öň II asyrda ýaşan grek geografy Isidor Harakskiý : "Ärsag I Asaak şäherinde patyşa diýlip yglan edildi we şu ýerde hem baky ot saklanýar" diýip ýazypdyr. Awtor grek dilindäki "Asaak" sözüniň ýoýolyp Gündogarda "Aşk " diýlip atlandyrylýandygyny, Asaak şäheriniň öz adyny Ärsag I adyndan alandygyny, sebäpli onuň paýtagt Nusaýa göçüp barmazdan öň şu ýerde tagta çykandygyny, mahlasy, bu sözüň "Asaak – Ärsagabat-Aşgabat" ösüş ýoluny geçendigini ýazýar (35-37 sahypa).

Kitabyň “Aşgabat- Parfiýanyň şäheri” diýlip atlandyrylan IV babynda Aşgabadyň we onuň töweregindäki arheologiýa ýadygärliklerine häsiýetneme berilipdir. Awtor Parfiýa şalygynň paýtagty, 43 sany diňi bolan Mirhdatkert (köne Nusaý) galasyndan tapylan, toýun bölekleriniň ýüzüne ýazylan 2500 sany resminmalrdaky obalaryň atlarynyň Aşgabadyň töweregindäki häzirki obalaryň atlary bilen esasan gabat gelýändigini ýazýar (Kaşi-Köşi, Ýaýseme-Ýasmansalyk, Bürüzmetan-Büzmeýin we ş.m) kitapda diňe Aşgabadyň çäginde häzire çenli ýüze çykarylan, Parfiýa zamanasyna gedişli 20 sany arheologiýa ýadygärliginiň käbiri hakda gyzkly maglumatlar getiripdir. Meselem, Gökgala – 1 diýlip şertli atlandyrylan gala Aşgabadyň iň uly galasy bolup, ol Türkmen Politehniki institutynyň binalarynyň golaýynda ýerleşipdir. Onuň 7 sany minarasy bolupdyr. Parfiýalylaryň ikinji bir uly galasy bolan Könegala I edil Köşiniň merkezinde ýerleşipdir. Taryhçy Aşgabadyň Parfiýa zamanynda kuwwatly berkitme bolandygyna, onuň daşyny kärizler ulgamynyň gurşandygyna, bişirilen toýundan edilen turbalardan edilen suw geçirijileriniň bardygyna ünsi çekýär.

Kitabyň indiki baby Aşgabadyň orta asyrlaryndaky taryhyna bagyşlanypdyr. Awtor Muhammet Nesewä salgylanmak bilen, 1221-nji ýylda Nusaýyň golaýynda Jelaletdiniň ilkinji gezek mangol basybalyjylarynyň goşunundan üstün çykandygyny ýazýar. Bu bapda Nusaý welaýatynyň ýaşaýjylaryndan düzülen harby bölüminiň Nedir şa Owşaryň Kawkaza (1744 ý) we Garahytaýlylaryň üstüne eden ýörişlerine (1746ý ) gatnaşandygy hakda gyzykly maglumat beripdir. Kitabyň iň uly altynjy baby “Aşgabadyň XIX –XX asyrlardaky taryhynyň sahypalary” diýlip atlandyrylypdyr. Bu bapda taryhçy Ö.Gündogdyýew “Aşgabat 1881 ýylda esaslandyrylypdyr” diýen resmi netijäniň hakykata laýyk gelmeýändigini çeşmeleriň üsti bilen subut edýär. Baryp 1850-ýylda rus çeşmelerinde Aşgabadyň ady 43 sany galanyň

sanawynyň içinde “Iskabat ” ady bilen peýda bolupdy. Rus barlagçysy Stebnitskiý 1871 ýylda özüniň “Türkmenistan hakyndaky ýazgylarynda” Aşgabady Hywa we Eýran bilen söwda işini alyp barýan şäher hökmünde häiýetlendiripdir. Ol : “Aşgabat... şäher diýip atlandyrylýar, ýöne onda berkitme hem bar. Aşgabatda... 4 müňe çenli öý bar” diýip ýazypdyr. Taryhçy Ö. Gündogdyýew rus çeşmelerindäki şu maglumatyň hem Aşgabadyň şäher diýlip düýbüniň tutulan senesiniň 1881 ýyldygy baradaky netijäniň esassyzdygyny görkezýändigini ýazýar. Awtor taryhy maglumatlardan ugur almak bilen , 1881 ýylda şäheriň ösüşinde diňe bir nobatdaky tapgyryň başlanandygyny belleýär we görkezilen senäni Aşgabat şäheriniň esaslandyrylan senesi hökmünde hasap etmek bolmaz, sebäbi Aşgabadyň ýaşy 2müň 500 ýyldyr diýen netijä gelýär.

Awtor Zakaspi demir ýolunuň çekilmegi bilen Aşgabadyň sebitiň söwda, ykdysady merkezleriniň birine öwrülendigini, baknalyk ýyllarynda paýtagtymyzyň gözgynly ýagdaýy, 1948 ýylyň elhenç ýer titremesiniň pidalary hakda gürrüň berýär. B.e. I asyrynda ýaşan grek geogrofy Strabona salgylanmak bilen, Parfiýa döwründe hem şeýle elhenç ýer titremesiniň bolandygyny ýazýaz.

Kitabyň “Aşgabat-Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň paýtagty” atlandyrylan jemleýji babynda Garaşszylyk ýyllarynda ýurdumyzda alnyp barylýan milli binagärçilik we şäher gurluşyk syýasatynyň bnetijesinde paýtagtymyzyň tanalmaz netijesinde özgerendigi aýdylýar.

Awtor Garaşsyzlyk ýyllarynda paýtagtymyzda gurulan dolandyryş, durmuş-medeni hajatlara niýetlenen binalar, senagat kärhanalary, aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi, Aşgabady gür baglyga büremek barada edilýän işler dogrusynda birin-birin durup geçýär.

**Mahmyt Gaznalynyň beýik ykbaly.** Ilkinji gezek arap dilinden türkmen diline geçirilip neşir edilen täze kitap

“Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy” eserini döreden Abu Nasir Muhammet bin Abdyljepbar Utby Mahmyt Gaznalynyñ kätibi bolup, beýan edilen wakalaryñ köpüsiniñ gözli şaýady bolan şahsdyr. Ine, şonuñ üçin-de X-XI asyrlara degişli bolan bu gymmat bahaly golýazma türkmen halkynyñ hem-de tutuş musulman Gündogarynyñ taryhyny öwrenmekde-de ygtybarly çeşmedir. Bu kitapda şol gadymy döwürdäki durmuş baradaky gyzykly we ozal giñden mälim bolmadyk maglumatlar, köp sanly harby ýörişleriñ jikme-jik beýan edilmegi, galyberse-de, soltanyñ özi diñe bir taryhçylarda däl, eýsem okyjylarda-da uly gyzyklanma döredýär.

Soltan Mahmyt Gaznaly geçmişde milli taryhymyzda uly yz galdyran meşhur adamlaryñ biridir. Ol tutuş musulman dünýäsinde ajaýyp oý-pikirleriñ tarapdary hököminde hem-de yslamy ýaýratmakda we goramakda uly iş bitiren adam hökmünde şöhrat gazandy.

Ýörişleri gurap, köp sanly ýurtlary eýelän bu ajaýyp serkerde kuwwatly, rowaçlyk gazanan döwleti döretmegi başarypdtr. Ol öz döwründe sowatly adam bolup, birnäçe dilleri suwara bilipdir. Onuñ hökümdarlyk eden ýyllarynda medeniýet, ylym we sungat ösüşe eýe bolupdyr. Hut Mahmyt Gaznaly öz döreden döwletiniñ paýtagty Gazna şäherinde ýokary mekdebi esaslandyrypdyr. Bu ajaýyp hökümdaryñ buýurmasy boýunça meşhur Ferdöwsi özüniñ “Şanamasyny” ýazypdyr. “Şanama” Ferdöwsä şöhrat getiripdir. Gaznalynyñ hökümdarlyk eden döwründe köp sanly köşükler, metjitlar gurlupdyr, suwaryş ulgamlary geçirilipdir.

**“Akgoýunly türkmenleriniñ taryhy”.** “Akgoýunly türkmenleriniñ taryhy” II jilt atly kitap Türkmenistanyñ Milli medeniýet “Miras” merkeziniñ neşir eden eserlaerniñ biridir. Bu kitaby gadymyýetiñ meşhur alymy we edebiýatçysy Abu Bekir Tährany ýazypdyr. Bu kitap Akgoýunly türkimenleriñ-Oguzhanyñ agtygy Baýyndyryñ nesilleriniñ döwletiniñ taryhyny we medeniýetini öwrenmekde iñ ygtybarly çeşmeleriñ

biri hasaplanýar. Häzir täze kitabyň esasyny düzýän bu gymmatly golýazma Yragyň Basra şäherindäki Muhammet Eminiň kitaphanasynda saklanylýar. Bu kitaphana ençeme ýüz ýyl mundan ozal yslam Gündagarynyň iri ylmy we medeni merkezi bolupdyr. Mälim bolşy ýaly, XIV-XV asyrlaryň sepgidinde ýaşan we döreden Abu Bekir Tährany bu eseri Akgoýunly döwletiniň meşhur hökümdary Uzyn Hasanyň tabşyrygy boýunça ýazypdyr. Eserde hökümdarlar, serkerdeler bilen baglanşykly birnäçe gyzykly wakalar, durmuş däp-dessurlary we ş.m. beýan edilýär. Onda getirilýän anyk maglumatlar taryhçylarda uly gyzyklanma döredýär. Abu Bekir Tähranynyň bu eseri pars dilinden türkmen diline ilkinji gezek terjime edildi.

**Reşideddin Watwat we onuň işleri.** Ylymdar ynsanlardan biri bolan Könürgenç türkmen döwletiniň köşgünde uly hormatdan peýdalanan Reşideddin Watwat arap we pars dillerindäki diwanlaryň, şygyr sungaty hakdaky kitaplaryň, ýokary çeperçilik bilen ýazylan namalaryň ussady hökmünde edebiýat taryhynda örän meşhurdyr. Arap, pars çeşmelerinde ýiti sözlüligi, dilewarlygy bilen at alan bu şahyr hakynda, onuň ömür beýanyny we eserleri hakynda gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. Olardan Ýakut Hamawanyň (1179-1229) “Mugjamul udaba”, AlaýeddinAta Jüweýniniň (1283-nji ýylda wepat bolan) “Taryhy jahanguşa”, Abdyrahman Jamynyň (1414-1492) “Baharystan”, Zekeriýýa Kazwininiň (1203-1283) “Asarul bilat”, Döwletşa Samarkandynyň (XV asyr) “Tezkeretuşşuara” (1487) ýaly kitaplaryny ýatlamak bolar.

Reşideddin Watwat Atsyzyň köşgünde 30 ýyllap işleýär. Watwat köşüde işlänem bolsa ol Zamahşara ýazan hatynda özüniň Horezime gelşi hakynda bu ýere “Allanyň goňşusynyň goňşusy”, ýagnay, Zamahşarynyň goňşusy bolmak üçin gelendigini aýydýar. Şu kitapda hem Watwatyň

Zamahşara ýazan hatlaryndan biri ýerleşdirildi. Şol hatda hem şahyryň Zamahşara bolan uly hormatyny görmek bolýar.

Reşideddin Watwat hökümdaryň diwanynyň başlygyderejesine çenli wezipä ýetipdir. Köşükde işlän döwründe Watwat iki gezek köşükden çetleşdirilmek ýagdaýyna duçär bolupdyr. Ýöne ol her gezek ugruny tapyp, öňki derejesinde galmagy başarypdyr.

Watwata degişli maglumatlarda onuň örän ulumsy, dili duzly, dilewar, ýöne ýiti zehinli adam bolandygy bellenilýär. Ol hut dili zerarly öz duşmanlaryny köpeldipdir, ýöne ýitiligi bilen kyn pursatlarda halas bolmagy hem başarypdyr. Şahyr hakyndaky degişmelerde-de onuň ýiti sözlüligi görünýär.

Arap we pars dillerini suwara bilen Reşideddin Watwat bu dillerde köp sanly ajaýyp eserleri bize goýup gidipdir. Şolaryň 21 sanysynyň ady belli bolup, ondan 19 sanysy biziň döwrümize gelip ýetipdir.

Şahyryň eserleriniň köpüsi Könürgenç türkmenleriniň hökümdary Atsyza we onuň ogullarydyr agtyklaryna bagyşlanyp ýazylypdyr. Şahyr hemişe-de Atsyzyň güýçli goldawyny duýup durypdyr. Watwat özi hem ýaş şahyrlary, alymlary öýüne çagyryp, olara mydama goldaw berip durupdyr.

Watwat "Resmi hatlar" kitaby hem meşhur kitaplaryň biridir. Kitapdaky hatlar, esasan, Könürgenç türkmenlariniň hökümdarlaryna, has takygy, Atsyzyň agtygy soltan Mahmyda degişli hatlardyr. Bu hakda Watwat eseriň girişinde şeýle belläpdir. "Men Şa Muazzam Alym Adyl Muýeýit Muzaffar Mansur diniň we dünýäniň beýik ynsany, yslamyň we musulmanlaryň täji, şalardyr soltanlaryň iň beýigi, döwletiň sütini, melletiň parlak ýyldyzy, ymmatyň buýsanjy, älemiň nur saçýan güni, ýeňilmezek şa Abyl Kasym Mahmyt ibn Mälik Il-Arslanyň edýän işlerini görüp, onuň resminamalaryny jemlemegi ýüregime düwdim. Goý, Allatagalla onuň ömrüni uzak, işini rowaç, abraý-derejesini belent etsin, şäherlerini

gülledip ösdürsin, raýatlaryñ şatlygyna rysgal döwletiniñ çägi bolmasyn! Pajarlap ösýän ägirt uly döwletine buýsansyn, kakasynyñ, atasynyñ eden döwletli işlerini dowam etdirsin, eden işlerinde ata-babalarynyñ geçen ýolyna salgylanyp tejrebe toplasyn, soñky nesline ýagşy ýol salgy bersin we ýagşy ýatlamalar galdyrsyn. Bu hatlary ýazan dilewarlaryñ dilewary, ähli kätipleriñ şasy, magryp we maşrykda uly abraýa eýe, dile çeper Horosanyñ täji Reşideddin Abubekir Muhammet ibn Muhammet Abdyljelil Omary Balhydyr”.

Bular jemi 112 sany hatdan ybarat bolup, olaryñ köpüsi Könürgenç türkmenleriniñ hökümdarlaryna degişli hakyky resminamalardyr. Hatlaryñ belli bir bölegi Bagdat halypasyna we onuñ wezirlerine ugradylan hatlardyr. Bulardan başga-da ýerli häkimlere, belli şahsyýetlere ýazylan hatlar bar. Reşideddin Watwat bu hatlary 1156-1173-nji ýyllaryñ arasynda ýazypdyr.

Reşideddin Watwatyñ bu hatlary diñe bir Könürgenç türkmenleriniñ hökümdarlarynyñ ýa-da şahyryñ öz durmuşuny däl eýsem XII asyrdaky türkmen durmuşyny, onuñ syýasy, ykdysady we medeni taraplaryny has giñişleýin öwrenmekde-de örän ähmiýetli we ygtybarlr resminamalardyr.

**§3. Beýik Gakynyş we täze özgertmeler zamanasynda türkmen taryhyny öwrenmek bilen baglanyşykly geçirilen ylmy maslahatlaryñ maglumatlary taryhy çeşme hökmünde.**

Gadymy türkmen topragynyñ geçmiş taryhy –medeni ojaklara baýdagy dünýäniñ arhelog –taryhçy alymlary tarapyndan ykrar edilen hakykatdyr. Türkmen topragynda dörän ilkinji medeniýetiñ gözbaşy daş asyryna baryp ýetýär. Adamzadyñ ilkinji oturymly ekerançylyk we maldarçylyk ojaklarynyñ türkmen topragynda dörändigini ylmy taýdan subut edildi. Ilkinji ekerançylyk merkezi hasaplanylýan Jeýtun medeniýetiniñ türkmen topragynda ýerleşendigi, bu ýerde geçirilen gazuw –agtaryş işlerinde galla däneleriniñ we

eldekleşdirilen jandarlaryň süňkleri, şeýle-de orak we kätmen ýaly ekerançylyk gurallarynyň tapylan galyndylary hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Umuman, Jeýtun medeniýeti türkmen topragynda Ănew, Marguş, Köneürgenç, Nusaý we Maşat-Misirýan ýaly adamzat taryhynda uly yz galdyran medeniýetleriň döremegine sallançak bolup hyzmat edipdir. Şu zatlary göz öňünde tutýan Hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary esasynda 2009-njy ýylyň sentýabyr aýynyň 15-16-sy aralygynda “Gadymy Jeýtun dünýäniň irki ekerançylyk medeniýetiniň ojagydyr” atly halkara ylmy maslahaty geçirildi. Şeýle maslahatlaryň hatarynda “Täze Galkynyşlar zamanasy we Dehistanyň gadymy taryhy” atly halkara ylmy maslahatyny (2008-nji ýylyň awgust aýynyň 27-29-y), “Nusaý dünýä medeni ösüşiniň gadymy ojagydyr” atly halkara ylmy maslahatyny (2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 5-7-si), “Türkmen topragy gadymy medeniýetleriň we siwilizasiýalaryň ojagydyr” (2008-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-3-i), “Medeni miras –dünýaniň medeni we ruhy Galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi” (2008-nji ýylyň mart aýynyň 14-15-i), “Gündogar Türkmenistanyň mirasy orta asyr medeniýetleriniň ulgamynda” (2010-njy ýylyň mart aýynyň 10-12-si) atly halkara ylmy maslahatlaryny almak bolar. Bu ylmy maslahatlarda edilen nutuklaryň gysgaça beýanlary çap edildi.

Beýik galkynyşlar we özgertmeler aýýamynda türkmen halkynyň medeni mirasyny öwrenmeklige hem aýratyn üns berilýär. Muňa mysal hökmünde türkmen bedewleri bilen baglanyşykly meseleleriň ylmy taýdan öwrenilişini almak bolar. Täze galkynyşlar eýýamynda müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan maddy we ruhy baýlyklarymyzy, taryhy-medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek ýoluna düşildi. Çydamly we owadanlygy bilen özüne cekiji ahal-teke atlarynyň döreýşini- kemala geliş gözbaşyny, türkmeniň geçmişde, gündelik ýaşaýyşynda atlaryň tutýan orny

we beýleki meseleleri ylmy esasda öwrenmeklige bagyşlanylan halkara ylmy maslahatlary geçirildi.Şeýle halkara ylmy maslahatlaryñ biri Türkmen bedewi we dünýäniñ seýisçilik sungaty" ady bilen 2009-njy ýylyñ 20-26 -nji aprelinde geçirildi. Bu halkara ylmy maslahatda Täze Galkynyş zamanasynda türkmen bedewiniñ şöhraty, Dünýä seýisçilik sungatynyñ ösüş-geçmişi we häzirki zamandaky ýagdaýy, Türkmen seýisçilik sungaty, aýratynlyklary, atlary ýetişdirmegiñ usullary, Türkmenistanda atçylygy ösdürmegiñ maddy-tehniki esaslary we bu ugurdan beýleki meseleler baradadünýäniñ alymlary ylmy çykyşlar etdiler,pikir alyşdylar.

Türkmen bedewine bagyşlanylan "Türkmen bedewi we dünýäniñ seýisçilik sungaty" atly II halkara ylmy maslahaty 2010-njy ýylyñ 22-24-nji aprel aralygynda geçirildi. Ikinji halkara ylmy maslahatda-da dünýaniñ alymlary türkmen bedewiniñ döreýşinde başlap häzirki günlerimize çenli geçen ýoly we beýlekiler barada ylmy çykyşlar etdiler. Halkara ylmy masdlahatda edilen nutuklaryñ gysgaça beýanlary çap edildi.

**Beýik Gakynyş we täze özgertmeler zamanasynda türkmen halkynyñ beýik şahsyýetleriniñ ylmy esasda öwrenilişi.**

Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ tagallalary bilen türkmeniñ baý edebi we taryhy mirasy gaýtadan dikeldilýar, türkmeniñ beýik şahslarynyñ atlary ebedileşdirilýär. Türkmen halkynyñ taryhda yz galdyran beýik şahsyýetleriniñ geçen durmuş ýollary, ylmy döredijilikleri hemme taraplaýyn öwrenilýär. Muña Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ 2008-nji ýylyñ sentýabyr aýynyñ 4-6 –sy aralygynda "Nejmeddin Kubra we Gundogaryñ ruhy-medeni dünýäsi"atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara iberen gutlagynda: "Bu gün türkmen jemgyýetinde ähli ugurlar bilen birlikde, halkymyzyñ medeni geçmişi, taryhy-ruhy mukaddeslikleri hem täzeden galkynýar.

Bu Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanamyzyň talabydyr. Şöhratly taryhymyz, milli medeni mirasymyz, danyşment alymlarymyzyň adamzada miras goýan ylmy taglymatlary häzirki galkynýan türkmen jemgyýetiniň täze ideologiýasynyň binýady bolmalydyr. Taryh –medeni geçmişe, beýik alymlarymyzyň gymmatly miraslaryna şeýle garaýyş biziň döwlet syýasatymyzyň esasy ileri tutýan ugrydyr.” diýmegi hem şaýatlyk edýär.

Dünýä ylymynýň taryhynda Horezimiň guwanjy, Allanyň goňşusy, Allama –ýagny,köp ugurly alym ýaly abraýly lakamlary göteren Abylkasym Mahmyt ibn Omar ibn Muhammet 1075-nji ýylyň mart aýynyň 19-na, çarşenbe güni gadymy türkmen topragynyň uly Zamahşar obasynda – häzirki Yzmykşirde dünýä inýär.

Zamahşary başlangyç sowady kakasyndan alypdyr. Metjidiňymamy bolan Omar öz ogluna okap- ýazmagy öwredýär. Ol takwa, dini-ygtykadyna mäkäm, arassa ahlakly bir adam bolupdyr.

Dürli ýerlerde ylym alan Mahmyt Zamahşary dini ylymlar (hadys, tefsir, kelam we ş.m.), dil (grammatika, leksikografiýa), edebiýat, mantyk (logika), geografiýa ýaly ylmyň dürli pudaklary boýunça işlän köpugurly- ensiklopedist alym bolupdyr. Şonuň üçin 2007-nji ýylyň maý aýynyň 23-25-i aralygynda “Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy –edebi galkynyşy” atly halkara ylmy maslahaty geçirilýär. Şular bilen birlikde 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 13-15-ne ”Abusagyt Abulhaýyr-Gündogaryň beýik akyldary”, 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 21-22-ne “Mahmyt Kaşgarly türkologiýa ylmyny esaslandyryjydyr”, 2009-njy ýylyň iýun aýynyň 17-19-y aralygynda “Baýram han we Mogollar şadöwleti”, 2009-njy ýylyň fewral aýynyň 25-27-si aralygynda “Muhammet Gaýmaz türkmen- gündogaryň meşhur alymy”, 2010-njy ýylyň aprel aýynyň 8-10-y aralygynda “Mollanepes we XIX asyr türkmen durmuşy” atly halkara ylmy maslahatlary geçirildi. Bu ylmy

maslahatlarda ady agzalan şahsyýetleriñ döredijilikleri dünýäniñ dürli ýurtlarynyñ alymlary tarapyndan giñişleýin ylmy esasda öwrenildi. Bu şahsyýetlere bagyşlanylan ylmy maslahatlara gatnaşan alymlaryñ, ylym adamlarynyñ nutuklarynyñ gysgaça beýanlary çap edildi. Olar geçmiş taryhymyzy öwrenmekde özbolyşly çeşmedir.

Watan taryhy öwrenilende belli bir derejede bolsa-da döwürleýin metbugatyň materiallaryndan hem peýdalanylýar. Häzirki zamanda döwürleýin metbugatyň materiallary örän baý we zerur taryhy çeşmeleriň biri bolup hyzmat edýärler. Türkmenistanda döwürleýin metbugat XIX asyryň ahyrynda döreýär. Ilkinji türkmen dilindäki gazýet 1915-nji ýylda çykyp başlaýar. Sowet döwründe gazýet-žurnallar örän köp tiražda türkmen, rus, özbek, gazak, buluç dillerinde çykarylypdyr. Garaşsyz Türkmenistanda gazýet-žurnallar, türkmen, rus, iňlis dillerinde çap edilýär. Olardan Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşy barada giňişleýin materiallary almak bolar.

Häzirki zaman wakalary barada taryhy derňewleri geçirlende, ýokarda agzalan çeşmelerden başga radio we teleýaýlym arkaly berilýän habarlary hem ulanmak mümkindir.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurtda almyp barylýan içeri we daşary syýasatyň durmuşa geçirilişi, onda bar bolan öňe gidişlikler, kemçilikler, säwlikler Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, esasan “Diýar”, “Gurbansoltan eje”, “Türkmenistanda ylym we tehnika”, “Saglyk” we beýleki žurnallar, “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Turkmenistan”, “Edebiýat we sungat”, “Beýik Türkmenbaşy nesli”, “Adalat”, “Türkmen dili”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary” “Syýasy söhbetdeş” ýaly gazýetler örän köp we giňişleýin maglumatlary berýärler. Türkmenistanyň edaralarynyň, kärhanalarynyň resminamalary, döwlet arhiwlerinde saklanýar. Olaryň hemmesi bileleikde

Garaşsyz Türkmenistanyn taryhyny dogruçyl beýan etmäge doly mümkinçilik berýärler.

## §4. Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynyñ taryhy çeşmeleri.

**Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ylmy işleri taryhy çeşme hökmünde.**

Türkmenistanyñ Prerzidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ “Türkmenistanyñ dermanlyk ösümlikleri” atly fundamental ylmy işdir. Maglumatlaryñ öran köpligi sebäpli, bu kitap fitoterapiýanyñ ensikoplediýasy diýip atlandyryldy. Döwlet baştutanynyñ kitaby örän uly ähmiýete eýedir. Buýygyndy köpýyllyk ylmy işiñ netjesi bolmak bilen, fitoterapiýa dünýäsine çuññyr aralaşmaga ýardam edýär. Fitoterapiýa lukmançlygyñ öran möhüm ugurlarynyñ biri bolup, onuñ taryhynyñ köklrri müñýyllyklara aralaşyp gidýär. Gadymy döwürlerde adamlar vösümlikleriñ melhemlik güýjini açypdyrlar we olary dürli keselleri bejermek üçin ulanylypdyr. Häzir halk tebipleri tarapyndan asyrlaryñ dowamynda toplanan wenesilden-nesle geçirilen tejribe diñe bir öz ähmiýetini saklap galmak bilen çäklenmän, eýsem, ol häzirkizaman ylmynda we tejribesinde giñden ulanylýar.Bu neşirde dermanlyk ösümlikleriñ ýüzlerçesi beýan edilipdir we häsiýetlendirilipdir.Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ täze kitaby köp sanda, üç dilde – türkmen,iñlis we rus dillerinde çap edilen ýygyndy daşary ýurtly okyjylara türkmen halkynyñ baý medeni mirasynyñ möhüm ugurlarynyñ biri bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär.Kitapda örän köp ylmy we gözýetimiñi giñeldýänpeýdaly maglumatlar, şol sanda melhemlik içgileri taýýarlamagyñ ressepitleri, dermanlyk ösümlikleriñ atlarynyñ türkmen-rus-latyn sözligi,olary ýygnamagyñ senenamasy we beýlekiler bar.

Hormatly Prezidentimiziň öz halkyna peşgeş beren “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary”

diýen kitaby hem gönüden-göni ýurdumyzda adam saglygyny goramak meselesine bagyşlanandyr. Bu kitapda soňky ýyllarda ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda gazanylan üstünlikler barada gymmatly maglumatlar bar.

“Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary” diýen kitapda saglyk döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi bilen baglanyşykly ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurulýan dünýä ülňülerine laýyk gelýän, sagaldyş enjamlary bilen üpjün edılen, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş we saglygy goraýyş merkezleri,hassahanalar,halkyň saglygyny dikeltmäge kömek edýän şypahanalar,olarda alnyp barylýan işler barada jikme-jik maglumatlar berilýär.

Türkmenistanyň horhatly Prezidentiniň “Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy ”atly kitaby onuň “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary”diýen kitabynyň dowamy bolup,onda döwletimiziň ileri tutýan ugurlary, olaryň ösüşi,raýatlarymyzyň Altyn asyrda çekýän joşgunly zähmeti, ýaşlarymyzyň hyjuwly okuwy, ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýy beýan edilýär. Döwletiň şol ileri tutýan ugurlary halkyň saglygyny goramak, geljekki nesilleriň aladasyny etmek,ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyk bilim almaklaryny gazanmak,ýurduň ykdysady kuwwatyny artdyrmak we onuň halkara abraýyny ýokary götermek bolup durýar.Ylym,bilim,ylmy-tehniki ösüş, tehnologik täzeleniş,saglyk syýasaty bilen berk baglanyşyklydyr.Ýurdumyzyň ykdysady binýadyny pugtalandyrmak, halkyň abadançylygyny üpjün etmek,ylymda,bilimde özgertmeleri amala aşyrmak döwletiň içeri syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr.

Garaşsyzlygymyzyň 17 ýyllyk şanly senesiniň uly tutumlar bilen toýlanýan gününde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ahalteke bedewi –biziň buýsanjymyz we şöhratymyz” atly kitaby diňe bir halkymyz

üçin däl, eýsem külli türkmen milleti üçin ajaýyp baýramçylyk sowgady boldy.

Täze galkynyş eýýamynyň bezegi bolan ahalteke atlary barada ajaýyp kitapda berilýän maglumatlar biziň bedewlerimize bolan buýsanjymyzy ýene bir ýola artdyrdy. “Beýk Galkynyşyň simwoly”, “Taryh şaýatlyk edýär”, “Gadymy türkmen topragynyň nurly Gününiň astynda”, “Tebigat bilen sazlaşykly”, “At türkmen üçin ähli zatdyr”, “Gowudan gowy”, “Sportda täze belentliklere tarap”, “Naýbaşy ahalteke bedewleri”, “Atçylyk sportuny söýüjä gollanma” atly 9 bölümden ybarat bu kitapda at baradaky maglumatlaryň hataryna halkymyzyň akyl eleginden geçen parasatly pikirlerine-de aýratyn orun berlipdir. “Atym bar- ganatym bar”, “Ýüwrük atyň bahanasy bolmaz”, “Atyň ady uly, düýäň- dabany”, “Agaç ekeni biler, at- bakany” diýen ýaly pähimler bedewiň geçmişde-de buýsanç hem şöhrat baýdagy bolandygyny aňladýar. Ady şan-şöhrata beslenen bedewlerimiz hakdaky uly göwrümli, çuň mazmunly we ajaýyp suratlar ýerleşdirilen “Ahalteke bedewi- biziň buýsanjymyz we şöhratymyz” atly kitabyň ýene bir aýratyn tarapy, ol hem bu kitabyň atçylyk sportuny söýýänler üçin gymmatly gollanma bolmagydyr.

Hormatly Prezidentimiziň saýlanan eserleriniň “Ösüşiň töze belentliklerine tarap” atly kitabynyñ I jildi 2009-njy ýylda çapdan çykdy. Bu eserde 2007-nji ýylyň senenamasy jemlenipdir.

“Ösüşiň täze belentliklerine tarap” atly kitaba Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýyldaky eden maksatlaýyn çykyşlary, gutlaglary, halk-hojlygynyň iri desgalarynyň açylyş dabaralarynda sözlän sözleri, makalalary, interwýulary hem-de milli baýramçylyklar we döwletiň durmuşyndaky möhüm ähmiýetli wakalar mynasybetli halkymyza ýüzlenmeleri girizilipdir. Onda tutuş döwrüň taryhynyň, şöhratly Galkynyşyň geçen bir ýyllyk ýolunyň söhbedi edilýär. Bu eserdäki wakalara

diňe bir biz däl, eýsem jahandaky ähli ynsanlar dahyllydyr. Çünki, wakalar türkmeniň hoşniýetli gatnaşyklary bilen utgaşyp gidýär. Hormatly Prezidentimiz BMG-nyň belent münberinden tutuş dünýä üçin uly bähbidi bolan wajyp meseleler dogrusynda söz sözleýär. Türkmeniň ynsanperwerlikliörelgeleri goldaýandygyna şaýatlyk edýän dünýä ýüzünde parahatçylyk, dostlukly goňşyçylyk gatnaşyklary barada çuňňur manyly gürrüňler edýär.

Şundan kön wagt geçmänkä, Türkmenistan BMG-nyň öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit boýunça Merkezi öz işine başlady.

Hormatly Prezidentimiziň energiýa howpsyzlygy barasynda, şol mahal aýdan sözleri hözirki döwürde dünýä ýurtlarynyň işewürlerini döwrüň wajyp talaby hökmünde oýlandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowýñ halkyñ hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen içeri we hoşniýetli daşary syýasatynyñ maglumatlary çeşme hökmümde.**

**Ylym-bilim.**

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdyň Prezidenti wezipesine saýlanan gününden beýläk iň ilkinji ädimlerini ýurtda ylym-bilim berliş, onuň okuwçylar, talyplar tarapyndan özleşdiriliş derejesiniň dünýä ülňülerine laýyk getirilmegi ugrundan başlady. Hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän "Türkmenistanda bilim ulgamyny käilleşdirmek hakynda" Permany, "Bilim terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda" Karary, 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-ne Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet Uniwersitetinde geçirilen göçme mejlisinde kabul eden "Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň işi hakynda", "Türkmenistanda Ylym ulgamyny kämlleşdirmek hakynda" Kararlary we beýleki döwlet ähmiýetli resminamalary

ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny dünýä derejesine ýetirmäge ýol açýar. Şu resminamalarda mugallymyň iş ýüküni azaldyp, zähmet hakyny köpeltmek, orta mekdepleriň okuw möhletini 10 ýyla, Ýokary okuw mekdepleriňkini 5 hem 6 ýyla ýetirmek, Ylymlar Akademiýasynyň işini täzeden gurap, aspiranturalardyr dokturalar açmak ýaly meseleler öz beýanyny tapýar. Hormatly Prezidentimiziň il-günüň hal-ýagdaýyny, durmuş, ýaşaýyş şertlerini has-da gowulandyrmak öňe sürýän esasy ugurlarynyň biridir.

Pensiýalar, kömek pullaryny, oba-hojalyk önümleriniň döwlet tarapyndan satyn alyş bahasyny bellemek we köpeltmek ýaly anyk döwlet çäreleri şol ugruň diňe bir bölegidir.

**Saglygy saklaýyş.**

Beýik Galkynyş zamanasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow uly-uly ösüşlere, ajaýyp özgerişlere badalga berdi.

1995-nji ýylyň 21-nji iýulynda kabul edilen Saglyk döwlet maksatnamasy ilatyň saglygy baradaky aladany döwlet derejesine göterdi. Onda saglygy goraýşy ösdürmegiň, ýagny ony dünýä derejesine ýetirmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi. Sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmek hem-de ösdürmek, adamlaryň saglygyny berkitmek, ilkinji lukmançylyk kömegini, maşgala lukmançylygyny, kesel bejeriş we şypahana edaralaryny kämilleşdirmek, saglygy goraýyş ylmyny hem-de amaly işlerini özara utgaşdyrmak, saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki üpçünjiligini hem-de saglygy goraýşyň kanunuçylyk binýatlaryny berkitmek ýaly esasy wezipeleriň onlarçasy öňde goýulyp, olary 4 tapgyrda amala aşyrmak göz öňünde tutuldy.

Diýarmyzda 1995-1997-nji ýyllar aralagynda, ýagny ilkinji tapgyrda ýurdumyzda maşgala lukmançylygyny ornaşdyrmak, raýatyň meýletin saglyk ätiýaçlygyny girizmek ýaly derwaýys meseleler çözüldi. Hassahana orunlaryny rejeli peýdalanmak babatynda möhüm ädimler ädildi.

Ikinji tapgyr 1998-2000-nji ýyllary öz içine aldy. Onda saglygy goraýyş edaralarynyň täze , kämil, döwrebap ýagny, dünýä derejesindäki kämil görnüşlerini döretmäge girişildi. Türkmenistanyň saglygy goraýşyny ösdürmegiň döwlet gaznasy döredildi. Ýurdumyzyň Derman senagatyny mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen saglygy goraýşyň çeşmeleri giňeldildi.

2001-2004-nji ýyllary Saglyk döwlet maksatnamasynyň üçünji tapgyry hasaplanylýar. Ol döwürde saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini we netijeliligini has-da ýokarlandyrmak başartdy. Saglygy goraýyş ulgamynda esasy üns keselleri bejermäge däl-de olaryň öňüni almaga gönükdürilendir.

Dördünji tapgyrda, ýagny 2005-2010-nji ýyllar aralygynda Saglyk ätiýaçlandyrmasynyň ähliumumy hökmany görnüşine geçilmegi saglygy goraýyşda ykdysady usullary giňden ornaşdyrmak , keselleriň öňüni alyş çärelerini ýabaňlandyrmak hem-de saglygy goraýyş ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda yzygiderli ösdürmek wezipeleri ör boýuna galýar.

Saglky döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmekde paýtagtymyzda we welaýat merkezlerinde gurulan Saglyk ýollary uly ähmiýete eýe boldy. Halkymyz üçin zerurlyk ýüze çykanda öz saglyklaryny häzirki zaman dünýä derejesindäki täze usullarda bejerder ýaly Aşgabatda hem-de welaýat merkezlerinde giň döwrebap anyklaýyş we bejeriş merkezleriniň işe girizilmegi bu möhüm maksatnamanyň aýgytly ädimleriniň biridir.

Maksatnama laýyklykda täze Onkalogiýa, welaýatlaryň dördüsinde Ene mähri, Kelle we boýun agzalary kesellerini bejerýän merkezleriniň we beýleki wajyp desgalary guruldy.

**Beýik Gakynyş we täze özgertmeler zamanasynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyñ hoşniýetli daşary syýasatynyñ maglumatlary çeşme hökmünde.**

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki zaman dünýäsinde howpsuzlyk düşünjesiniň bir bitewiligine we bölünmezligine degişli düýpli täze düşünjäni esaslandyrdy, şonuň netijesinde giň halkara derejesinde gatnaşyklara etmäge netijeli çemeleşmeleri we onuň usullaryny kemala getirmek üçin ylmy – teoretiki we syýasy-hukuk esaslar döredilýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan beýan edilen täze ideýalar we başlangyçlar ýaragsyzlanmak hem-de köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýraylmazlygy babatda Bitarap Türkmenistanyň berk pozisiýasynyň aýdyň tassyklanmasydyr. Türkmen Lideri ähliumumy ýaragsyzlanmak, ýaraglary kemeltmek, olaryň ýaýradylçagyna garşy göreş alyp barmak meseleleriniň Global gün tertibine möhüm temalarynyň biri bolup galmagyny etdirýändigini nygtap, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagyň döredilmegi hakyndaky Şertnamanyň aýratyn möhümdigini belledi, muňa sebitiň ähli döwletleri tarapyndan 2006-njy ýylda gol çekildi we BMG-niň Baş Assambleýasy tarapynda makullanyldy. Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek hakynda BMG-niň üsti bilen halkara bileleşigi tarapyndan goldanylan, 2009-nji ýylyň 21-nji matynda güýje giren Şertnama ýadri ýaragynyň ýaýradylmazlygynyň düzgünini berkitmäge, ýadro energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin peýdalanmak , sebitde tutuş planetadan parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek boýunça hyzmatdaşlygy işeňňirleşdirmäge möhüm goşant boldy. Türkmenistanyň Merkezi Aziýanň beýleki döwlet bilen bu halkara şertnamasyny tassyklamagy ýurdumyzyň parahatçylygyň, durnukly ösüşiň we progresiň hatyrasyna Global ýaragsyzlanmak proseslerinde dünýä

bileleşigine hemmetaraplaýyn ýardam etmäge gönükdirilen daşary syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň ýolunda logiki hem-de yzygiderli ädim boldy.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2008-nji dekabrynda "Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty" hakyndaky Rezolýusiýasyny bir agyzdan kabul etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň energetika howpsuzlygy ulgamyndaky ideýalary, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň tekstine girizilen ýörelgeler bütin halkara bileleşiginiň meýillerine gabat geldi.

2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda 4 döwletiň baştutanlarynyň gatnaşmagynda gözbaşyny Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýän türkmen ýataklaryndan alýan "Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý" halkara gaz geçirijisiniň dabaraly ýagdaýda açylmagy bu babatda taryhy ähmiýetli waka boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu gaz geçirijisini häzirki zamanyň iň uly energetika tasalmalaryyň biri diýip atlandyrdy. Ýaňy-ýakynda iki ýurduň Liderleri tarapyndan ikinji şahasy dabaraly ýagdaýda açylan Türkmenistan –Eýran gaz geçirijisi ýaly, bu täsin desga hem XXI asyryň Ýüpek ýoluna öwrüldi we Aziýa yklymyndaky ýurtlaryň we halklaryň durnuklylygyna, abadançylygyna we ösüşine hyzmat eder.

Halkara jemgyýetçiligi Türkmenistanyň Lideriniň parahatçylygy , howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmak boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen daşary syýasy başlangyçlarynyň we teklipleriniň örän möhümdigine we öz wagtynda öňe sürlendigine oňat düşünýär. Täze Galkynyş eýýamynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasy başlangyçlary Bitaraplygyň, parahatçylygy söýüjiligiň we halkara arenasynda

döredijilik prosesine mümkinçilikleri doly derejesinde doly görkezýär we şunda Türkmenistan dünýäniň uly energetika döwleti hökmünde ýurtlaryň we halklaryň bagtyýar durmuşynyň hem-de abadançylygynyň hatyrasyna özüniň hoşmeýilli erk islegini durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň üçünji ongünlüginde ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine eden sapary, ol ýerde eden çykyşlary we duşuşyklary türkmen diplomatiýasynyň we daşary syýasatynyň giňden dabaralanylýandygynyň alamaty boldy. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň 62-nji sessiýasyna başlyklyk etmegi, dünýä diplomatiýasynyň merkezi bolan Birleşen Milletler Guramasynyň münberinde eden taryhy çykyşy Garaşsyz hem baky Bitrap Türkmenistan döwletiniň içeri we daşary syýasatynda öz halknyň we dünýä jemgyýetçiliginiň bähbitlerine doly gabat gelýän durnukly ýörelgesiniň bardygyny subut etdi. Hormatly Prezidentimiz şu syýasatyň esasy ugurlaryny we düýp mazmunyny dünýä jemgyýetçiligine açyp görkezdi. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda, şeýle hem Kolumbiýa uniwersitetiniň talyplarynyň, Rokfeller merkezinde işewür adamlaryň öňünde eden çuňňur mazmunly çykyşlarynda türkmen döwletiniň syýasatda, ykdysadyýetde we sosial sferada ileri tutulýan özgertmeleriň, halkyň durmuşyny düýpli täzeden gurmak babatda uly möçberli maksatnamalaryň mazmunyny düşündirdi. Türkmenistanyň halkara bileleşiginiň doly hukukly agzasy, umumydünýä siwilizasiýasynyň möhüm bölegi hökmünde halkara arenasynda işjeň hereket etmäge ukyplydygyny subut etdi. Hormatly Prezidentimiziň bu taryhy sapary, şeýle hem Belgiýa döwletine resmi sapary wagtynda Ýewropa bileleşiginiň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary we onuň netijeleri Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny has belende göterdi we berkitdi. Türkmenistanatyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assembleýasynyň wise- başlyklygyna saýlanylmagy bu dünýä

guramasynyň Aşgabatda Merkezi Aziýa boýunça BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasynyň sebitleýin merkezini döretmek hakynda karar kabul etmegi hem biziň döwletimiziň halkara abraýynyň belentliginden nyşandyr. Merkezi Aziýa boýunça prewentiw diplomatiýa merkeziniň dabaraly açylyşy 2007-nji ýylda geçirilen Bitaraplyk baýramynyň öňüsyrasynda boldy. Oňa dünýäniň 50-den gowrak wekilleri, şeýle hem Bütindünýä, regional we halkara guramalarynyň köp sanly wekilleri gatnaşdy. Häzir bu merkez doly güýjünde işläp başlady. Şeýle hem 2008-nji ýylyň başynda Aşgabatda "Ýewropa Öýi " açyldy. Bu merkez Garaşsyz Watanymyz bilen Ýewropanyň ösen ýurtlarynyň arasynda köptaraplyýyn gatnaşyklary giňden ösdürmäge we berkitmäge ýardam bermek maksady bilen Ýewrosoýuz guramasy bilen bilelikde döredildi.

Adamlaryňky ýaly, her halkyňam öz ykbaly bolýar. Onuň taryhynda daşgynlaram, gaýtgynlaram gabat gelýär, belli bir döwürde halkyň medeniýeti, sungaty, ylym-bilimi, ykdysady kuwwaty ýetjek derejesine ýetip, haýsydyr bir taryhy sebäplere görä bolsa ykbal ters gelip ugraýar. Döwletler synyp, ýurt tozmak bilen bolýar. Il-halkyň belli bir bölegi oňşugyny başga illerden, ýurtlardan gözläp ugraýar, beýleki halklara garyşyp-gatyşyp, mekan tutunýar.

Türkmeni halkyny hem ykbal eljiretmedi. Beýleki köp halklar ýaly, türkmenem uly göçler eýledi, il aşdy, täze ýurtlar tutundy.

Şeýle-de bolsa türkmen halky dünýä siwilizasiýasyna, genji-hazynasyna mynasyp goşant goşdy, onuň parasatly ogul-gyzlarynyň onlarçasy, ýüzlerçesi adamzat aňynyň häzirki derejesine ýetmeginde belli bir rol oýnady.

Ýedi asyrdan gowrak mundan öň döwleti synan türkmen halky Garaşsyzlygymyza çenli uzak ülkelerde ýaşaýan arkadaşlarymyz-a beýlede dursun, hatda bir uly ýurtda-beýleki

soýuz respublikalarda ýaşaýan türkmenler barada-da suwytly zat bilenokdy.

Daşary syýasatda uly abraýa eye bolan ýurdumyzda dünýä türkmenleriniň wekillerini bir supranyň başyna jemlemek niýeti bilen 1991-nji ýylyň maý aýynyň 18-inde dünýäniň on döwletinde ýaşaýan türkmenleriň wekilleri Türkmenistanyň paýtagty Aşgabada, Dünýä türkmenleriniň I Konferensiýasyna ýygnanyşdylar. Olaryň arasynda Eýrandan, Owganystandan, Siriýadan, Türkiýeden, Şwesiýadan, Şweýsariýadan, Germaniýadan, Angliýadan, Russiýadan, Özbegistandan we beýleki ýerlerden gelen myhmanlar bardy. Konferensiýada Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigini döretmek barada karara gelindi. Konferensiýa gatnaşan delegatlar Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Düzgünnamasyny kabul etdiler hem-de dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan türkmen doganlarymyza Açyk salamnama ýolladylar. Olar dünýä türkmenleri üçin “Türkmen sesi” atly gazeti, adybir teleradiogepleşikleri goýbermegiň zerurdygyna ünsi çekdiler.

Dünýä türkmenleriniň birinji konferensiýasyndan bäri sähel salymyň geçendigine garamazdan, arkadaşlarymyz bilen gatnaşyklaryň örüsi ep-esli giňedi. Türkmenleriň ilkinji forumyna dünýäniň jemi on ýurdundan wekiller gatnaşan bolsa bu gün daşary ýurtlaryň ençemesi bilen gatnaşyklar ýola goýuldy. Indi olardan ynsanperwer birleşige hat-habar, myhmanlar gelip dur. Türkmenistandan gidýän dürli delegasiýalaryň wekilleri hem daşary ýurtlarda saparda bolanlarynda, arkadaşlarymyz bilen duşuşmagy, olaryň hal-ýagdaýlaryndan habar almagy parz işleriň biri hasaplaýarlar. Bu işe Hormatly Prezidetimiz Gurbanguly Berdimuhamedow uly ähmiýet berýär. Hormatly Prezidentimiz daşary ýurtlara eden resmi saparlarynda şol ýurtlarda ýaşaýan arkadaşlarymyz bilen duşuşyp, olaryň hal-ýagdaýlary bilen gyzyklanýar, Türkmensitanyň hökümetiniň alyp barýan içeri, daşary hem-de

ykdysady syýasaty, halkymyzyň ýeten sepgitleri barada gürrüň berýär.

Türkmenistan bilen ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gyzyklanýandyklaryny mälim edipdiler. Bu işe daşary ýurtly türkmenler hem işjeň girişdiler. Olar eýýäm şärikli kärhanalaryň ençemesini açmaga ýetişdiler, zawod-fabrikleriň gurluşygyny alyp barýarlar. Daşary ýurtly işewür adamlaryň Türkmenistan bilen içgin gyzyklanmalary ýöne ýerden däldir. Ýurdumyzdaky durnukly syýasy ýagdaý, onuň ummasyz tebigy baýlyklary olary öz maýa goýumlaryny bu ýurt üçin işletmäge imrindirýär. Milletine dinine, etniki aýratynlyklaryna we däplerine garamazdan, ýurdumyzyň ähli raýatlarynyň eşretiniň hatyrasyna Türkmenistan öz döwletini gurýar, daşary ýurtlar bilen özara peýdaly gatnaşyklar ulgamyny döredýär, uzak möhletleýin syýasy ugry kemala getirýär. Ozal SSSR-iň düzümine giren ähli döwletler bilen pugta, deň hukukly we peýdaly gatnaşyklar ýola goýulýar. Türkmenistan şeýle hem Türkiýe, Eýran, ABŞ, Hytaý, Kuweýt, Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Ýaponiýa we beýleki ýurtlar bilen işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk baradaky maslahatyň çäklerinde Türkmenistan Günbatar ýurtlary bilen aragatnaşyklaryny giňeldýär.

Ynsanperwer birleşik türkmen halkynyň taryhyna degişli materiallary, edebi, medeni we aýdym-saz mirasyny toplamak boýunça hem iş alyp barýar. Onuň Ştab-kwartirasynyň işgärleri özleri bilen aragatnaşyk saklaýan ildeşlerine bu işde ýardam bermeklerini haýyş edip ýüz tutdular. Ştab-kwartiranyň hut öz işgärleri-de bu işe çynlakaý girişdiler. Olar alymlaryň, medeniýeti we sungaty öwrenijileriň gatnaşmaklarynda Aşgabat-Daşoguz ýolunyň ugruna, Stawropol ülkesiniň, Astrahan oblastynyň türkmen etraplaryna, Owganystana ekspedisiýalar guradylar, daşary ýurtlaryň ençemesinde boldular, “Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi”, “dünýä türkmenleri” diýen maglumat berijileri taýýarladylar.

Olarda toplanan materiallar halkymyzyň taryhyny öwrenmekde, onuň genji-hazynalaryny bir ýere toplamakda belli bir derejede rol oýnar.

Dünýä türkmenleriniň I Koferensiýasyndan bäri geçen döwürde halkymyzyň taryhyny, onuň ýer ýüzüne ýaýraýşyny öwrenmek boýunça belli bir işler edildi. Şu döwrüň içinde şu tema degişli kitaplaryň birnäçesi çap edilip, ilat arasyna ýaýradyldy. Olardan M.Aýdogdyýewiň “Araçägiň aňyrsyndaky arkadaşlar”, taryhçy M.Durdyýewiň “Dünýädäki türkmenler”, “Hytaý türkmenleri” kitaplaryny we beýleki neşirleri, aýratynda Birleşigiň “Türkmen sesi” gazeti, adybir teleradiogepleşikleri, “Diýar” žurnaly halkymyzyň köküni yzarlamaga, daşary ýurtly ildeşlerimiziň durmuşy bilen Türkmenistanyň ilatyny tanyşdyrmaga içgin üns berip başladylar.

Hormatly Prezidentimiz, Dünýä Türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri hem-de daşary syýasaty dünýä ýüzünde türkmen halkynyň abraýyny ýokary götermäge, nirede ýaşaýandygyna garamazdan, türkmen ady dakylan her bir adama öz ata-babalarynyň Watany bolan Türkmenistan bilen pugta aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik bermäge gönükdirilendir. Daşary ýurtly arkadaşlarymyzyň ençemesine Türkmenistanyň raýatlygynyň berlendigini, islendik döwletde ýaşaýan türkmenleriň ata-baba watanlaryna gelmäge mümkinçilik alandygyny, türkmenleriň Türkmenistanda bilim almaklary üçin ýeňillikleriň berlendigini, goňşy döwletleriň köpüsinde “Türkmen sesi” teleradiogepleşiklerini diňlemek we olara tomaşa etmek üçin şertleriň döredilendigini we beýlekileri hem şu zatlar bilen düşündirmek bolar. Mahlasy, bu gün türkmen biri-birini tanamaga, dogan hökmünde gatnaşmaga mümkinçilik aldy.

**Toponomika-** dil hakyndaky ylym, dil bilimi, toponimika (belli bir ýeriň geografik atlarynyn jemi)

**Eposlar**-halk döredijiginiň uly göwrümli hem-de boýdan başa gahrymançylykly eserlerine epos diýilýär. Hadysalar, wakalar, söweşler has aýdyň, has giň, köp epizodly görkezilýär. Eposda köp waka, köp adam, uzak döwrüň ýaşaýşy jikme-jik suratlandyrylýar.

**Rowaýatlar**-durmuşda bolup geçen bir taryhy waka, şahs bilen baglanyşykly erteki häsiýetli hekaýa rowaýat diýilýär. Rowaýatlar öz mazmuny boýunça dürli-dürli bolýar. Rowaýatlarda beýan edilýän şahs hadysa hemişe diýen ýaly durmuşdakysyndan ulaldylyp,üýtgedilip ýa-da fantastik görnüşde berilýär.

**Eposlar-**halk döredijiligi adamzadyň ilkinji döwürlerinde, ýagny sözüň döwründe, ýa-da giçki paleolit döwründe döräpdir diýip çak edilýär. Halk döredijiligi ilki bada adamyň zähmet prosesi bilen baglanşykly bolup, adamlaryň hyzmatdaşlygyny sazlaşdyrmak üçin ritm hökmünde ulanylypdyr we şahyrana horeografik –tans sungaty görnüşde ýüze çykypdyr.

## Peýdalanylan edebiýatyñ sanawy

1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. Tom I. – Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
5. Täze galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy. – 2007-nji ýyl. – Aşgabat, 2008.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.
8. Abdysetdar Kazy. Jeňnama. Tekeleriň uruş kyssa kitaby.- Aşgabat.1994.
9. Ballyýew A. Türkmen halkynyň iň gadymy we gadymy Taryhyndan. Çärjew,1993.
10. Baýramsähedow A. Gündogaryň beýik danalary – Aşgabat,1992.
11. Berdiýew G. Sowet Türkmenistany Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941-1945 ýý.) Aşgabat, 1990.
12. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Türkmenistanlylaryň söweşjeň we zähmet edermenlikleri. (1941-1945 ýý.) (Ýatlamalar ýygyndysy) I jilt. Aşgabat, 1988.
13. Durdyýew M., Kadyrow Ş. Dünýädäki türkmenler. (taryhy demografik syn).-Aşgabat, 1991
14. Dünýä türkmenleriniň gumanitar birleşigi.-Aşgabat.

1993.
15.Dünýä türkmenleri. (Doly takyklanmadyk ylmy maglumatlar).-Aşgabat, 1994.
16. Fazlalla Reşideddin. Oguznama. Aşgabat, 1990.
17. Hojageldiýew N. Skobelew milli gahrymanmy ýa-da...? –Aşgabat, 1991
18. Genri de Gulibef de Blokwil. Türkmenleriňkide ýesirlikde.- Aşgabat, 1992.
19. Gullaýew N. Gadymdan galan nusgalar.-Aşgabat,1986.
20. Görogly. Aşgabat, 1980.
21. Gorkut ata. Aşgabat, 1990.
22. Gökdepe galasyndaky söweş. Aşgabat, 1991.
23. Gapurow M.G., Roslýakow A.A., Annanepesow M. Baky doganlyk. Aşgabat, 1984
24. Kulyýew G. Güljemal han.-Aşgabat, 1988
25. Magtymguly hakynda rowaýatlar.-Aşgabat, 1958.
26. Mak Gahan. Gazawat urşy
27. Nedir şa hakyndaky rowaýatlar.-Aşgabat,1992.
28. Öwezbaýew S. Gönibek.-Aşgabat, 1991
29. Sarianidi W.I. Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy.-Aşgabat, 2003
30. Sarianidi W.I. Goňurdepe. Şalaryň we hudaýlaryň şäheri. -Aşgabat, 2005.
31. Mämmedow M. Baktriýanyň we Margiananyň gadymy binagärçiligi.-Aşagabat, 2003.
32. Rejebow P. Esger şöhraty. Aşgabat, 1984.
33. Türkmenistan SSR-iniň taryhy,t.1,k.1,-Aşgabat, 1959.
34. Türkmenistan.-Aşgabat, 1996.
35. Tugan-Mürze Baranowskiý. Ruslar Ahal-tekede. 1879.-Aşgabat 1993.
36. Ylýasow A. Seýitnazar Ýüzbaşy.-Aşgabat, 1994
37. Hamawy M. Mansuryñ taryhy Türkmenistanyñ milli medeniýet “Miras” merkezi.-Aşgabat, 1994

38. Tährany A. “Akgoýynlylaryñ taryhy” I j. –Aşgabat, Türkmenistanyñ milli medeniýet “Miras” merkezi .- Aşgabat, 1994
39.Tährany A. “Akgoýunly türkmenleriñ taryhy” I j. – Aşgabat, 2004
Türkmenistanyñ milli medeniýet “Miras” merkezi .- Aşgabat, 1994
40. Ŷazyjy ogly A. ”Seljuk tirkmenleriñ taryhy” I-II j. – Aşgabat, 2004
Türkmenistanyñ milli medeniýet “Miras” merkezi.- Aşgabat, 1994
41. Utby M. ”Soltan Mahmyt Gaznalynyñ taryhy” Türkmenistanyñ milli medeniýet “Miras” merkezi .- Aşgabat, 1994
42. Türkmen taryhynda döwlet meselesi (gadymyýet we orta asyrlar). 1997-nji ýylyň iýun aýynyň 26-27-sine geçirilen ylmy konferensiýanyň materiallary. Makalalar ýygyndysy.-Istanbul/Türkiýe, 1998.
43. Türkmen halkynyň gelip çykyşynyň, dünýä ýaýraýşynyň we onuň döwletiniň taryhynyň problemalary. Halkara ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. -Aşgabat. 1993
44. Арабо-персидские источники по истории тюркских нарадов-Фрунза .- Ишим,1973.
45. Алиханов-Аварский М. Поход в Хиву (Кавказских отрядов) 1873 года.Спб., 1899
46. Аннанепесов М. Укрепление русско-туркменских взаимоотношений в XVIII-XIX вв. Ашхабад, 1981.
47. Алиханов-Аварский М.Поход в Хиву (Кавкасских отрядов) 1873 года. Спб. 1899.
48. Бируни А.Р. Памятники минувших поколений- Избр.произв.-Ташкент, 957.

49. Бертельс Е.Э. Литературное прошлое туркменского народа (от древнейших времен до XVIII в). Совет эдебияты, 1944, №9-10.
50.Березин И.Н. Сборник летописей. История монголов. Сочинение Рашид ад-Дина. // Труды восточного отделение Руского археологического отделения. Т Т. V, VII, VIII, XV.
51. Гродеков Н.И. Война в Туркмении. СПБ., 1883
52. Гродеков Н.И. Хивинский поход 1873 года. Действия кавказских отрядов. Спб., 1883
53. Григорян С.Н. Из истории философии Средней Азии и Ирана VII-IX вв, М.,1960.
54. Григорян В. Армянские первоисточники о туркменских государственных объединениях Кара коюнлу и Ак коюнлу. // Туркмен архиви, 1997. № 1-2
55. Источниковедение истории СССР – М, 1973.
56. Избранные произведения мыслителей стран Ближнего и Среднего Востока – М, 1961.
57. Иакинф. История первых четырех ханов из дома Чингизова. Санкт-Петербург. 1829.
58. Иоанн де Картени. История монголов. Вильгельм де Рубрук. Путешествие в восточные страны. М., 1957.
59. Источниковедения истории СССР. Т. 1, М., 1940.
60.Жирмунский В.М. Народный героический эпос.М.,1962.
61. Жирмунский В.М. Сравнительное литературоведение Востока и Запада.-Ленинград, 1979.
62. Каррыев А. и др. Очерки туркменского народа и Туркменистана в VIII-XIX вв. А., 1954.
63. Крачковский И.Ф. Арабская географическая литература.-избр.соч.,т.4, М.-Л., 1957.
64.Лобысевич Ф. И. Описание Хивинского похода 1873 года. Спб. 1898
65.Марко Поло. Путешествие. Л., 1940.

66.Материалы по истории Туркмен и туркмени. Том I, изд. АН СССР, 1939.
67. Материалы по Истории Туркмении и туркмен-т.1-2, М-Л, 1938-1939.
68. Очерки истории туркменского народа и Туркмении,-Ашгабад, 1954.
69. Очерки истории философской и общественно-политической мысли в Туркменистане - Ашгабад, Ылым, 1972.
70. Патканов К.П. История монголов по армянским источникам. Вып. 1-2, С-Пб, 1873-1874.
71. “Присоединение Туркмении к России Сб архивных документов”.- Ашхабад, 1960
72. Туркмены Зарубежного Востока. А., 1993.
73. Терентьев М.А. История завоевания Средней Азии. Т.2 Спб. 1906
74. Тихомиров М.Н. Присоединение Мерва к России. М., 1960
75. Beýhaki (ibn Funduk) A.H.A. Tarihi Beýhak. Tehran 1938
76. Gardizi, Abu Saad Abu al-haý ibn Zahhak ibn Mahmud. Kitab Zeýn al-Ahbar. Tehran 1915 g.h. Berlin 1928
77. Samani Abu al-Karim ibn Muhammed. Kitab al Ansab. London. 1902
78. Nizam al Mülk. Syýasatname. Moskwa-Leningrad, 1949, Aşgabat, Ruh 1998
79. Mukaddes Ruhnama – Täze müňýyllygyň pelsepesi. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. -Aşgabat 2007.
80. M.I.Kubasow, A.A.Kubasowa. Подвиг и трагическая судьба князя А.Черкасского.-А. 1992 г.

## MAZMUNY


Giriş.........................................................................7-12

I BAP. ÇEŞMEŞYNASLYK YLMYNYÑ USULYÝET WE NAZARYÝET ESASLARY

§1. Taryhy çeşmeleriñ görnüşleri...................................12-18

§2. Türkmenistanyň taryhy boýunça çeşmeleriň görnüşleri we olaryñ aýratynlyklary......................18-25

§3. Türkmen halk döredijiligi ýurdumyzyň taryhy boýunça çeşme hökmünde..........................................25-29

§4. Türkmenistanyň taryhynyň iñ gadymy döwrüniň taryhy çeşmelerde we ylmy işlerde beýan edilişi..................................................................29-33

II BAP. ORTA ASYR TÜRKMEN DÖWLETLERİNİÑ TARYHY ÝAZUW ÇEŞMELERINDE

§1. Türkmenistanyñ taryhynyñ VII-IX asyrlaryna degişli taryhy çeşmeler..............................................33-40

§2. Türkmen-seljuk imperiýasynyň döreýşi we ösüşi taryhy çeşmelerde..................................................40-52

§3. Köneürgenç türkmenleriniň döwleti taryhy çeşmelerde..............................................................52-56

§4. Türkmen halkynyñ mongol basybalyjylaryna garşy göreşi barada taryhy çeşmeler.............................56-58

§5. Gündogar ýurtlarynda türkmenleriñ döreden döwletleri barada taryhy çeşmeler......................58-63

III BAP. TÜRKMEN HALKYNYÑ DURMUŞ-YKDYSADY WE SYÝASY ÝAGDAÝLARYNYŇ TARYHY ÇEŞMELERDE BEÝAN EDILIŞI

**§1. Türkmen halkynyň XVI-XIX asyryñ birinji ýarymyndaky durmuşy baradaky taryhy çeşmeler....63-81**
**§2. Türkmenistanyñ taryhy boýunça XIX asyryñ ikinji ýarymy – XX asyryñ 90-njy ýyllaryna çenli bolan döwürde ýazylan taryhy çeşmeler.......................................81-107**

**IV BAP. BEÝIK GALKYNYSLAR WE TĂZE ÖZGERTMELER ZAMANASYNYŇ TARYHY ÇEŞMELERDĂKI BEÝANY**

**§1. Garaşsyzlyk ýyllarynyñ taryhy çeşmeleri.........107-112**
**§2. Türkmenistanyñ Milli medeniýet “Miras” merkezi we Türkmenistanyñ Türkmenbaşy adyndaky Milli golýazmalar institutynyñ çap eden kitaplary ylmy çeşme hökmünde...........................................112-128**
**§3. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowýñ halkyñ hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen içeri we hoşniýetli daşary yýasatynyñ maglumatlary çeşme hökmümde........................................................128-133**
**§4. Beýik Gakynyş we täze özgertmeler zamanasynda türkmen taryhyny öwrenmek bilen baglanyşykly geçirilen ylmy maslahatlaryñ maglumatlary taryhy çeşme hökmünde...................................................................133-146**
**Peýdalanylan edebiýatyñ sanawy……………..147-152**